Waldemar Zorn

# Nuruň çagalarynyň taýpasy



Waldemar
ZORN

# NURUŇ ÇAGALARYNYŇ TAÝPASY

Waldemar Zorn
*Nuruň çagalarynyň taýpasy*
ISBN 978-966-2089-43-1

©2010 «Gündogardaky yşyk»

©2020 Türkmen neşiri üçin
Bu kitap, tekst üýtgedilmese,
erkin göçürilip we paýlaşylyp bilner

# Sözbaşy

*Bu kitap — adamlar jennetden kowlanlaryndan soň olaryň nähili ýaşandyklary baradaky janly hem gyzykly hekaýatdyr. Biz bu barada näme bilip bileris? Ol dünýä az sanly taýpalar üçin çendenaşa uludy. Bilinmeýän zatlar gaty köpdi, öňde köp zatlary açmaklyk we etmeklik durdy. Häzirkizaman alym arheologlar gadymky şäherleriň galyndylaryny seresaplyk bilen gazanlarynda, olar guran adamlaryň hem yzlaryny tapýarlar. Käwagt binalar gurlanda ulanylan we gadymky adamlaryň ulanan predmetleri, ýasalyş sungaty haýran galdyrýar. Paleontologlar mamontlaryň hem dinozawrlaryň galyndylaryny, agaçlaryň hem-de şol döwürlerde ýaşan mör-möjekleriň, adamlaryň we öý haýwanlarynyň daşa öwrülip giden galyndylaryny tapýarlar. Adamzat nesliniň gysgajyk taryhy solan kinolentanyň köne bölekleri ýaly bolup, göz öňüňden geçip gidýär. Bu dymma şaýatlyklary diňe dogry, köre-körlüksiz düşündirmek gerek. Kitabyň wakalary, ýabany tebigat bilen asla göreşmän, eýsem, onuň bilen sazlaşykda ýaşamaga dyrjaşan, Ýaradanyň ilkibaşda tebigatda döreden zatlaryndan iň bolmanda nämedir bir zady saklamaga synanyşan, gaty gyzykly başdan geçirmeleri bolan adamlaryň gadymky döwürlerini täzeden dikeldýär. Bu powestde, biri-birine garşydaş ýaly bolup görünýän köp zatlara düşündiriş berilýär. Mysal üçin, arheologlar häzirki zamandaka gaty meňzeş paltalaryň we «demir asyryna» — düýbünden başga, has ösen eýýama — mahsus bolan beýleki gurallaryň ýanlarynda «daş asyry» diýilýän döwrüň predmetlerini (çakmak daşyndan ýasalan pyçaklary we oklaryň uçlaryny) tapanlarynda şeýle görünýär.*

*Ol dünýä biziň häzirkizaman dünýämize asla meňzeş däldi. Ol wagtlar Ýer zyýanly zatlardan, käwagt hem, kosmosyň adam öldürýän şöhlelerinden, suwuň galyň gatlagy bilen ygtybarly örtülip goralandy*

*(ýada salyň, hemme zat ýaňy-ýakynda ýaradylypdy, Reb hem, Ýerdäki ýaşaýşyň aladasyny gowuja edýärdi-de, ony suwuň galyň gatlagy bilen goraýardy). Mukaddes Kitapda: «Hudaý: "Suwlaryň aralygynda gümmez bolsun we ol suwy suwdan bölüp aýyrsyn!" diýdi. Şeýdip, Hudaý gümmez ýaratdy. Ol gümmeziň astyndaky suwy ýokarsyndaky suwdan bölüp aýyrdy. Hudaý gümmezi asman diýip atlandyrdy. Şeýdip, gije geçip, daň atdy. Bu ikinji gündi» (Gelip çykyş 1:6–8) — diýilýär. Ýerde tekiz, ýumşak klimat bardy. Gazaply sowuklar we ýakyp-ýandyrýan jöwza ýokdy. Ýagyş hem ýagmaýardy… «ýöne ýeriň astyndan suw çykyp, ol tutuş ýeri suwarýardy» (Gelip çykyş 2:5–6). Bu täsin, hiç zada meňzemeýän dünýädi. Ýerde äpet agaçlar, hemişe ýaşyl öwsüp durýan otlar we kyrkbogunlar ösýärdi. Ullakan guşlar agaçlaryň üstlerinde höwürtge gurýardylar, olar adamlara gijelerine nirede gowy hem howpsuz ýerleşip biljekdiklerini aýdýardylar.*

*Mähnet teneçirler, bir metrlik ýukajyk ganatlaryny pasyrdadyp, uçýardylar. Dinozawrlar iýmit gözläp, az suwly ýerlerde ýaltalyk bilen aýlanýardylar. Hemme zat boldy. Biziň öýümiz bolan Ýer täzejedi we tagamly miwelerden hem suwluja otlardan doludy. Suw arassa hem durudy. Ony aşgazan keseline uçraryn diýip howatyrlanman, islän ýeriňden içip bolýardy. Bu jennet diýen ýalydy, …ýöne onçakly oňa meňzeş däldi.*

*Mukaddes Kitapda bu barada juda az ýazylypdyr. Biz arheologlaryň ýygnan maglumatlaryny ulanyp, bary-ýogy birnäçe müň ýyl mundan ozal ýaşajyk Ýerde ýaýbaňlanan şol durmuşy diňe göz öňüne getirip bilýäris. Eýýäm ilkinji şäherleriň köp galyndylary tapyldy. Olaryň biri, Ýerde ilki bolup, doganyny öldüren Habylyň gurup başlan şäheridigi gürrüňsiz. Kitapda şekillendirilen şäher onuň özüne meňzeşdi: gussalydy, porsudy. Ondaky adamlaryň hemmesi, eýmenç günä özleriniň hem dahyllydyklaryny*

*görkezýän ýaly, ýüzlerinde tegmil göterip ýörýärdiler. Ol döwürlerde dürli adamlar ýaşadylar. Käbirleri Hudaýyň ýaradan zatlaryndan lezzet alyp, olaryň şekillerini gowaklaryň diwarlarynda şekillendirdiler; başga birleri bolsa, ganhorluk gurallaryny kämilleşdirdiler we öz doganlaryny gul etjek bolup, olaryň kastyna hakykatdan çykdylar. Siziň eliňizdäki kitapda, ýüzlerine gara reňk çalan Kabylyň nesilleriniň we diri hem söýýän Hudaýa tagzym eden Samyň nesilleriniň (Nuruň çagalarynyň) nähili ýaşandyklary suratlandyrylandyr. Olaryň käbirleri şäherler gurdular, tokaýlary çapdylar we metal eretdiler — bir söz bilen aýtsak, siwilizasiýany döretdiler.*

*Tokaýlarda hem gowaklarda ýaşan beýleki taýpalar Kabylyň nesillerinden asla ejiz däldiler, tersine, olar güýçlüräkdiler hem çydamlyrakdylar, ýöne olar nurly hem töwerekdäki zatlaryň hemmesini Ýaradana tagzym etme ýoluny saýlapdylar. Olaryň ýaşululary hemme zat başgaça bolan döwür barada olara gürrüň berdiler, şonuň üçin olar uzak ýaşaýanlaryň tabşyryklaryna wepaly bolmak üçin jan çekdiler. Olar şol Nuruň uçgunjyklaryny aýawly sakladylar we özlerini özleriniň «siwilizasiýaly» doganlaryndan goradylar. Olar Gökdäki Atany ýatda sakladylar we Oňa tagzym etdiler hem-de özleriniň hilesiz dogalarynda hem dessurlarynda minnetdarlyk bildirdiler. Ýöne ýamanlyk eýýäm Ýeriň ýüzünde ýaýrap başlapdy.*

*Ýüzleri gara reňk bilen tegmillenen adamlar, edil Ýaradan Ýere, Özüniň kämil, ajaýyp hem gaýtalanmajak ýaradylyşyna seredeninde, «bütin dünýädäki adamzadyň betpälliginiň juda çökderdigini, olaryň kalbyndaky oý-pikirleriniň we niýetleriniň hemişe pislikden doludygyny, adamzady ýaradandygyna ökünýänini we ýürekden gynanýanyny» (Gelip çykyş 6:5–7) görerine öňünden taýýarlanýan ýaly, ony sahylyk bilen ekýärdi.*

*Nuruň çagalary mydama hüşgär bolmaly bolýardylar, olar hiç kimi öldürmek islemeýärdiler. Şonuň üçin kitabyň gahrymanlarynyň biriniň eline şäher ýaşaýjysynyň demir gylyjy düşende, ol ony gorky bilen zyňyp goýberýärdi. Ol adam öldürýän guraldy, şonuň üçin ol onuň bilen hiç hili iş salyşmak islemeýärdi. Rebden gaçýanlar we Ondan ýüzlerini bir gat gara reňkiň aşagynda gizleýänler bilen Rebbiň adyny çagyrýanlaryň arasynda hiç hili umumylyk bolup bilmez. Adamlaryň bu iki topary eýýäm şol wagtlardan, ilkibaşdan häzirki döwre çenli hem dowam edip gelýän iki pozisiýany alamatlandyrýar. Bular töwerekdäki zatlaryň hemmesiniň Reb tarapyndan ýaradylandygyna ynanýanlardyr hem-de ewolýusiýa, tötänligiň güýjüne we diňe öz güýjüne bil baglaýanlardyr.*

*«Siwilizasiýaly» adamlar özleriniň nesilbaşy atasy Kabylyň ýolundan ýöräp, bütin dünýäni Ýaradany unutmaga ýa-da Ol baradaky ýatlamalary ýoýmaga her dürli synanyşyklary etdiler. Bu kitap Ýeriň uzak geçmişdäki taryhy baradadyr. Ol tizara amala aşjak gaty uly hem pajygaly wakalaryň alamaty bolup durýar…*

*Ýeriň uzak dowam eden üç-dört müňýyllygy geçdi. Bu asyrlaryň dowamynda köp wakalar bolup geçdi, ýöne bu powestiň gürrüň berýän iman uçgunlary yzsyz ýitip gitmedi. Biziň Ýerimize ýene «ähli ynsanlary ýagtylandyrýan hakyky Nuruň dünýä gelen» (Ýohanna 1:9) şol beýik pursaty hem gelip ýetdi. Iki müň ýyl mundan ozal pygamberiň: «Garaňkylykda ýören halk beýik nury görer, ölüm kölegesi ýurdunda ýaşaýanlaryň üstünde nur parlar» (Işaýa 9:2) diýen sözleri ýerine ýetdi. Wagtyň dolulygy gelen wagtynda, Perwerdigär Özüniň beýik rehimi bilen ýene Ýere Özüniň ýaşaýyş beriji Nuruny, ýeke-täk Ogluny iberdi. Isa Mesih Özi hakda halka: «Men dünýäniň nurudyryn. Meniň yzyma eýeren garaňkylykda gezmez, onda ýaşaýyş nury bolar» (Ýohanna 8:12) — diýdi. Bu powest biziň gadym döwürlerdäki ata-babalarymyz, olaryň nähili ýaşandyklary, nähili duýgulary duýandyklary we nämä*

*ynanandyklary, nämä umyt baglandyklary hakyndadyr. Olar bize diýseň meňzeş bolupdyrlar, ýöne bu täsin zat däldir, sebäbi biziň hemmämizem bir Gökdäki Atanyň çagalarydyrys.*

Biologiýa ylymlarynyň doktory ***Igor Sawiç***,
*Sankt-Peterburg şäheri*
*2010-njy ýylyň 10-njy marty*

# Wajyp çözgüt

Günüň ilkinji şöhleleri derýanyň aňyrsynda gözýetimlere uzap giden tokaýdaky agaçlaryň depelerini ýumşaklyk bilen ýagtylandyryp başlanda, Wa gowakdan daşary çykdy. Ol duran ýerinde gerindi we edil ukynyň galyndylaryny öz üstünden silkip düşürýän ýaly, duran ýerinde kä bir aýagynda, käte beýleki aýagynda bökdi. Öçen oduň ýanynda oturan gijeki garawul garry Hel diňe başyny igençli ýaýkady-da, çalaja hykylap, gowaga girmek üçin ýerinden turdy. Onuň nobatçylyk etmeli wagty gutarypdy. Täze gün başlandy.

Wa ýodadan böküp çykdy-da, ertiriň çygyna örtülen otlara bürenen dag eňňidinden aşaklygyna ylgap gaýtdy. Ol göni kenardaky ullakan harsaň daşyň üstünden başaşaklygyna derýanyň duruja, arassa suwuna bökdi. Bu derýa olaryň

gowagynyň golaýynda bolup, ullakan ýylmanak daşlardan aýlag emele getirip durdy.

— Uf! — diýip, Wa buýra saçly kellesini suwdan çykaryp silkdi.

Hemişe bolşy ýaly, sowuk suw Wanyň ýüregini joşdurýardy-da, birnäçe pursatdan soň, onuň muskully bedenini täze güýçden doldurýardy, ýüregini bolsa, ýaşaýşyň şatlykly duýgularyndan ýaňa, ýylylykdan doldurýardy. Guşlaryň sesleri, derýanyň şaggyldysy, agaçlaryň şygyrdysy we derýanyň aşak ýüzündäki böwetlerden gelýän, endige öwrülen, birsyhly güwwüldi onda durmuşyň şatlygyny oýarýardy. Ol elleri birnäçe gezek aýlamaga ýetişmänkä, suwa onuň dostlary hem bökdüler-de, onuň ýanynda suwdan kellelerini çykardylar.

— Sen bizden sypjak bolduňmy? — diýip, sary saçly El sorady. — Ýa-da sen agşamky baýramçylykdan soň biz uzakly gün ýatarys öýtdüňmi?

— Onuň bize nebsi agyrandyr-da, oýarmak islän däldir — diýip, hemişe bolşy ýaly, Arun dostunyň tarapyny çaldy.

Ol güýçli ellerini birnäçe gezek aýlanda, olardan eýýäm aňyrraga ýüzüp gitmäge ýetişen Eliň ýanyna ýüzüp bardy-da, ýene beýlesine öwrüldi hem-de ony aljyradyp, onuň kellesini suwa çümdürdi.

Dostlar ýene birazajyk sowuk suwda ýüzdüler-de we şapyrdaşdylar-da, harsaň daşlaryň üstüne çykdylar we eýýäm daşlaryň ýylmanak üstüni gyzdyrmaga ýetişen Günüň ýyly şöhlelerine ýüzlerini tutup, olaryň üstünde süýndüler.

— Soňky aw örän şowly boldy — diýip, gür, çygdan ýaňa garalyşan ot ýaly gyzyl saçyny sykmak hem-de ony berk örmek üçin oturan El gürrüňi dowam etdirdi. — Awa gidende üç suguny öldürmek hemişe başa baryp durmaýar.

— Hawa, bu dogry. Hawa, baýramçylygam gaty gowy boldy. Danyň siziň ejeňiziň daşyndan aýlanyşyny sen gördüňmi? — diýip, Wa sorady we jogaba garaşman, sözüni dowam etdirdi. — Seniň kakaň ýasyny tutma günleri bireýýäm geçip gitdi. Onuň ýoklugyna gynanýaryn. Ol şeýle şadyýan hem güýçli adamdy.

— Indi bizde bir aýa ýeter ýaly ätiýaçlyk bar, biz uly balyk tutuşlyga taýýarlanyp başlap bileris. Olar tizara işbil taşlamaga gitmeli — diýip, uýasynyň gözýaşdan ýaňa gözleriniň garaňkyrap başlanyny aňan Arun sözi başga tema öwürdi.

— Ýörüň! — diýip, El ýeňillik bilen ýerinden böküp galdy-da, eňňitden ýokarlygyna ýöräp başlady. Ol ýerde gaýalaryň arasynda olaryň keseki gözlerden goralan gowagy ýerleşýärdi.

Şadyýan, ugurtapagan, syratly hem ýeňilaýak El Wanyň göwnüne ýaraýardy. Ol onuň mawy, käwagt hem, haýsy tarapdan seredýäniňe baglylykda ýaşyl bolýan gözlerine seredeninde, näme üçindir ýüregi jigläp gidýärdi.

Bu gyz ýaýdan peýkamy ondan erbet atmaýardy, agaçlaryň üstüne çykýardy we edil balyk ýaly ýüzýärdi. Ol entegem özleriniň taýpasynda birinji owadan aýal hasaplanylýan ejesinden ýa-da garry Helden, ýagny näçe ýaşanyny hiç kimiň aýdyp bilmeýän adamyndan, eşiden wakalaryny sagatlap gürrüň berip bilýärdi.

Wa Eli diňlemegi gowy görýärdi. Eliň sesiniň özi onuň ýüreginde çagalykdaky, Wanyň ejesiniň hem kakasynyň, oglan hem gyz doganlarynyň diri wagtyndaky tolgundyryjy wakalary oýarýardy. Şol wagtlar olar gowakda däl-de, deriden ýasalan ullakan çadyrda ýaşaýardylar. Olaryň taýpasy ýeňiljek kepbelerde ýa-da edil Wanyň maşgalasynyňky ýaly çadyrlarda ýaşaýardy.

Olar özlerini «Möjegiň taýpasy» diýip atlandyrýardylar, sebäbi, esasan hem, towşan, keýik we beýleki ownuk ýabany haýwanlary awlaýardylar. Olar mydama möjek derisinden geýim geýýärdiler we möjek derisinden edilen düşeklerde ýatýardylar. Şu ýerden hem olaryň taýpasynyň ady gelip çykýar.

Sugun awçylarynyň taýpasy, ýagny Eliň degişli bolan taýpasy, on ýyl mundan ozal täze aw ýerini gözlemek üçin gidip barýarka, harabaçylyga öwrülen bir obanyň üstünden barýar. Obanyň ýaşaýjylary özleriniň kepbelerinde öli ýatyrdylar, gije olaryň üstlerine çozuş edendikleri görnüp durdy. Şonda Wa diňe özüniň özünden dört ýaş uly oglan doganyna hiç zatdan gorkmaýandygyny we gijesini tokaýda geçirip bilýändigini subut etmek isländigi üçin diri galypdy. Ol ýaňy sekiz ýaşyndady, ýöne onuň bu pikirine ejesem, kakasam garşy çykmandy. Wa ýaşyna garamazdan batyrdy hem özbaşdakdy. Ol öz obasyndan juda uzaga gidende, özüne oňaýly boljak bir agajy tapdy. Ol leýlisaçyň çeýe çybyklaryndan äpet dubuň şahalarynyň arasynda özüne höwürtge edende, onuň içine girip, birneme köşeşeninde, eýýäm garaňky düşüpdi. Garaňky tokaý gijeki seslerden doldy,

şeýle golaý ýaly bolup görnen asman sansyz-sajaksyz ýagty ýyldyzlardan doludy.

Ol giç uka gitdi, şonuň üçin özleriniň obasyna ogrynça baran duşmanlary görmedi. Ol Gün ýaňy gyzaryp başlanda öýüne dolanyp baranda, ol ýerde sugun Awçylary taýpasynyň gözleg geçip ýören adamlaryny gördi. Olar eýýäm weýran edilen kepbeleriň ortasynda uly töwerek bolup duran meýdança ölüleriň hemmesini getirip goýupdylar.

Birnäçe erkek adam, ölen ýaşaýjylary jaýlamak üçin, tokaýyň gyrasynda ullakan çukur gazypdy.

Wa ýatanlaryň arasyndan ýüzleri ýokary edilip goýlan ejesi bilen kakasyny tapdy, olaryň gözleri gök asmana asuda hem gymyldysyz seredýärdi. Olar onuň hakydasynda şonuň ýalylygyna hem galdylar. Oglan hem gyz dogany öldürilenleriň arasynda ýokdy. Awçylar Wany görenlerinde, örän geň galdylar, sebäbi çozan adamlar çagalaryň, gyzlaryň we ýaş aýallaryň hemmesini ýesir edip alyp gidipdiler. Sugun awçylary garalary yzarlamakçy bolmadylar, ýöne adamlary şolaryň öldüren ganhorlardyklaryna hiç kim hem şübhelenmeýärdi. Şol gana suwsan zalym adamlaryň ellerinden ýesirleri almaga synanyşardan olar juda azdylar.

Olaryň ýüzleri gara reňke boýalandygy üçin taýpalaryň hemmesi olara «garalar» diýýärdiler. Olar Smolaly dagyň ýanynda ýaşaýardylar. Bu ýeri, hemmeleriň atlandyryşy ýaly, tokaýyň aňyrsyndaky Gündogara tarap köp günlük ýol bolup ýaýylyp ýatan sebitdi. Olaryň öz çagalary azdy, şonuň üçin goňşy taýpalarynyň

üstlerine çozup, çagalaryň hemmesini alyp gidýärdiler. Olaryň arasynda uzak ýaşaýan adamlaryň az sanlydyklary, özleriniň hem, örän zalymdyklary hakda myş-myşlar bardy. Olaryň özleri özlerini «Alamat taýpasy» diýip atlandyrýardylar...

— Siz nirä ýitirim bolduňyz? Ýene derýa gitdiňizmi? — diýip, Wa, El we Arun derýadan gelenlerinde, uzyn boýly sary saçly aýal sorady.

— Hawa, eje! Bu gün şeýle ajaýyp! — diýip, El hemmeler üçin jogap berdi-de, ejesiniň ýaňagyndan ogşady. Bu bolsa, onuň ejesiniň ýüzünde derrew uly ýylgyrşy döretdi-de, onuň iki hatar bolup duran ap ak dişlerini açdy.

— Berekella! — diýip, gowakdan çykan Dan ýaşlary goldady. — Li, her gün irden derýada ýüzýän adamyň hiç haçan syrkawlamaýandygyny sen bilýärsiň ahyry.

Gowagyň öňündäki giň daş ýolda birnäçe ot ýanyp durdy, sarymsagyň, gowrulýan täzeje etiň ysy gelýärdi, çagalaryň hem ulularyň, öz aralarynda gürleşip oturan gyzlaryň arasynda iki baka ýöräp, düýşlerini gürrüň berýän gojalaryň sesleri sebäpli, wagyrdy bolup durdy. Erkekleriň we ýetginjekleriň hemmesi garagulagyň, möjegiň ýa-da tilkiniň derisinden edilen bile daňylýan daňydadylar. Aýallar dyzdan ýokarrakda tikilen köýnege meňzeş ýeňsiz, ýaga ýatyrylan deriden edilen bir zat geýýärdiler. Olaryň käbirleriniň boýunlarynda balykgulaklardan ýasalan bezegler asylgydy. Möjege diýseň meňzeş bolan bir topbak it gowagyň girelgesinde ýatyrdy we guýruklaryny ýaltalyk bilen

bulaýardylar ýa-da irkilýärdiler. Şowly awdan soň olaryň hem gyrada galmandygy görnüp durdy.

Aýallaryň birnäçesi un taýýarlamak bilen meşgullanýardy. Olaryň käbirleri daş degirmenlerde däne üweýärdiler, beýlekileri bolsa, eýýäm otdan çykarylan daşlaryň üstünde çörek bişirýärdiler, täze bişen çöregiň başyňy aýlandyryjy ýakymly ysy töwerege ýaýraýardy.

Sugun Awçylary taýpasy uly däldi, çagalar bilen hasaplanda, olar ýüzden azajyk köpdi. Başgalardan saçlarynyň garalygy bilen tapawutlanýan birnäçe aýaldan başgasynyň hemmesi sary saçlydylar we uzyn boýludylar. Gara saçlylaryň Dag taýpasyndandygy, bu ýere durmuşa çykyp gelendikleri görnüp durdy. Uzak ýaşaýanlar goňşy taýpalardan aýal alanyň gowudygyny aýdýardylar. Uzak ýaşaýanlaryň özleri uzyn boýludylar we gür çal saçlydylar. Taýpada olar eslijediler. Uzak ýaşaýan aýallaryň saçlary uzyn bolup, olar saçlaryny kelleleriniň daşyna aýlap ýygnaýardylar, şonuň üçin olaryň kelleleriniň daşynda ak öwüşgin bar ýaly bolup durýardy. Uzak ýaşaýanlar başgalaryň hemmesiniň arasynda uly hormatdan peýdalanýardylar. Başga taýpalaryň hemmesi uzak ýaşaýanlar ýaşaýşyň hem ölümiň syrlarynyň hemmesini bilýärler, özleriniň taýpasynyň bütin ömrüni, adam nesliniň ýaradylyşdan bäri bolan ähli nesillerini ýatda saklaýarlar diýip pikir edýärdiler. Hiç kim, hatda, Or hem, öz ýaşan döwrüniň dowamynda äpet tüýlek mamontlaryň demirgazykdan günorta näçe gezek geçendigini aýdyp bilmeýärdi.

Üç sany uzak ýaşan adam — bir aýal bilen iki sany erkek kişi — ýanyp duran otlaryň biriniň ýanynda otyrdylar. Ol oduň üstünde ýogyn leýlisaç çybyklarynyň üstüne düzülip, gowrulýan ullakan et bölekleri bardy, bu ýerde olar öz aralarynda ýuwaşjadan gürleşýärdiler.

— Biziň taýpamyz juda uly, bäş-alty maşgalany aýyrmak üçin ýene bir gowak gözlemek gerek — diýip, iň hormatly uzak ýaşaýjy Or aýtdy.

— Häzir taýpany bölüp bolmaýar, örän howply wagt — diýip, aýaly Nua garşy çykdy — biziň içalylarymyz derýanyň aňyrky kenaryndaky tokaýyň içinde garalaryň yzlaryny görüpdirler. Olar islendik wagtda biz tarapda peýda bolup bilerler.

— Alamat taýpasyndan hiç kim hem ýüzüp bilmeýär, derýa bolsa giň. Eger olar derýanyň böwediniň aşak ýüzünden geçseler, onda olar derýanyň kenarynyň ýokarsy bilen ýokary galmaly bolýarlar, ol ýerde bolsa, bu dagyň aňyrsynda, uzyndişlileriň* ýanyndan gitmeli bolýarlar, olar bolsa, adamyň kimdigini eýýäm ýatdan çykardylar, şonuň üçin adamy aw edinmäge olaryň ýürekleri bulanyp durmaz.

— Bilmedim-dä, bilmedim-dä… — diýip, Or örän ynamsyzlyk bilen gürledi. — Biziň gowagymyz taýpamyz üçin juda dar bolýar. Barybir başgasyny gözlemeli bolýarys. Men mundan uly gowaga bütin ömrüme duş gelip görmedim. Ýadyňdamy, on ýyla golaý mundan ozal bize bu gowagy Beýik görkezipdi? Soňy bilen täze

---

* *Bu gylyç dişli gaplaňlara degişlidir.*

nesil döredip biljek ýaş esgerlerden birnäçesini gözlege goýbermek gerek diýip pikir edýärin…

— Sen Wa bilen Aruny köpden bäri göz öňünde tutýarsyňmy? — diýip, daş pyçak bilen bir bölek eti kesip alyp, ony adamsyna uzadan Nau seslendi.

— Hawa, şol iki ýigidi we Dany. Olaryň entek ýanýoldaşlary ýok, olar azat, batyr, güýçli we aw awlamakda tejribeleri bar, yzlaryň hemmesini okap hem-de tokaýyň ähli seslerine düşünip bilýärler — diýip, entegem berdaşly bolan elleriniň barmaklaryny yzly-yzyna gysyp aýtdy.

— Meni günüme goýsana! — diýip, El ite gaharsyz gygyrdy. Ol uzak ýaşaýanlaryň golaýynda durup, olaryň gürrüňlerini ünsli diňleýärdi.

It ýene bir gezek bökdi-de, Eliň ýüzüni ýalady, soň hem guýrugyny bulaýlap, beýleki oduň ýanynda duran Dan bilen Liniň ýanyna gaçyp gitdi.

# Wanyň taryhy

Şol gün agşam giň gowagyň içinde, hemişe bolşy ýaly, ullakan ot ýanyp durdy. Birnäçe sany uzak ýaşan adamlar bilen garry awçylar onuň daşynda otyrdylar. Awçylary göwresini tutuşlaryndan we uzyn saç ýaly edilip örülen uzyn ýeleklerinden tapawutlandyryp bolýardy. Olaryň hersiniň bilinde gaýyş gynlara salnan çakmak daşyndan ýasalan pyçagy bardy, käbirlerinde sapanlary bilen içi daşly kiçiräjik torbalary bardy. Şol daşlar, awçylar nämedir bir zat hakda has janygyp gürrüň berende, takyrdaşýardylar.

— Bolýar. Onda şeýle ederis. Gürleşdik — diýip, Or gürlemek islänleriň hemmesi pikirlerini aýdyp bolanlaryndan soň aýtdy. — Dan, Wa hem Arun derýanyň akymynyň ugruna aşaklygyna giderler, ýöne bäş günlük ýoldan uzaga däl. Derýadan ýarym günlük ýoldan uzaga hem gitmeli däl. Eger olar amatly gowak tapsalar, ol boş bolsa, onda ony başga bir haýwan eýelemez

ýaly, olar ol ýerde birnäçe gün ýaşarlar. Eger olar ýolbarsyň ýa-da aýynyň eýelän gowagyny tapsalar, onda gaýdyp gelerler, soňra gowagy boşatmaklary üçin on sany esgeri biz olaryň ýanyna goýbereris.

Olar gowagyň içindäki biri-birinden sugun derisinden ýasalan tuty bilen aýry edilen öz maşgalalarynyň arasyna darganlarynda, aýallar bilen çagalar deri düşekleriň üstlerinde eýýäm gowuja ýerleşipdiler. Käbir ýerde ýagdan edilen şem ýanýardy, olar sugun Awçylary taýpasynyň gije ýatan adamlaryna öçügsije ýagty berýärdi.

Közleri ýanyp gutaryp barýan oduň başynda diňe Or, onuň aýaly Nua, Dan hem Li galdy. Olaryň golaýynda Wa hem ýerleşipdi. Onuň maşgalasy ýokdy, şonuň üçin ol mydama esasy oduň ýanynda ýatýardy.

— Or, senden bir zat sorasam bolýarmy? — diýip, Wa beýlekileri bimaza etmejek bolup, ýuwaşja sorady.

— Hawa, elbetde. Ýaşlar bir zat bilmek isleseler, mydama begenýärin.

— Sen bir gezek bize adamlaryň köpüsiniň şäherlerde ýa-da obalarda ýaşaýandyklaryny gürrüň beripdiň. Meniň kakamyň taýpasy hem, obada ýaşaýardy. Näme üçin seniň taýpaň, başga-da köp taýpalar şäherlerde ýaşaman, gowaklarda ýaşaýarlar?

— Sen örän wajyp soragy berdiň, Wa. Oňa gysgajyk jogap bermek mümkin däl, ýöne men berjek bolaryn. Köp-köp ýyllar mundan ozal, ilkinji adamlary tanaýan adamlar ýaşan wagtlarynda, adamlar şäherleri gurup, meýdanlary özleşdirip we mal saklap başlapdylar. Ýöne adamlar baý ýaşap we doýup iýip başlanlary bilen gowulaşmadylar. Öz eli bilen işläp, öz maşgalasyny eklemegiň

deregine, galtamançylyk edip ýaşap başlanlar hem peýda boldular. Bir oba beýlekisiniň üstüne çozdy, bir taýpa beýlekisiniň üstüne çozdy. Galtamanlardan goranmak üçin adamlar, özlerine meňzeş adamlary öldürmek üçin niýetlenen ýiti ýaraglary oýlap tapdylar. Şäherlerde zorluk bilen azgynçylyk höküm sürüp başlady. Adamlar Beýigi ýatdan çykardylar, hatda öz elleri bilen ýasan zatlaryna-da doga edip başladylar…

— Sözüňi bölýänim üçin meni bagyşla, Or. Ýöne biziň taýpamyzda hem, seniň öwredişiň ýaly, irden hem agşam Beýige doga etmän, biziň awlaýan haýwanlarymyzyň ruhlaryna doga edýänlerem bar ahyry. Öňräk birnäçe esgeriň, anha, şol sugunlar bilen ýabany öküzleriň ruhlaryna gurbanlyk berip duranlaryny özüm gördüm — diýip, Wa gowagyň aňry başyny, ýagny diwaryň ýüzünde haýwanlaryň we öz taýpasynyň naýzalar bilen ýaraglanan esgerleriniň şekilleri çekilen ýerini görkezdi.

— Bu nadanlyk bolýar. Beýik — Ol akyl ýetirip bolmazakdyr, göze görünmezekdir. Şekillendirilen zatlar bolsa, adamlara has elýeter ýaly bolup görünýär. Men olara näçe gezek beýle etmeli däldigini aýtdym, ýöne olar öz gurbanlyklarynyň kömek edýändigini aýdyp garşy çykýarlar. Mysal üçin. Soňky günlerde örän şowly aw boldy. Şoňa käbirleri özlerine ýalbarmalary kömek edendir diýip hasap edýärler. Ýöne seniň soragyňa gaýdyp geleli…

— Bagyşla, Or, men seniň sözüňi böldüm…

Or Wa tarapa egildi-de, onuň gara buýra saçly kellesini sypalady:

— Beterinden saklasyn. Ine, şeýle, şäherde Beýik Atadan gorkýan adamlar galmady diýen ýaly bolanda, uzak ýaşaýan

adamlaryň käbirleri özleriniň maşgalalary bilen tokaýa gitdiler. Olar adamlaryň öz gabahat işleri üçin oýlap tapan zatlarynyň hemmesinden ýüz öwürdiler-de, biziň ilkinji ene-atamyzyň, kowulmazlaryndan öň, Bagda* ýaşaýyşlary ýaly ýaşap başladylar.

— Şonuň üçin biz eşigem deriden tikip geýýärismi? — diýip, Dan gürrüňe goşuldy.

— Hawa, şonuň üçin. Beýigiň Özi ilkinji adamlar üçin eşigi deriden edip berdi, şonuň üçin biziň ata-babalarymyz hem, şonuň ýaly eşigi geýme kararyna geldiler. Mundan başga-da, olar şäherleri gurman, ilkinji adamlaryň ýaşaýşy ýaly, tebigat bilen sazlaşykda ýaşama kararyna geldiler.

— Ilkinji adamlaryň haýwanlar bilen gürleşip bilendiklerini, haýwanlaryň hem, olara gulak asandyklaryny bize gürrüň berýärdiler — diýip, Wa Ora soragly seretdi.

— Hemmesi däl, ýöne haýwanlaryň köpüsi adamlara düşünipdirler, adamlar hem olara düşünipdirler. Ýöne biz şol doly sazlaşygy ýitirdik. Indi biz diňe haýwanlaryň, guşlaryň hem balyklaryň endiklerini we gylyklaryny öwrenmäge çalyşýarys — diýende, Oruň sesinde gussa eşidildi.

Or oda ýene birnäçe sany ýogyn oduny oklady welin, olardan uçgunlar atylyp çykdy-da, tüsse bilen bilelikde darajyk dereleriň aralaryna siňip gitdi, gowakdaky otlaryň tüsseleriniň hemmesi-de haýaljakdan şol ýere gidýärdi.

---

** Bu ýerde jennet, Erem bagy göz öňünde tutulýar.*

Birwagtlar Wa ýaňy taýpa bilen öwrenişip başlanda, ol tüssäniň nirä gidýänini we mundan kiçiräk ikinji gowagyň ahyryndaky gaýalaryň aňyrsynda nämäniň gizlenip durandygyny bilmegi örän isläpdi. Ol ýere diňe potologyň aşak ýüzündäki darajyk deşikden gysylyp geçip bolýardy. Wa muny etmegiň gadagandygyny entek bilmeýärdi, şeýle-de bolsa, Eliň kakasyndan gowuja temmi alypdy. Eliň kakasy ol wagtlar diridi we hemme zady uzak ýaşanlaryň çözýändigini hemmeler bilseler-de, taýpada ol serdar hasaplanylýardy.

Şonda serdaryň ogly Arun ilkinji gezek Wanyň tarapyny tutupdy. Şol wagtdan başlap, olar dost boldular. Ikinji, kiçijik gowagy taýpa ammar — zerur zatlaryň saklanylýan ýeri hökmünde ulanýardy, ýöne ol ýere çagalara girmek gadagandy.

Wanyň ukusy tutmady. Dan öz ýerine gitdi, Li eýýäm uzak burçda uklap ýatan gyzynyň ýanyna gitdi. Hemişe uly awyň ýa-da wajyp wakalaryň öň ýanynda bolşy ýaly, Wa özüniň möjek derisinden edilen düşeginde eýlesine-beýlesine agdaryldy-da, ýatyp bilmedi. Ol gözüniň öňünde yzly-yzyna peýda bolýan şekillerden saplanyp bilmedi (ýa-da islemedi). Kä onuň gözüniň öňüne ene-atasy bilen oglan dogany geldi, olar ony nirädir bir ýere çagyrýardylar, käte ol atyň guýrugyna meňzeş sary saçy ýeňsesine ýygnanan biriniň yzyndan daňdanyň çygyndan ýaňa öl bolup duran otuň üsti bilen kowalaýar-da, şol saçyň eýesini tutjak bolýar, onuň eýesi bolsa, gögümtil-ýaşyl gözlerini ýaldyradyp, gaýta-gaýta yzyna seredýärdi. Bu görnüşlerden ýaňa onuň gursagy, ýüreginiň urup duran ýeri agyrdy, şol bir wagtyň özünde-de, bütin endamyna

gamgyn süýjülik ýaýrady. Ol gowagyň içindäki El bilen Liniň ýatan tarapyna biygtyýar gözüni aýlady. Ýöne ol ýer garaňkydy hem ümsümdi. Diňe taýpanyň erkekleriniň, aýallarynyň we çagalarynyň asuda dem alyşlary eşidilýärdi. Wanyň ýanynda ýatan, oňa baryp öten ýyl ysnyşan ýaşajyk köpek kellesini galdyryp, onuň gözlerine seretdi-de, silkinip, gowagyň çykalgasy tarapa ýöredi.

«Belki, garry Heliň ýanynda boljak bolýandyr» — diýip, Wa pikir etdi. Köpek hemişe edişi ýaly, gowagyň girelgesiniň öňündäki ullakan sekiniň aşagynda ornaşdy. Helde-de, edil Wada bolşy ýaly, maşgalasy ýokdy. Ol köp ýyllar mundan ozal her gije taýpanyň garawulçylygyny etme kararyny kabul edipdi. Hemmeler Günüň dogmasyna hem batmasyna endik edişleri ýaly, muňa endik edipdiler.

«Ertir syýahat üçin Helden täze ok bilen ýaý ýasamagyny haýyş etmek gerek» — diýip, Wa pikir etdi. Hel bir togalak çakmak daşyndan bir günde oklar üçin örän ýiti uçlaryň birgidenini ýasap bilýärdi. Onuň ýasan oklary hem ýaýlary ýeňilligi, uzaga gidýänligi hem nyşana takyk degijiligi bilen tapawutlanýardy.

Wa şu pikirler bilen uka gitdi. Ol düýşünde tokaý gördi. Ol düýşünde asyrlap ösüp oturan dublara hem sosnalara gurşalyp duran ullakan açyk meýdany, ol ýerde kepbeleriň hem çadyrlaryň uly töwerek bolup duranyny gördi. Obanyň ortasynda bir topar adam durup, nämedir bir zadyň gürrüňini şowhun bilen edýärdi. Wa olaryň näme hakda gürrüň edýändiklerini eşidip bilmeýärdi, ýöne ol düýşünde kakasynyň taýpasyny görýänini bilýärdi. «Kakam

bilen ejem niredekä?» — diýip, ol olary görerin diýen umyt bilen mähelle bolup duran adamlaryň arasyna seredýär.

Birden ol öz oglan dogany Any görýär. Ol muňa şeýle begenýär welin, hatda näme diýjegini-de bilmeýär. «Sen ejem bilen kakamy gözleýärsiňmi? Olar bu ýerde ýok. Olar saňa Bagda garaşýarlar» — diýip, An aýdýar. «Ol ýere nädip barmaly?» — diýip, Wa doganyndan soraýar. Ýöne An diňe gülýär-de, edil uzakda galan çagalygyndaky ýaly, onuň böwrüne dürtýär-de gidýär. Wa onuň yzyndan ylgaýar-da, egninden berk tutýar, ýöne oňa öwrülip sereden adam An däldi. Wanyň ýüzüne gara adamyň ýüzi seredip durdy. Onuň maňlaýynda gara reňke boýalan ýüzünde açyk görnüp duran tegelek ak bellik bardy. Wa gygyrdy we itiň öl diliniň degýänini duýup, özüniň wepaly ýoldaşyny gujaklady. Ol şondan soň süýji uka gitdi. Ol, hatda, nämedir bir zat üçin gowaga gaýdyp gelen Heliň Ora:

— Ol ýene düýşünde taýpasyny görýär. Bu düýşler haçan ony gününe goýarka? — diýenini hem eşitmedi.

— Bilemok. Seniň özüň düýşüňde nirede bolýarsyň? Ýogsa-da, sen näme üçin uklamaýarsyň?

— Ukla, Or, ukla — diýip, goja dostlukly jogap berdi-de, ýene gowagyň agzyna çykdy.

Ol Oruň bu soragy bermek bilen nämäni göz öňünde tutandygyny bilýärdi. Hel hem aýaly bilen çagalaryny tokaýda ýeke goýup, awa gidende, maşgalasyny ýitiripdi. Olar şol wagtlar Beýik hem tebigat bilen parahatçylykda ýaşaýan haýsydyr bir taýpany gözleýärdiler, sebäbi olara goşulmak isleýärdiler. Ol awdan gaýdyp

gelende, olaryň öldürilendiklerini görýär. Galan yzlardan olaryň güýjünde baryny edip garşylyk görkezendikleri görnüp durdy, ýöne garalar köpdüler we gowuja ýaraglanandylar… Ol düýşünde köplenç maşgalasyny goramak üçin, awdan irräk gaýdyp gelmäge çalyşýardy. Bu düýş indi köp ýyllardan bäri gaýtalanýardy, Or hem muny bilýärdi. Dogry, bu düýşi Hel soňky döwürlerde gaty seýrek görýärdi. Şol wakadan bir gün geçenden soň, Hel sugun Awçylary taýpasynyň esgerlerine duş gelýär-de, şolar bilen galyberýär. Şondan soň ol maşgala edinmeýär. Ol ýitginiň bu agyrysyny ýene bir gezek başdan geçirmek islemeýärdi.

# Ýola

— Hiç zady ýatdan çykarmadyňyzmy? — Oruň sesi tolgunýanyny bildirýärdi.

— Ýok, hemme zady barladyk, özem birnäçe gezek — diýip, Dan uzak ýaşaýjyny gujaklady: — Bize ak pata ber, atam.

— Goý, ýolda Beýik siziň bilen bolsun, öňüňizde duran zatlaryň hemmesinde Ol size üstünlik bersin, goý, Ol sizi duşmanlardan we ýabany haýwanlardan, içki hem daşky ýamanlyklardan gorasyn we sizi sag-aman we tejribe bilen baýlaşdyryp, yzyňyza gaýtaryp getirsin — diýip, Or ak pata beren wagtynda ýokary galdyran ellerini Danyň egnine goýup, ýigitlere ýüzlendi-de, sözüni dowam etdirdi:

— Wa, Beýik seniň ýüregiňi bilýär, Oňa ynan. Arun, goý, seniň güýjüň hem wepalylygyň öz dostlaryňa şatlyk getirsin. Hiç zatdan

we hiç kimden gorkma, Beýik seniň bilendir. — Soň Or gowagyň girelgesiniň öňüne ýygnananlara tarap öwrüldi:

— Biz bu ýaş awçylary howsalaly ýürek bilen ugradýarys, sebäbi agyr döwürleriň gelendigine düşünýäris. Ýöne, biz, şeýle hem, eger şu wagtda etmesi gerek bolan zady etmesek, onda wagtyň çekerden agyr boljakdygyny hem bilýäris. Biz olary Beýigiň islegine tabşyrýarys, goý, Ol olar bilen bolsun.

Or sözüni tamamlanyndan soň, hemmeler Danyň, Wanyň we Arunyň daşyna ýygnanyp, olaryň ellerini gysyp hoşlaşdylar. Wany, Aruny, azajyk köpräk hem Dany gujaklan wagtynda, Liniň gözlerinde ýaş bardy.

El diňe:

— Duşuşýançak, dostlar! — diýip aglady-da, gowagyň içine ylgap girip gitdi.

Üç dost tirkeşip, aşaklygyna derýa düşüp başladylar. Öňde Dan, onuň yzyndan Wa, iň yzda hem, Arun barýardy. Olaryň hersiniň egninde ýaý we okly halta asylgydy, bilinde pyçak bilen sapan, elinde ujy daşdan bolup, sugunyň damarlary bilen biri-biriniň arasyndan geçirilip örülip, berk buk agajyndan ýasalan sapa berkidilen ullakan naýza bardy. Olaryň geýnişlerinden, uzak ýola düşendikleri görnüp durdy. Billerindäki ýumşak çerim ýaga ýatyrylan deriden edilen daňydan başga-da, hersiniň egninde sugun derisinden edilen plaş bardy. Güýçli, muskully bu ýigitler uzak ýola niýetlenilen dogumly ädimler bilen ýöräp gitdiler. Olaryň ýanlarynda iki it hem ýola düşdi: biri Wanyň gowy görýän

iti, beýlekisi bolsa, itleriň hemmesi ýaly, taýpanyň itidi, ýöne awa mydama Dan bilen gidýärdi.

— Derýanyň birazrajyk aşak akymyndan geçeris. Şol ýerde ol bu ýerdäki ýaly, onçakly giň däl, akym bizi alyp gitse, bu bize diňe peýda bolar — diýip, Dan aýtdy.

Geçmekçi bolan ýerine baryp ýetenlerinde, ýigitler ähli geýimlerini çykardylar, gurallaryny hem ýaraglaryny olar ýukajyk, aňyrsy görnüp duran diýen ýaly, ýabany öküziň aşgazanyndan edilen, haltalara saldylar-da, olary berk daňdylar. Olar ýaýdaky kirişleri hem çözüp, halta saldylar. Soň olar öz haltalaryny billerindäki uzyn gaýyş ýüp bilen daňdylar-da, suwa girdiler. Bu ýeriň akymy, dogrudanam, güýçlüdi, ol oglanlary derrew alyp gitdi. Ýöne olar gaty gowy ýüzüp bilýärdiler, şonuň üçin köp wagt geçmänkä, olar beýleki kenara geçdiler. Böwetleriň sesleri eýýäm eşidilip başlapdy. Itler üçin derýadan ýüzüp geçmeklik diňe hezillik boldy.

— Böwetden geçenimizden soň, bu günüň ahyrynda bolar, bize gije ýatar ýaly ýer gözlemek gerek bolar. Şoňa çenli, iýmitimize zerurlyksyz degmezimiz ýaly, nämedir bir zat awlasak erbet bolmazdy — diýende, hemişe mylakatly hem şadyýan bolan Danyň sesi Wa bilen Arun üçin birhili adaty däl äheňde eşidildi.

Olar özlerinde ýygy-ýygydan bolşy ýaly, şol bir zat hakynda pikir edendiklerine düşünip, biri-biriniň ýüzüne köp manyly seretdiler. Olaryň ugran syýahaty howpdan doludy hem-de syýahatyň üstünligi we entek juda tejribesiz bolan dostlarynyň howpsuzlygy üçin jogapkärçilik Danyň üstüne ýüklenilipdi.

Oglanlar basym geýindiler-de, ýaraglaryny hem goşlaryny alyp, günorta tarap ýollaryny dowam etdirdiler. Böwetleriň sesi gitdigiçe güýçlenýärdi, şol sebäpden hem, biri-biri bilen gürleşmek üçin olar seslerini gataltmaly bolýardylar. Ine-de, böwetleriň sesleri yzda hem bir gapdalda galdy, sebäbi oglanlar mydama derýanyň kenaryndan ýöremediler. Bu ýerdäki kenar bireýýäm öwrenilipdi, ol ýerde gowak ýokdy. Böwetleriň aňyrsynda derýa ulalyp gidýärdi, bir günlük ýol aralyk ýalydy, eger kenaryň gyrasy bilen gitseň, onda onuň aňyrsy ýapyk aýlaw diýen ýalydy. Bu ullakan ýarym adanyň gury ýer zolagy ýaýylyp ýatan gözýetmez tekizligiň ýokarsyndady. Ol sosnalara hem äpet dublara örtülen beýik depeleriň üstünde kiçiräjik hatar bolup durdy. Gury ýer zolagynyň bir başyndan beýleki başyna çenli olar gaýalaryň arasyndaky deşiklere seredip, günüň soňky böleginde ýörediler. Bu ýerde-hä gowak bolup biler.

Gün derýanyň aňyrsyndaky daga golaýlaşyp başlanda, oglanlar uzyn hatar bolup duran depeleriň iň soňkusynyň üstüne çykdylar. Bu ýerde olar özleriniň ilkinji düşelgesini etme kararyna geldiler.

— Hol uly agajyň aşagynda ot, uzakdan görünmez ýaly edip, ot ýakyp bolýar. Biz agşam ýatar ýaly ýer taýýarlaýançak, Wa, öz itiň bilen şol otluga baryp gaýt. Görýärsiňmi, ol ýerde ösgün otlar hem gür gyrymsy agaçlar bar, ol ýerde toklutaýlar bilen sülgünler bar bolsa gerek — diýip, Dan görkezme berdi.

Arun äpet dubuň berk şahalaryndan ýatar ýaly ýer taýýarlaýança, Dan ot ýakar ýaly ýer taýýarlady we gije ýakar ýaly odun ýygdy.

Birden itiň üýrýän sesi eşidildi, otlugyň içinden hem, sülgünleriň bir sürüsi uçup çykdy. Tiz wagtdan agajyň ýanyna Wa bilen iti geldi. Elinde ol iki sany sülgün alyp geldi.

— Şahalaryň arasynda gizlenjek bolan birini it tutdy, birini-de men sapan bilen urup aldym — diýip, Wa ýylgyryp aýtdy-da, ýanyp duran oduň ýanynda awuny goýdy. It onuň ýanynda süýnüp ýatdy.

Arun äpet dubuň aşaky golundan böküp düşdi-de, Dana ýüzlenip:

— Şahalaryň dördünji Böleginde men iki sany höwürtge ýasadym. Biri seniňki, ikinjisi Wa ikimiziňki. Dan, biziň näme sebäpden ýerde ýatmaýanymyzy sen bilýärsiňmi? Şeýle etsek has aňsat bolardy... — diýdi.

— Taýpamyzda şeýle ýola goýlupdyr. Belki, ýylanlar we uzyndişliler sebäplidir. Öňler olar häzirkisinden has köpdi, ýöne däp öňküligine galypdyr.

Dan sülgünleri çalasynlyk bilen bölüşdirdi, itlerem onuň taşlan içgoşlaryna höwes bilen topuldylar. Dan guşlaryň perlerini derileri bilen bile sypyrdy-da, etini pyçak bilen bölüşdirdi, soň hem ony ýylmanak daşyň üstüne goýuşdyryp, haltajygyndaky otlardan sepişdirdi. Etiň bölejikleri galan süňkler ýene-de itlere ýetdi, itler iýip bolanlaryndan soň, göwnühoş bolup hyrryldaşyp, aňyrrakda ýatdylar.

Ot ýanyp gutaryberende, Dan közüň içinden ýogyn taýak bilen ýylmanak daşy itip çykardy-da, onuň üstüni bir gysym ýaşyl ot bilen süpürdi, soň hem, daş sowamanka, onuň üstüne taýýar edilip

goýlan ownuk dogralan eti goýdy. Wa haltadan ullakan bir bölek çörek çykardy-da, ony üçe böldi we daşyň ýanynda goýdy.

— Beýik Atam, biziň aladamyzy edeniň üçin Saňa minnetdar. Sen uzakly gün bizi ýolda goradyň, wagtynda bize iýmit berdiň. Öňde duran gijäni-de Saňa ynanýarys — diýende, Danyň sesi dabaraly hem diýseň şahsy ýaly bolup eşidildi.

Ýigitler derrew naharlandylar-da, çalasynlyk bilen agajyň üstüne, taýýarlanylan oňaýly höwürtgä çykdylar. Şahalaryň üstüne eşiklerini ýazdylar-da, olar gije ýatmak üçin oňaýly ýerleşdiler. Ýaraglaryny hem gurallaryny olar elleriniň golaýynda şahalara asyp goýdular. Itler adamlaryň asudalygyny goramagyň özleriniň wezipesine girýändigine düşünip, agajyň aşagynda galdylar.

Günüň äpet togalagy günbatardaky uzak daglaryň aňyrsyna eýýäm togalandy, gije öz hökümini sürüp başlady. Tokaý syrly seslerden, gijeki guşlaryň hem haýwanlaryň seslerinden doldy.

— Eşidýärsiňizmi, bu gowak ýolbarsynyň arlaýan sesi. Onuň arryldysy uzaklardan eşidilýär. Ol edil ýanyňda arlaýan ýaly-la — diýip, birneme sägineninden soň Arun aýtdy.

— Ýat, gowak ýolbarslary adama hüjüm etmeýärler. Diňe adamlar olara hüjüm etseler, onda olar goranýarlar — diýip, Dan onuň sözüni böldi.

Wanyň ukynyň arasynda asuda dem alýandygy eşidildi.

# Meýilnamalaryň duýdansyz üýtgemegi

Ýigitler eýýäm üçünji gün ýoldadylar, şonuň üçin mähriban gowagyndan daşda ýatýardylar. Şu wagta çenli olaryň gözlegleri şowsuz bolup gelýärdi. Bu gije olar depäniň gaýaly eňňidindäki kiçiräjik gowagyň ýokarsynda tebigy çadyry emele getirip duran uly gaýa üçeginiň aşagynda düşlemekçi boldular. Arun ilki bolup oýandy. Entek gijedi.

— Dan, sen eşidýärsiňmi?

— Hawa, eşidýärin. Uzak bir ýerde it üýrýär.

Indi Wa-da uzakdaky itiň gazaply üýrýänini, birdenem, onuň çyňsanyny, soň hem, ümsüm bolanyny eşitdi.

— Bu näme boldugyka? — diýip, ol has tejribeliräk bolan awçydan sorady.

— Şol tarapda kimdir biri gije tokaýda galandyr, onuň üstüne-de haýwanlar ýa-da has howplurak bolan garalar hüjüm edendir diýip pikir edýärin.

— Ses bilen itiň sesleri biziň gelen tarapymyzdan eşidilýär. Bu kim bolup bilerkä? — diýip, Arun sorady. — Ol tarapda diňe biziň taýpamyzyň adamlary aw edýärler. Goňşy taýpanyň aw awlaýan ýerine çenli ýene iki günlük ýol bar.

— Bize yzymyza gaýdyp, näme bolandygyny görmek gerek diýip pikir edýärin. Gije gitmegiň peýdasy ýok, yzlar görünmeýär. Daň atmazdan öň gideris — diýip, Dan aýtdy.

Şondan soň daň atýança hiç kim gözüni ýummady. Itler kä çyňsap, käte gaty hyrlap, ses etdi durdular. Daňa golaý, entek garaňkyka we gijäniň çygy aýrylmanka, ýigitler goşlaryny ýygnaşdyryp, yzlaryna gaýtdylar. Itler hem, öňe dyzady durdular, ýöne Dan gaty sesi bilen olara uzaga ylgap gitmegi gadagan etdi.

Olar kän ýöremeli bolmadylar. Jahan ýagtylyp başlanda, itler hiç kime gulak asman, gür otlugyň içine ylgap gitdiler-de, birden üýrdüler we gaty ses bilen gaty eýmenç uwladylar. Ýigitler olary uly agajyň aşagyndan tapdylar. Oduň entek tüsseläp duran közüniň ýanynda kellesi ýarylan ullakan it ýatyrdy. Dan itiň maslygynyň üstüne egildi-de, şobada duw-ak bolup diklendi.

— Bu El bilen Liniň iti — diýip, ol tutuksy sesi bilen aýtdy. — Onuň aýaklary örän ýiti bir zat bilen ýaralanypdyr. Bu garalaryň işi.

Gorkunç pikirden ýaňa Wanyň başy aýlanyp gitdi.

— El bize: «Duşuşýançak, dostlar» — diýdi. Ol ine şuny göz öňünde tutan eken. Bu günleriň dowamynda ol biziň yzymyzdan gelipdir. Ýeke özi! — diýip, ol gorkusyny gizlemän aýtdy.

Dan derrewjik agajyň üstüne çykdy. Ol ýerde onuň çaklaýşy ýaly, höwürtge gurlandy. Bu şeýle bolup hem çykdy. Höwürtge boşdy, onda hiç kimiň ýatmandygy bildirip durdy. Ýere düşenden soň Dan agajyň daşyndaky meýdançany ünsli öwrenip başlady we gözlän zadyny tapdy: edil Heliň ýasan ujy daşly iki sany peýkam.

— Bu peýkamlary men Ele ýasap beripdim — diýip, ol peýkamlary Wanyň eline berdi.

Wa olary eline aldy, ýöne hiç zat diýip bilmedi. Ol diňe gözlerini güýçli gaýgydan dolduryp, Dana seretdi we şeýle diýdi:

— Biz olary taparys we öldüreris!

— Eger olaryň yzlaryndan Smolaly daga çenli gitmeli bolsak-da, biz Eli halas ederis — diýip, Dan Wa bilen bu wagtyň dowamynda ýerinden gozganman, ýaňagyndan ýaşyny syrykdyryp duran Aruny gujaklady. — Biziň maksadymyz ar almak däl. Biz Eli halas etmek isleýäris. Ar alma islegi düşnükli, ýöne ol gözüňi gapýar we Beýigiň kömeginden mahrum edýär. Bu işde bolsa, biz Onuň kömegi bolmasa hiç zat edip bilmeýäris.

— El näme üçin bize öň goşulmadyka? — diýip, Arun hiç kime ýüzlenmän sorady.

— Onuň eger gowakdan üç günlük ýoly geçse, onda biziň ony yzyna goýbermejekdigimizi bilendigine ynanýaryn — diýip, Dan jogap berdi.

Bu wagtda itler agajyň aşagyndaky kiçiräk meýdançanyň içinde iki-baka ylgaşýardylar we sabyrsyzlyk bilen oňa seredýärdiler. Dan köp aýaklaryň astynda depelenen, entegem öl bolup duran otuň üstünde aýlandy-da, ýene gözleýän zadyny tapdy. Ol elinde kän gana bulanan bir gysym oty tutup durdy.

— Bu ýerde, şahalygyň içinde esli gan bar. Hüjüm edenleriň arasynda, iň bolmanda, bir sany, özem agyr ýaralanan ýaraly bar, diýmek, olar haýal ýöräp giderler.

Dan öz itiniň burnuna gan degen bir gysym oty degirdi-de, gözlemegi buýruk berdi. Itler gysga şahaly ösümlikleriň üstlerinden geçip, göni tokaýyň jümmüşine gitdiler. Tizara ýigitler tokaý haýwanlarynyň gijesine suw içilýän ýere gidende ýöreýän ýodasyna çykdylar.

— Garalardygy — şäher ýaşaýjylarydygy — göze görnüp dur. Edil sugun sürüleri ýaly bolup yz galdyrýarlar — diýip, Dan aýtdy.

— Dan, sen nähili pikir edýärsiň, olar näçe sanyka? — diýip, Wa sorady.

— Meniň pikirimçe, ona golaý.

— Garalaryň hemmesi gysga boýly, güýçsüz, biz olaryň onusyna hötde geleris! — diýip, Arun aýtdy.

— Arun, olarda düýbünden başga ýarag bar, biz bolsa, baryýogy üç sanyjak — diýip, Dan garşy çykdy we sözüni dowam etdirdi. — Bize ilki bilen olary yzarlamak soň hem, zorluk ulanman, Eli nädip halas etmelidigini oýlap tapmak gerek. Diňe garalar hemme zady güýç bilen çözýärler. Olar ýaly etmezlik üçin

hem biz tokaýda ýaşaýarys. Beýige sygynarys-da, özümizde bar bolan artykmaçlygy ulanarys.

— Sen nähili artykmaçlyklary göz öňünde tutýarsyň? — diýip, Wa sorady.

— Olar tokaýda kör hem ker ýaly bolýarlar. Yzlary okap bilmeýärler, tokaýyň sesine düşünmeýärler. Biz bolsa bu ýerde — öýümizdediris.

Itleriň yz alyp barýandyklary görnüp durdy. Olar özleriniň awdadyklaryna we awy gorkuzmak bolmaýandygyna düşünip, ýekeje gezegem üýrmediler. Olar onçakly çalt ylgamadylar, oglanlar yzlaryna eýerer ýaly ylgadylar. Ýoda olary kiçiräjik derýanyň kenaryna alyp bardy, ol ýerde itler gamşyň içinde yzy ýitirdiler. Dan olara ýanynda bolmagy buýruk berdi, ýöne itler ony kynlyk bilen ýerine ýetirdiler.

Kenary öwrenenlerinde, oglanlar garalaryň öz awy bilen beýleki tarapa geçen ýerlerini tapdylar. Derýanyň bu ýeri çuň däldi, şonuň üçin ol ýerden ýöräp geçip bolýardy. Dan indi näme etmelidigini maslahatlaşmak üçin agaçlaryň kölegesine gaýdyp barmagy teklip etdi.

— Olar derýanyň aňry kenarynda nirededir bir ýerde düşlärler diýip pikir edýärin. Olar dynç alman, beýle uzak ýöräp bilmeýärler. Garalar nirädir bir ýere gitseler, onda olaryň gün içinde birnäçe gezek dynç alýandyklaryny Or aýdypdy. Olar tokaý çagalary ýaly, uzakly gün dynman ylgap, ýekeje gezek hem dynç alman bilmeýärler — diýip, Dan aýtdy.

— Men derýanyň akymynyň ugruna gitmegi we ol ýerden beýleki kenara gitmegi teklip edýärin. Soň akymyň ugry bilen şu ýere çenli gelip, ýene yz tapmaly — diýip, Wa teklip etdi.

— Gowy teklip — diýip, Dan ylalaşdy. — Şonuň ýaly hem ederis.

— Men bu ýerde galyp, olar geläýen ýagdaýynda, olary yzarlap biljek. Siz beýleki kenara geleniňizde bolsa, men size goşularyn — diýip, Arun teklip etdi. — Şeýle hem, siz goşuňyzy goýup gidip bilersiňiz, siz geleniňizde bolsa, men haltalary beýleki kenara geçirip bilerin.

— Berekella, Arun! — diýip, Dan ony öwdi. Bu öwgüden ýaňa ýigidiň sepgilli ýüzi utançdan ýaňa gyzardy.

Itleri yzlaryna tirkäp barýan Dan bilen Wa derýanyň akymynyň ugrundan ýokarlygyna galanlarynda, Dan gamyşlary süýşürip, suwa girdi we birden kimdir biriniň bardygyny duýdy hem-de sesini çykarman, elini galdyrdy. Olar hatda, itlerem, derrew doňan ýaly bolup durdular. Açyk suw bilen olaryň arasynda gür gamyşlyk bardy. Bu gamyşlyk kenaryň gyrasynda on ädim inlilikde ösüp durdy.

Beýleki kenarda gaty hyşşyldy eşidildi. Dan elini goýberdi-de, ýoluny dowam etdirdi.

— Bu ýabany öküz — diýip, ol pyşyrdady. — diýmek, howp ýok.

Dan soňky gamyşlary-da süýşürip, suwa girdi. Akymdan birneme ýokarrakdaky beýleki kenarda derýanyň ýanyna giň ýoda gelýärdi, şol ýerden hem, derýanyň boýuna ýabany öküzleriň kiçiräjik sürüsi gelýärdi. Olaryň käbirleri eýýäm suwa girip suw

içýärdiler, beýlekileri hem, kenarda durup, asudalygy bozujylara tarap seredýärdiler.

Birden kenarda duran öküzleriň biri birhili molady welin, tutuş süri tokaýyň içinde gizlendi.

Dan bilen Wa agaçlara gizlenip çalt ädimler bilen derýanyň aşak akymyna, takmynan Aruny goýup gaýdan ýerlerine düşdüler. Arun hem dostlaryny görüp, derýanyň saç ýerinden haltalary alyp geçdi, ol diňe bilindäki daňysyny suwa batyrdy. Goşlary alanlaryndan soň Dan, ýene itleriň burunlarynyň öňünde ganly oty tutup, olara yz almagy buýruk berdi. Itler şobada burunlaryny ýere degrip, birazajyk öňräkde ylgadylar, soň akymyň aşak tarapyna düşdüler, soň olaryň ikisem, «aw» diýmegi aňladýan görnüşde dim-dik durdular.

— Biz ýaraglardan başga hemme zady bu ýerde goýarys. Soňrak biz bu ýere dolanyp bileris, barybir bize gaýdyp gelmek gerek bolar — diýip, Dan aýtdy.

Arun bilen Wa oňaýly bir agaç tapyp, ýokarky şahalarda haltalaryň üçüsinem we ýokarky geýimlerini gizlediler. Olar ondan aňry goşsuz, ýöne örän haýal gitdiler. Olar itleriň barýan ýodasyndan däl-de, onuň gyrasyndan gitdiler. Olaryň maňlaýyna tokaý sosna tokaýydy, şonuň üçin äpet agaçlaryň arasynda kiçi gyrymsy agaçlar seýrek bitýärdi, paporotniklerem gür däldi.

Birneme wagtdan soň itler, guýruklaryny howsalaly bulaýlap saklandylar we Dana seretdiler. Olar: «Hüjüm etme buýrugyna garaşýarys» diýýän ýaly, çalaja çyňsadylar.

Dan olary ýere basyp ýatyrdy we gulaklarynyň arasyndan makullaýjy äheňde silkeledi we ýuwaşjadan:

— Siz şu ýerde garaşarsyňyz, men bolsa, barlamaga gitjek — diýdi.

Şeýle diýenden soň ol olaryň gözleriniň öňünde pes boýly paporotnikleriň içinde gaýyp boldy. Wa. Arun we itler gür gülleriň ösüp duran ýerindäki ýodanyň golaýynda gizlendiler. Olaryň üstlerinde mör-möjekleriň sürüsi ýygnandy.

— Bize hol ösümlikleriň suwuny çalmak gerek, ýogsam, erbet bolarys, arkaýyn ýatyp bilmeris — diýip, Arun ownujak ak güllere örtülip duran we suwluja ýaprakly ösümligi görkezdi.

Olar şeýle hem etdiler. Olar reýhanyň ýapraklaryny endamlaryna çaldylar. Olar islemeseler-de, hatda itlere-de ondan çaldylar. Olar uzak garaşmaly boldular. Olaryň ýanynda şahalar açylyp, aňyrsynda Danyň ýüzi görünýänçä, eýýäm garaňky düşüp başlapdy.

— T-s-s! Olar golaýda. Olar gije bu ýerde galarlar diýip pikir edýärin. Olar sekiz adam, birisi egninden agyr ýaralanypdyr. Diýmek, ýedi adam.

— El näme? — diýip, Wa bilen Arun birden soradylar.

— Onuň elleri hem aýaklary daňylan. Diýmek, ol ýöremekden boýun towlapdyr, ony-da göterip äkidipdirler.

— Oňa näme bolupdyr? Ýagdaýy nähili? — diýip, ýigitler dynman soradylar.

— Kellesini ýaýkaýar, gözleri ýanyp dur! Agzy daňlypdyr. Diýmek, onuň ýagdaýy gowy — diýip, Dan ajy degişme bilen aýtdy.

Birden tüssäniň ysy gelip başlady.

— Garalar agşamlyga taýýarlanýarlar. Olar ortasynda kiçiräjik agaç bolan açyk meýdanda düşläpdirler. El şol agaja daňylgy. Şol meýdançanyň üstünden, onuň gyrasyndan haýwanlaryň ýodasy bar. Olaryň näme üçin ol ýerde düşländiklerine düşünemok: gije ol ýodadan haýwanlar suw içilýän ýere gidýärler — diýip, Dan içinden diýen ýaly pikirlendi. — Olar ody birazajyk gyrada, meýdançanyň ortasyndaky daşly eňňitde ýakypdyrlar. Gije Eli halas etmäge mümkinçiligimiz bolar diýip pikir edýärin.

# Dost

Şol gije-de, ertesi gije-de garalaryň ýanlaryna barar ýaly bolmady. Uzak gije ot ýagty berip ýanyp durdy, Eliň ýanyndada, oda arkasyny öwrüp, ýüzüni Ele tarap tutup, garalaryň biri mydama oturdy. Oduň beýleki tarapynda ýene bir sakçy oturdy. Hemmesi dynç alyp biler ýaly, olar birnäçe gezek çalyşdylar. Garalaryň iti ýokdy. Garalaryň itleri soýup iýmek üçin bakýandyklaryny kimdir biri gürrüň beripdi.

Eliň dostlary garalar özleriniň dosty sagalýança garaşmak isleýändir diýen netijä geldiler. Olaryň özleri meýdançanyň daşyny gurşap duran tokaýy şeýle özleşdiripdiler welin, bilinmeklerinden howatyr etmän, garalary gije-gündiz synlap bilýärdiler. Üçünji gün agşam ýagdaýlary ara alyp maslahatlaşmak we mundan beýläkki ýagdaýlar boýunça karara gelmek üçin meýdançadan çekilip, howpsuz ýere gitdiler.

— Ýarygije olaryň üstlerine çozmakdan başga ýolumyz galmady. Biz öz artykmaçlyklarymyzy ulanarys: biz olardan güýçlüräk, olaryň üstlerine duýdansyz çozarys — diýip, Wa teklip etdi.

— Biz tokaýdan çykman, olaryň hemmesini öldürip bilýäris. Tokaýyň islendik gyrasyndaky aralyk biziň peýkamlarymyz üçin oňaýly. Biz üç tarapdan atar ýaly edip, bölünişip bilýäris — diýip, Arun teklip etdi.

— Men size gaty gowy düşünýärin, dostlar. Ýöne biz mundan soň kim bolýarys? Bize diňe ýüzümize gara reňk çalyp, maňlaýymyza ak bellik çekäýmek galýar — diýip, Dan ençe gezek garşy çykdy.

— Ýöne bir zat etmek gerek ahyry! — diýip, Wa bilen Arun gyzmalyk bilen garşy çykdylar.

— Garaşmaly. Biz Beýige ynandyk. Onuň bize diýjek zadyna, nädip kömek etjekdigine garaşarys. Garaşmagyň mydama kyn bolýandygyny men bilýärin, ýöne bu ýagdaýda bizde başga alaç ýok. Ýa-da siz ýürekleriňiziň garaňky bolmagyny isleýärsiňizmi?

Ýigitleriň Dana tabyn bolandyklary, emma onuň sözleri bilen ylalaşmandyklary görnüp durdy. Şonuň üçin ol eslije dymyşlykdan soň:

— Siz Or diýen adyň näme aňladýandygyny bilýärsiňizmi? — diýip, sözüni dowam etdirdi.

Oglanlar gaşlaryny çytyp Dana seretdiler-de, başlaryny ýaýkadylar.

— «Or» sözi nury aňladýar.

— Or durşuna ak bolany üçin oňa şeýle diýýändirler diýip pikir edýärdim — diýip, Wa aýtdy.

— Ýöne ol bu ady çagaka aldy — diýip, ýene Dan garşy çykdy. — Biz Beýik bilen, tebigat bilen parahatçylykda ýaşamak, ýüreklerimizde asudalygy hem nury saklamak isleýäris. T-s-s! — diýip, birden Dan pyşyrdady. — Ýodadan kimdir biri gelýär.

Itleriň ýeňsesindäki tüýleri ýokary galdy, olar gulaklaryny ýatyrdylar we dişlerini syrtartdylar. Olaryň özlerini alyp baryşlaryndan haýwanyň suw içmäge gelmeýändigi görnüp durdy. Indi aýak sesleri eýýäm ýoda tarapdan eşdilip başlady. Oglanlaryň gizlenip duran gür otlugynyň gabadynda, ýodadan geçip barýan adam saklandy-da, ýuwaşjadan ardynjyrady.

Dan hemmeleriň ýerlerinde galmalydygyny yşarat edip aýtdy-da, özi hem, çalasynlyk bilen paporotnikleriň içinde gaýyp boldy. Ol eşitdirmän ýodada duran adamyň ýanyna golaýlaşdy. Ol hem, edil garalaryň hemmesi ýaly geýnendi, ýüzi gara reňke boýalandy, maňlaýynda hem, ak reňk bilen goýlan tegmil ýalpyldaýardy. Bu ýaş oglanyň sag egni ýukajyk deri daňy bilen daňlandy. Ol ýöne bir durdy we nämedir bir zada garaşýardy. Birazajyk duranyndan soň ol ýene bir gezek gaty ardynjyrady, ýöne ol muny zerur bolany üçin däl-de, bilgeşleýin etdi. Soň ol töweregine seredip, ýuwaşjadan:

— Men siziň ýanymdadygyňyzy bilýärin. Görnüň. Men — dostuňyz — diýdi.

Dan özüni nähili alyp barjagyny bilmedi. Ol aňk boldy. Onuň öňünde ýodada duran ýaş ýigit özüniň ýaşlaryndady, giň

eginlidi, muskullydy, maňlaýyna daňlan gür gara saçlary tolkun atyp, egnine düşüp durdy. Agşamyň ýumşajyk ýagtysy onuň üstüne aýdyň düşüp durdy. Onuň bilinde garalaryň tirsegiň uzynlygyndaky ýaragy asylgydy, deri gynyň içinde gylyç bardy. Ol ýodanyň ortasynda garaşyp durdy.

Dan karara geldi. Ol elinde agaç naýzasyny gysyp, agajyň aňyrsyndan ýoda çykdy-da, garanyň garşysynda durdy.

— Sen kim? — diýip, Dan ondan sorady.

— Men eýýäm aýtdym, men — dostuň — diýip, ýaraly asuda sesi bilen aýtdy. Munuň şeýledigine hiç hili şübhe ýokdy.

— Sen näme üçin bu ýere geldiň?

— Biz özümizi kimdir biriniň yzarlaýanyny bireýýäm bildik. Ýöne biz kimdigiňizi we näçe adamdygyňyzy bilmedik. Şonuň üçin garalar bir esgeri kömek çagyrmaga ugratdylar. Kömek şu gün agşam ýa-da ertir gündiz gelýär.

— Seniň özüň näme, gara dälmi?

— Ýok! — diýende nätanyşyň gözleri uçganaklady. — Men olaryň ýesiri. Eýýäm köp ýyllardan bäri. Olar meni özlerinden biri bolandyryn diýip pikir edýärler, ýöne beýle zat hiç haçan hem bolmaz. Men Ebedi hem tebigat bilen parahatçylykda ýaşaýanlary gözlemek üçin olar bilen ýörişlere hem gitmedim.

— Men saňa ynanýaryn — diýip, Dan ýuwaşja aýtdy.

— Siz kim? — diýip, ýaraly öz gezeginde sorady.

— Biz sugun Awçylary taýpasyndan. Ýaşulularymyz bizi syýahata goýberdiler. Ýöne birnäçe gün mundan ozal öz taýpamyzdan bolan bir gyzy garalaryň ýesir alandyklaryna

düşündik. Şondan bäri hem biz sizi yzarlap ýörüs. Bu ýerde biz eýýäm üç günden bäri, siz näçe gün bolan bolsaňyz, şonça günden bäri ýörüs.

— Siz näme üçin biziň üstümize hüjüm etmediňiz?

— Biz Beýik hem tebigat bilen parahatçylykda ýaşaýarys…

— Garalar bolmak hem islemediňizmi?… — diýip ýaraly onuň sözüni tolgunma bilen böldi.

— Hawa — diýip, Dan jogap berdi.

Ol söhbetdeşiniň gözleriniň ýaşa dolmadan ýaňa garalanyny gördi.

— Men size ýesir gyzy gaýtaryp bererin. Aý hol ajagyň üstüne gelende, maňa şu ýerde garaşyň — diýip, ýaraly aýtdy. — Ýöne meniň bir haýyşym bar.

— Nähili haýyş?

— Siz meni öz ýanyňyza alyp bilersiňizmi?

— Eger sen ýesir gyzy getirseň, onda biziň dostumyzsyň. Sen azat adam, kim bilen isleseň we islän ýeriňe gidip bilersiň.

— Siz bilen gitsem bolarmy?

— Muny özümize hormat bilerdik — diýip, Dan jogap berdi.

— Maňa çen boldy, ýogsam, meni gözläp başlarlar.

Dan ýene agaçlaryň arasynda gaýyp boldy, ýaraly bolsa, yzyna öwrülip, ýoda bilen meýdança tarapa gitdi.

6-njy bap

# Azat ediş

Haýwanlar köp adamlaryň bardygyny duýup, ýodadan ýöremediler. Meýdança tarapdan tüssäniň we nätanyş bir zadyň ysy geldi. Garalar agşamlyga bir zat bişirýärdiler, onuň ysy bolsa, uzakly gije saklandy.

— Men olaryň nämeden naharlanýandyklaryny bilmek isleýärin, onuň bir täsin ysy gelýär — diýende, Wa ony dostlukly ýumruklady.

— Nämäniň pikirini etmelidigini tapdyň-ow! Biz diňe bir gün bolmalysy ýaly iýmedik.

— Ýuwaş boluň! — diýip, Dan pyşyrdady. — Görýärsiňizmi, Aý eýýäm görkezilen ýere ýetip gelýär.

— Birden gelmese näme? — diýip, Wa sorady.

— Gelýär! — diýip, Dan ynamly aýtdy. — Eli-de alyp gelýär.

— Sen oňa şeýle ynanaýdyňmy?

— Hawa, şeýle ynandym. Ol ýöne bir ynanylýan adama meňzeş.

— Göreris. Garalara ynanmak bolmaýar diýip pikir edýärin — diýip, Wa aýtdy.

— Ol gara däl. Diňe garalar ýaly geýnen we olaryň däbi boýunça gara reňk çalnan. Ol hem edil men ýaly uly. Belki, mendenem güýçlüräkdir.

Arun bilen Wa biri-birine seretdiler. Olar Dandan munuň ýaly zady eşitmäge garaşmandylar. Olar Dandan güýçli adam ýok diýip hasap edýärdiler. Iň bolmanda, olara şonuň ýaly adam duş gelmändi. Hatda baýramçylyklarda olara goňşy taýpalardan myhmanlar gelende, olaryň arasynda ylgamakda we naýza atmakda Dan bilen bäsleşip biljegi tapylmaýardy.

— Boldy! Indi ýekeje söz hem aýtmaýarsyňyz! — diýip, Dan buýruk berdi we öz ýanynda ýatan, eýýäm biynjalygyny görkezip başlan itleri sypalady. — Wagt boldy.

— Eger sen köşeşmeseň, onda men ýene seniň agzyňy daňaryn.

Oglanlar ýoda tarapdan gaty ses eşitdiler.

— Sen kim we meni nirä alyp barýarsyň? — Eliň sesi gazapdan doludy.

— Azajyk sabyr etseň, hemme zady bilersiň — diýip, asuda jogap beren ýaralynyň sesini Dan derrew tanady.

— Bu olar! — diýip, ol pyşyrdap aýtdy.

— Olar näme üçin beýle ses edýärler? — diýip, Arun hem haýran galyp ýuwaş gürledi.

Belleşilen ýere ýetende, ýaraly bilgeşleýin gaty üsgürdi. Ol çep elinde garşylyk görkezýän Eli alyp geldi, sag eli bolsa, entegem

daňylgydy, şeýle-de bolsa, ol bu elinde özüniň naýzasyny we Eliň peýkamly haltasyny tutup durdy.

Dan bilen dostlary gizlenen ýerlerinden ýoda çykdylar. Itler aňk bolup galan Ele tarap ylgadylar-da, onuň ýüzüni ýaladylar we aýaklaryna süýkendiler. Dan, Wa hem Arun Elden hemme zadyň gowumydygyny, ýaralanmanmydygyny, garalaryň oňa hiç hili ýamanlyk etmänmidiklerini yzyny üzmän soradylar.

Wa Eli gujagynda saklap duran wagtyndakysyndan uly şatlygyň ömründe bolandygyny ýada salyp bilmedi.

— Bize gitmäge çen boldy diýip pikir edýärin — diýip, şu pursatda hemmeler tarapyndan unudylan gara aýtdy.

Oňaýsyz dymyşlyk boldy. Hemmeler ol tarapa öwrüldiler. Tutuksy ullakan Aý agajyň arasyndan görnüp, özüniň ynamsyz ýagtysyny bütin toparyň üstüne saçyp durdy. Hemmeler ýüzi gorkunç edilip reňklenen, maňlaýynda hem, ak belligi aýra bolup duran gara seretdiler. Onuň boýy hatda Danyň boýundan hem azajyk uzyndy.

— Sen mamla, bize howlukmak gerek — diýip, Dan aýtdy, — ýogsam, garalar häzir sizi gözlärler.

— Aý, olar basym gözlemezler, takmynan günortana golaý bilerler, ýöne gijäniň içinde tokaýyň ortasynda durmak hem gowy däl.

— Sen «günortana golaý» diýmek bilen nämäni göz öňünde tutýarsyň? — diýip, Dan sorady.

— Men olaryň çorbasyna garalaryň ýaralylara berýän poroşygyny goşdum. Eger ony köp içseň, onda oýanmak kyn

bolýar. Olar ertir kömege çagyrylan garalaryň topary gelip oýarýança, özlerine gelmezler diýip pikir edýärin.

— Biz gijedigine garamazdan, goşlarymyzy goýup gaýdan ýerimizdäki derýa baryp ýeteris diýip pikir edýärin. Ol ýerde biz yz galdyrmazlyga çalşarys, belki, olar bizi yzarlama kararyna gelerler, şonuň üçin näme etmelidigini çözeris — diýip, Dan aýtdy. Onuň sözleri ýuwaşjadan hökümli eşidildi. Olar hemmesinde höküm süren joşgunlyga belli bir ýagdaýda asudalyk berdiler.

— Men itim bilen öňde gidýärin. Meniň yzymdan El, soň Arun ýörär. Wa, sen bolsa, öz itiň bilen yzda ýörärsiň. Gije — tokaýda gezelenç etmäge gowy wagt däl, şonuň üçin aýratyn ünsli boluň.

Syýahatçylaryň kiçijik topary örän basym öňe süýşdüler. Ýarygijäniň doly garaňkylygyna garamazdan, olar çalt ädimler bilen gitdiler. Aý ýodanyň uly bölegini ýagtylandyranda bolsa, olar, hatda, ylgadylaram. Wa bolsa, öz iti bilen ýörişiň yzyny jemleýärdi. Käwagt onuň öňünde ýöräp barýan gara töweregine seredýärdi-de, diňe özüniň nätanyş hem duşmançylykly görnüşi bilen däl-de, eýsem, bulaşyk duýgyny döredýäni bilen hem, ony gorkuzýardy, Wa ony bir ýerde gören ýalydy. Şonda özüniň düýşi onuň ýadyna düşdi: tokaýdaky açyk meýdan, adamlar, garanyň ýüzi...

Or düýşlere ähmiýet bermegiň gerek däldigini, olar gelip-gidýändigini aýdypdy. Biziň hakydamyz gören zatlarymyzy bize görkezýär-de, başdan geçiren zatlarymyzdan bölejik görnüşleri düzýär, edil olaryň gowagynyň diwarlaryndaky ýaly, ýöne janly keşpleri görkezýär.

Gijäniň galan bölegi hiç hili wakasyz geçdi. Olar derýa baryp ýetenlerinde, çygyň ýagýan wagty geldi. Hemmeler ezilmez ýaly, goşlary gizlenilen gür şahaly agajyň aşagynda gizlendiler.

— Çyg ýagýança ýetişenimiz gowy boldy. Ezilmedik, yzlarymyzam onçakly görünmeýär.

Gün görnenokdy, ol entek tokaýyň uzyn agaçlarynyň aňyrsynda gizlenip durdy, ýöne onuň ýyly ýagtysy eýýäm ertiriň dumanyny kowupdy we çyg* ýagmasyny bes edipdi. Birazrajyk wagt geçenden soň, ýer endik edişi ýaly, çygy özüne siňdirdi, paporotnikler, otlar we köp sanly güller özleriniň gündizki çyg paýyny aldylar, şonuň üçin ajaýyp täze güni garşy almaga taýýar boldular. Syýahatçylaryň ýürekleri beýle bir şat däldi. Olar haýsy tarapa ýöremelidikleriniň, mümkin bolan yzarlaýjylardan yzlaryny nädip gowuja gizlemelidikleriniň gürrüňini edýärdiler. Diňe Wa bilen El goňşy agajyň aşagynda oturyp, haýsydyr bir wajyp zat hakynda gürrüň edýärdiler. Wanyň seredişinden çen tutsaň, gürrüň ýerlikli ugurda barýar. Ol gyz dostunyň elinden tutup, onuň gözlerine seredende, Wanyň nazary bütin ýer ýüzündäki çygy birbada guratmaga ukyplydy.

— Onda şeýle hem ederis. El bilen Wa, bärik geliň — diýip, Dan beýlekileri diňländen soň aýtdy.

Olar topara goşulanlaryndan soň, Dan sözüni dowam etdirdi:

---

** Suw almasyndan öňki wagtlarda ýagyş ýagmaýardy, ýer her gün irden bol çyg bilen çyglanýardy.*

— Biz derýanyň akymyndan aşaklygyna ýöräris, ol nirededir bir ýerde biziň derýamyza ýa-da haýsydyr bir köle guýýandyr. Eger onuň özümizi juda uzaga alyp barýanyny görsek, biz kenara çykmaga oňaýly, yz galmaz ýaly ýeri taparys. Biz öz haltalarymyzy çişireris we güýjümizi saklamak üçin, olary ulanarys. Şeýdip, biz uzyn gün ýüzüp bileris, eger gerek bolsa, ondan köp hem ýüzeris. Indi bolsa bize birazajyk güýjümize gelmek gerek. Arun, azyklarymyzdan hemmämiz üçin iýer ýaly zat taýýarla.

Hemmeler ýüzmäge taýýarlanmak bilen meşgullanyp başladylar. Dan garadan:

— Sen ýüzüp bir bilýärsiňmi? — diýip sorady.

— Hawa — diýip, ol gysga jogap berdi-de, derýanyň başyna baryp, ýüzündäki reňkini ýuwup başlady.

Ol öz ýaragyny agajyň aşagynda goýdy. Wa eline gysgajyk, haýran galdyryjy ýagdaýda ýeňil, ýiti ujy ýalpyldap duran naýzany aldy-da, ony elinde tutup görmäge synanyşdy we ýerine goýdy. Soň ol eline gylyjy aldy-da, ony gynyndan çykardy. Ortasy nähilidir bir nagyş bilen bezelen ýiti tyg örän ýeňildi we iki ýüzlüdi. Ol ony otuň içine aýlanda, töweregindäki otlaryň we gülleriň ýokarlarynyň hemmesini bir gezekde gyrdy. Ol gorky bilen gylyjy gynyna saldy-da, ony hem ýerinde goýdy.

Ýaraly kenardan olaryň ýanyna gaýdyp geldi. Ol daňysyny çözdi. Eliň peýkamynyň salan ýarasy eýýäm çekilişipdi. Ol düşnüksiz materialdan bolan bile daňylýan örtükli durdy. Saldamlylyk bilen ýörände, onuň bedenindäki muskullar öwşün atdy, ol Dan bilen dostlarynyň duran ýerindäki agaja tarap

golaýlaşyp, soňky ädimlerini ädende, garanyň egnine düşüp duran birneme buýrarak saçlary ýüzüni ýapdy. Ol olaryň ýanlaryna gelende, haýran galmakdan ýaňa hemmesiniň agyzlaryny açyp durandyklaryny gördi. Ol ýaraly gorkunç duşmandan owadan, uludan ýylgyryp duran goňur gözli ýaş ýigide öwrüldi.

— Sen, sen… — diýip, Wa bir zatlar diýjek boldy-da, açylan gujaga özüni oklady.

— Hawa, bu men — diýip, ýaraly aýtdy. — Sen ejemize diýseň meňzeýärsiň. Men seni şobada diýen ýaly tanadym, ýöne saňa aýtmaga het edip bilmedim…

— Sen Wanyň dogany Anmy? — diýip, Dan onuň sözüni böldi.

Hemmeleri güýçli tolgunma gurşap aldy. Ol, hatda, tolgunýan, bir-birlerini gujaklap, bir wagtyň özünde hem gülýän, hem aglaýan adamlaryň daşlaryndan begençli üýrüp aýlanýan itlere-de geçdi.

— Men nahary taýýarladym — diýip, ilkinji düşnükli sözleri bilen bu şatlygy bozan Arun aýtdy-da, plaşyň üstüne goýlan soňky, eýýäm gatan çörek böleklerine, bir bölek kakadylan we we ýaňyja ýyglan miwelere tarap elini uzatdy, soň hem: — Haýyş edýärin! — diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

— Hawa, bize çen boldy — diýip, Dan ylalaşdy. — Men Beýige minnetdarlyk bildirmek isleýärin.

Hemmeler plaşyň daşynda oturdylar-da, başlaryny egdiler. Diňe An bu zatlaryň hemmesine haýran galmak we bilesigelijilik bilen seredip oturdy.

— Beýik Atam, biziň haýyşymyzy eşideniň üçin Saňa minnetdarlyk bildirýäris. Sen bize adamyň ganyny döküp, gara

adamlar bolmaga ýol bermediň. Biziň haýyş edişimiz ýaly, Sen bize Eli gaýtaryp berdiň. Sen ondan hem uly zat etdiň. Sen Ana azatlyk sowgat berdiň, Wa bolsa — maşgala berdiň. Sen beýiksiň we akyl ýeterli dälsiň. Biz diňe Saňa gurbanlyk bermek hem sežde etmek isleýäris. Iýmit üçin Saňa minnetdar. Haýyş edýaris, bizi duşmanlarymyzdan we gara ýürekden gora!

Hemmeler diňe bile daňylýan örtükde galyp çykarynanlaryndan we zatlaryny çişirilýän haltalara paýlanlaryndan soň, eline gylyjy alyp, Wanyň ýanynda duran An birden ony aýlady-da, gylyjy derýanyň ortasyna zyňyp goýberdi. Hemmeler içlerini çekdiler.

— Siz meniň siziň ýanyňyzda bolup biljekdigimi aýtdyňyz — diýip, An özüne erk etme bilen aýtdy, — Size gylyç gerek däl. Maňa-da gerek däl. Olar adamlary öldürmek üçin ýasalan. Men bolsa, gara bolmak islemeýärin.

Ol birazajyk eglendi-de, öz naýzasynyň ujuny sapyndan döwüp aýyrdy we ony-da derýa zyňdy.

— Indi sen biziňki — diýip, Dan aýtdy. — Meniň haltamda naýzanyň ätiýaçlykdaky ujy we ýeterlik damarlar bar. Indiki düşelgede biz saňa hakyky aw naýzasyny ýasap bereris.

## 7-nji bap

# Gaçyş

Olar ir ertirden, hiç ýerde kenara çykman, ýüzüp başladylar. Kä sag tarapdan, käte çep tarapdan derýa kiçijik derýajyklar we ýaplar goşulýardy. Kem-kemden derýa has çuň hem çalt bolýardy. Olar pyýada ýöränlerinden has çalt ýüzdüler. Elbetde, ylgap olaryň yzlaryndan ýetip bolardy, ýöne sugun Awçylarynyň ertirden agşama çenli, uzakly gün, dynç almak üçin hiç ýerde saklanman ylgaýyşlary ýaly, her kim edip bilmeýärdi. Akymyň umumy ugruna hiç hili täsirini ýetirmeýän birnäçe ýüzüş öwrümlerinden soň, derýa çalt hem giň akym bilen günorta okduryldy.

Olar bile ýüzüp barýardylar. Dan haltanyň ýanyndady, An bilen Wa halta ýapyşyp, bile barýardylar, Arun öz uýasy bilendi. Olar halta ýapyşyp baryşlaryna, öz güýçlerini asla sarp etmediler.

Käwagt olar suw boýuna gelen sugunlary ürküzdiler ýa-da garynlaryna çenli suwa girip duran we olaryň yzlaryndan haýran

galma bilen seredip galan loslaryň uly maşgalasynyň deňinden geçdiler. Tokaý gitdigiçe seýrekleşdi, derýa bolsa, indi giň tekizligiň içinden akyp geçýärdi. Ol ýerde diňe tokaý adajyklary ýa-da aýra duran ullakan agaçlar görünýärdi. Tokaý bütin gözýetimiň gyrasynda beýik gara çyzyk bolup, sag tarapda galdy, çep tarapda bolsa, tükeniksiz düzlük ýaýylyp ýatyrdy. Ol ýerde antilopalaryň, ýabany öküzleriň hem atlaryň gaty uly sürüleri otlaşyp ýördi.

— Bize kenara çykar ýaly ýer tapmaga çen boldy, itler eýýäm juda tapdan düşdüler — diýip, Dan aýtdy.

— Haýsy kenara çykaly: sagamy ýa-da çepe? — diýip, An sorady.

— Sen nähili pikir edýärsiň, garalar bizi haýsy kenardan gözlärler? — diýip, Dan soraga sorag bilen jogap berdi.

— Sag kenardan diýip pikir edýärin. Eger olar aslynda sizi gözläýseler. Men Eli halas edenimde, hiç hili yz galdyrmadym. Öz yzymam, onuň yzynam goýmadym. Olar men ýesir gyza göz gyzdyryp, ony ogurlandyryn öýderler. Eger olar siziň yzyňyzy tapaýsalar-da, onda bolup geçen zat üçin diňe meni jogapkär hasap ederler, ylaýta-da, olary diri galdyranym üçin. Muňa olar düşünibem, düşündiribem bilmezler.

— Bolýar, biz çep kenardan daşly ýer gözläris, ol ýerde hiç hili yzymyzy galdyrmarys.

Tizara şonuň ýaly ýer tapyldy. Bu derýa gelip ýetýän daşly eňňit bardy, ol ýeri haýwanlar suw içilýän ýer edip ulanýardylar. Ol ýerde olaryň hemmesi ýalaňaç aýaklarynyň yzlaryny galdyrmajak bolup, örän seresaplyk bilen kenara çykdylar. Tutuş topar daşdan-daşa böküp, kenardan eslije aňyrraga gitdi-de, ol ýerde,

ýeke dubuň kölegesinde, dynç almak üçin ýerleşdiler. Olaryň aşagyndaky ýere öten ýylky ýapraklar düşelendi, onuň üstünde diňe goza gözlän ýabany doňuzlaryň köwen ýerleri bardy.

Itler göze ilip duran höwes bilen üstlerindäki suwlaryny silkdiler we burunlaryny hüžžerip duran guýruklarynyň astyna gizläp, şobada irkildiler.

— Siz näme üçin köwüş geýmeýärsiňiz? — diýip, aýagynda ýumşak deriden ussatlyk bilen tikilen köwşi bolan An sorady.

— Biz köwşi diňe dagda aw edenimizde geýýäris. Ol ýerde ýiti daşlar kän, aýagyňy ýaralama howpy bolýar. Aýakýalaňaç bolsa, ýöremek, ylgamak we ýüzmek has aňsat bolýar — diýip, Dan, Anyň ýüplerini çözüp, aýagyndan öl köwşüni synlap durşuna, hemmeleriň ýerine jogap berdi.

— Hawa, agam, munuň ýaly aýaklar bilen sen uzaga gidip bilmersiň, seniň dabanyň hamy, edil çaganyňky ýaly — diýip, Wa ýylgyryp aýtdy.

An köwşüni şahadan asyp goýdy.

— Biz kenara beýle golaý düşlemeris. Birden garalar barybir yzymyzdan kowsalar, onda şu ýerde biziň derýadan çykandygymyzy aňarlar, şonda olar yzymyzy aňsatlyk bilen alyp bilerler. Biz birazajyk dynç alarys, itlere ýatmaga mümkinçilik bereris, soň ýola düşeris — diýip, Dan görkezme berdi-de, göni otuň üstünde süýndi.

Birazajyk wagtdan soň, agajyň astynda hemme zat ümsüm boldy. Ukusyz geçen birnäçe gündizden we gijeden soň syýahatçylar öli ýaly uka gitdiler. An hemmeleri garawullamaga isleg bildirip,

soňky günlerde sagdyn adama zerur bolanyndan köp ýatandygyna dostlaryny ynandyrdy. Dan ondan Gün togalagy gözýetimden iki sere ýokardaka özüni oýarmagyny haýyş etdi.

— Men gözümi şu wagtjyk ýumdum, eýýäm turmaly wagt bolupdyr — diýip, Arun hüňürdedi, ýöne hemmeleriň ýola düşmäge taýýardygyny görende, edil ýylan çakan ýaly bolup böküp turdy.

— Mundan beýläk biz gije ýöreýşimiz ýaly ýöräris. Düzgüni bozmagyň manysy ýok — diýip, Dan ondan soň hiç zat düşündirmän, özüniň uly ädimleri bilen ýüzlerçe toýnaklaryň salan ýodasy bilen ýöräp başlady. Ol elinde iki ýaý bilen iki peýkam tutup barýardy, naýzasyny bolsa, arkasyndaky kemerine dakypdy. Olar Gün günbatardaky gözýetimde gara çyzyk bolup duran tokaýa ýetýänçä ýörediler. Birden Dan eli bilen hemmelere durmaly diýen yşaraty etdi. Bu yşarata itlerem düşündi. Hemmeler doňup durdular. Dan egildi-de, uzyn otlaryň we sähralyga ýaýrap ýatan gyrymsy agaçlara bukulyp, ýene birazajyk öňe gitdi. Soň ol ýaýa peýkam goýup nyşana aldy. Ol ony atanyndan soň, ýere egildi. Ol ýerinden galanda bolsa, elinde ýaşajyk antilopa bardy. Peýkam göni onuň ýüregine degipdi.

— Ganyň üstüni göm — diýip, ol Wadan haýyş etdi.

Dan peýkamy çümen ýerinden sogrup aldy-da, ganyň galanyny ýere akdyrdy we gan ýoda akmaz ýaly, ýara bir gysym ot dykdy.

Ýene birazajyk wagtlap ýöränlerinden soň olar ýodanyň gyrasynda ullakan bir agajy gördüler, onuň şahalarynda gowuja ýerleşip boljakdy.

Közüň üstünde çeýe şahalara düzülen tagamly ysly et gowrulyp durka, eýýäm garaňky düşüpdi, oduň daşynda oturanlaryň ýüzlerinde bir hili arzuw edijilikli, hatda mähirli keşp peýda boldy. Hemmeler dymdylar. Dan şu wagtjyk doga etmesini tamamlapdy. Ol öz awyny Beýige bagyş edipdi. Dan Ondan bu dökülen gany öz ýüreklerinde bar bolan garalyklaryň hemmesiniň bagyşlanmagy üçin, Eliň diri hem zyýan ýetmedik ýagdaýda özleriniň ýanlaryndadygy we azatlyk gözlän hem ony alan An üçin minnetdarlyk bildirilip dökülen gan hökmünde kabul etmegini sorady.

Jülgäniň üstünde gijäniň sesleri — wagşylaryň arryldylary, ýabany öküzleriň molamalary we syrtlanlaryň jakgyldylary, olaryň üstlerinden uçup geçýän gijeki guşlaryň ganatlarynyň gaty pasyrdylary we ýaş syýahatçylara entek tanyş bolmadyk başga-da sesler bardy.

Itler bilen An agajyň aşagynda ornaşdylar, galanlary bolsa, şahalaryň içinde ýasalan, endik edilen höwürtgelerde ýatdylar. Oduň üstüne suw guýdular. Gije ýanyp duran oduň başynda oturmak gowy bolardy, ýöne ol juda uzaklardan hem görünýärdi. Ösgün otlaryň içinden birnäçe jübüt gözleriň özlerini synlaýanyny hiç kim duýmady, itlerem ys almadylar.

# Mamont awçylary

— Men — diýip, Dan agaçdan böküp düşdi. Onuň elinde hiç zadam ýokdy.

— Siz näme üçin ot ýakmadyňyz? Jülgede wagşy haýwanlar köp.

— Sebäbi biz garalaryň bizi tapmaklaryny islemeýäris, biz olardan gizlenip ýörüs — diýip, Dan jogap berdi.

— Bu ýere olar gelmezler. Biz juda köplük, şonuň üçin olar bizden gorkýarlar. Ot ýakyberiň. Siz haýsy taýpadan? — diýip, nätanyşlaryň serdary sorady.

Dan bilen serdaryň arasynda gürrüň gidip durka, beýleki nätanyşlar hem köşeşip, ýaş syýahatçylaryň böküp düşen agajynyň aşagyna üýşüp gürleşip başlanlarynda, Wa haltasyndan çykaran çakmak daşy hem garaharsaňyň kömegi bilen ot ýakdy.

— Biz sugun Awçylary taýpasyndan — diýip, Dan jogap berdi.

— Biz şeýledirem öýtdük, ýöne muňa ynamly bolmadyk. Siziň biriňiz birtüýsli geýnipsiňiz. Onuň ýaly geými diňe garalar geýýärler, şonuň üçin biziň içalylarymyz sizi düýnden bäri gizlin yzarlap gelýärler we ätiýaçlyk üçin bizi çagyrdylar.

— Meniň adym Dan, bu bolsa Wa bilen An. Olar, birazajyk meňzeş bolmasalar-da, doganlar. Bu bolsa, Arun bilen onuň uýasy El. Siz kim bolarsyňyz?

— Meniň adym Rehaw — diýip, serdar ilki özüni tanyşdyrdy, soň hem, beýlekileriň hemmesini atlaryny aýdyp tanyşdyrdy. — Biz Çarwalar taýpasyndan. Görşüňiz ýaly, biz Beýik hem tebigat bilen parahatçylykda ýaşaýarys. Biz mamont awlaýarys. Bu jülgede olar birnäçe aýlap bolýarlar, şonuň üçin biz bu ýerde uzak wagtlyk bolýarys. Eger isleseňiz, biziň obamyza baryp görüp bilersiňiz. Ol bu ýerden uzakda däl. Biz siziň ýanyňyzda bir gözegçini galdyrarys, özümizem öýümize gideris. Çyg ýagyp başlamazyndan öň öýe baryp ýeteris diýip pikir edýärin. Sizem birazajyk dynç alyp, daň atandan soň bize gelip bilersiňiz. Size hiç zat taýýarlamak gerek däl, biz size myhman hökmünde garaşarys.

Awçylar ýerlerinden turdular-da, ýogyn agaç saply we ullakan daş uçly naýzalaryny, uly togalak daşdan ýasalyp, berk tutawaçlara berkidilen serdesselerini alyp, gijäniň içinde gaýyp boldular. Olaryň hemmesi örän uzyndylar, muskully bolandyklary üçin döşlek görünýärdiler. Olar uzyn tüýli wagşy öküziň derisinden geýim geýipdiler, bu bolsa olara has-da gorkunç görnüş berýärdi. Garalaryň olardan gorkýandyklaryna haýran galmaly däldi.

Awçylar özleriniň iň ýaşyny goýup, garaňkylykda gaýyp bolanlaryndan soň, hemmeler köşeşdiler-de, oduň daşynda oturdylar. Diňe Arun bilen El agajyň ýokarsyna çykyp, özleriniň höwürtgesinde ornaşdylar.

— Dan, senden bir zat sorasam bolýarmy? — diýip, An aýtdy.

— Hawa, elbetde.

— Seniň Beýige gurban bagyş edişiňi men synladym. Şonda sen ýüzüňi günorta tarap öwürdiň. Näme üçin?

— Sebäbi şol tarapda Bag bar. Ol ýerde biziň ilkinji ata-enemiz Beýik bilen, edil ikimiziň şu wagt ýüzbe-ýüz gürleşişimiz ýaly, gürleşip bildiler.

— Sen nähili pikir edýärsiň, Beýik biziň ilkinji ene-atamyzy näme üçin Bagdan kowduka?

— Sebäbi olar Onuň tabşyrygyny bozdular.

— Şol Bagy tapyp bolarmyka?

— Tapyp bolmaz diýip pikir edýärin, ýogsam, ony bireýýäm tapardylar.

— Eger ol bar bolsa, hatda, onuň nirededigi-de belli bolsa, onda näme üçin ony tapyp bolmaýarka?

— Beýik adamlar üçin böwet goýdy: perişdeler Bagy adamlardan goraýar. Sen näme üçin soraýarsyň? Näme üçin bu soraglar seni biynjalyk edýär?

— Kakam biziň Baga ölenimizden soň barýandygymyzy aýdýardy. Ol ýerde biz özümizden öň gidenler bilen duşuşýarys — diýende, Anyň sesinde gussa hem umyt eşidildi.

— An, biziň uýamyz Nora näme boldy? — Wanyň sesi odyň beýleki tarapynda eşidildi.

— Ol bize bagda garaşýar.

— Bu nädip beýle boldy?

— Garalar biziň obamyzy basyp alanlarynda, ululary̆ň hemmesini öldürdiler. Norany, meni we galan çagalaryň hemmesini uzyn hatar edip daňdylar-da, özleriniň şäherine alyp gitdiler. Bir gün gije biz güýçli sesleri eşitdik. Görüp otursak, gyzlaryň käbirlerine daňydan boşap gaçmak başardypdyr. Olar üç sany eken. Olaryň arasynda Nora hem bar eken. Olaryň yzlaryndan kowalanlarynda, ol ýaralanypdyr we entek ýoldaka ölüpdir. Garalar ony öz däplerimiz boýunça jaýlamaga maňa rugsat etdiler.

— Garalaryň şäheri hakda birazajyk gürrüň bersene — diýip, Dan haýyş etdi.

— Sen hakykatdan hem, bu barada bilmek isleýärsiňmi? — diýip, An haýran galyp sorady.

— Hawa, olaryň nähili ýaşaýandyklary maňa gyzykly.

— Günortada we gündogarda olaryň kän şäherleri bar. Meniň ýaşan şäherim iň demirgazyk şäherdi. Ony aýlanyp çykmak üçin, ýarym gün ýöremelidir diýip pikir edýärin. Ýöne muny barlap görmedim. Şäheriň ortasynda we esasy derwezäniň ýanynda daşdan salnan ullakan ybadathanalar bar. Olar şeýle ullakan bolany üçin onuň ýokarsyndan diňe bir bütin şäher däl-de, eýsem, demirgazykdaky tutuş tokaý we günbatardaky deňiz hem görünýär. Biz häzir şol deňziň demirgazygynda otyrys.

— Adamlar ol ýerde näme bilen meşgullanýarlar?

— Esasan hem, daýhançylyk hem söwda bilen. Şäheriň daşynda çopanlaram bar, ýöne sürüler olaryňky däl-de, şäheriň baý ýaşaýjylarynyňky. Goýunlaryň ýüňlerinden, ine, şunuň ýaly mata dokaýarlar. Munuň bilen meşgullanýan adamlar hem, şäherde ýaşaýarlar. Baý hem güýçli adamlaryň birnäçe aýallary bar — garalarda çaga näçe köp bolsa, tohumyň şonça-da güýçli bolýar diýlip hasap edilýär. Ybadathanalarda özlerini hudaýlara bagyş eden erkekler we aýallar ýaşaýarlar. Olar erkek hem aýal ruhanylar. Haýsydyr bir hudaýa nämedir bir zat gurban bermek isleýän adamlar ol ýere baryp, öz sowgatlaryny berýärler-de, erkek ýa-da aýal ruhanylar bilen ýatýarlar. Ol ýerde uzak ýaşan adamlaryň hem bardygyny aýdýarlar, ýöne men bilemok, ol ýere baryp görmedim.

— Şol sebäpden hem, olarda kesel adamlaryň köpdügini we çagalaryň azdygyny Hel gürrüň beripdi — diýip, Dan gürrüňe goşuldy.

— Köçeler hapa, hapa zatlary göni öýleriň gapdalyndaky ýaplara dökýärler. Şäherde siňek gaty kän — diýip, An gürrüňini dowam etdirdi. — Maňa tokaý, tebigat, gowy adamlar bilen gatnaşyklar diýseň ýetmezçilik edýärdi…

— Çorba näme? — diýip, Arun agajyň üstünde ýatan ýerinden sorady.

— Garalar eti gowurmaýarlar-da, gaýnadýarlar. Olar bir gaba suw guýup, ony oduň üstünde goýýarlar. Suwa et, dürli gök

önümleri we otlary atýarlar. Et bişenden soň, olar eti iýýärler we çorba diýilýän suwuny içýärler.

— A-a, şondan şeýle ýürekbulandyryjy ys gelýän eken…

— Indi sen öýüňde, özüňkileriň arasynda — diýip, Wa doganynyň egnine kakdy. — Gel, ýene birazrajyk ýataly.

# Çarwalarda myhmançylykda

Dan bilen onuň ýoldaşlary çalt ädimläp azajyk ýöränlerinden soň, adamyň egnine ýetip duran ota bürelip duran eňňitli depeleriň kiçiräjik hataryna çykdylar. Olary Mur atly ýaş çarwa alyp barýardy. Olar golaýdaky depä çykanlarynda, olaryň gözleriniň öňünde ajaýyp şekil göründi: darajyk jülgäniň ortasynda, gözbaşyny birnäçe depeleriň arasynda ýatan kölden alýan çalt akymly derýajyk akyp geçýärdi.

Bu kölüň kenarynda we derýajygyň boýunda mamontlaryň we ýabany öküzleriň derileri bilen örtülen kepbejikler durdy. Kepbeler azdy, belki, on ýa on bäş sanydyr. Köp kepbeleriň öňlerinde aýallar aýlanşyp ýördüler, çagalar ylgaşyp hem gülşüp ýördüler, itler üýrýärdiler. Howada tüssäniň, täzeje çöregiň we gowrulan etiň ysy bardy.

Myhmanlary ilki bilen itler gördüler, şonuň üçin olar giden bir süri bolup, olaryň öňlerine ylgadylar. Ýöne Mury görenlerinde, olaryň haýbatly üýrmeleri itleriň dostlukly salamyna öwrüldi — olar şadyýan çyňsadylar we guýruklaryny buladylar. Olaryň käbirleri Muruň ýanyna ylgap geldiler-de, onuň aýaklaryna süýkendiler, soň hem, baryp, myhmanlary ysgadylar. Galanlary olaryň töwereginde aýlandylar-da, yzlaryna oba okdurylyp gitdiler.

Taýpanyň uzak ýaşan adamlary myhmanlaryň öňlerinden çykdylar.

Olar myhmanlaryň hemmesini gujaklap we dabaraly salamlaşma sözlerini aýdyp, olary kölüň kenaryna alyp gitdiler. Ol ýerde iň uly kepbäniň öňünde ot ýanyp durdy, oduň üstündäki çişde etiň ullakan bölekleri gowrulyp durdy. Kepbäniň girelgesiniň öňünde wagşy öküzleriň derileri düşelgidi, şolaryň üstünde hem ýerde myhmanlary oturtdylar. Myhmanlaryň gelmeginiň bütin taýpa üçin uly waka bolandygy göze görnüp durdy, sebäbi olaryň töwereginde erkeklerden, aýallardan we çagalardan ybarat bolan dykyn mähelle emele geldi. Uzak ýaşanlaryň birnäçesi we Rehaw myhmanlar bilen bile oturdylar we kepbäniň girelgesinde duran iki ýaş esgere yşarat etdiler. Oglanlar girelgäni ýapyp duran tutyny galdyran batlaryna, ol ýerden ýaş gyzlar çykdylar. Olaryň hemmesi uzap duran ellerinde, üstüne tertiplije edilip ot goýlan çörek alyp çykdylar. Bu zatlar örän dabaraly hem owadan göründi. Gyzlar uzak ýaşanlaryň öňlerinde çörekleri goýdular-da, mähelläniň içine siňip gitdiler.

— Biziň ýanymyza ýüreklerimize gymmat bolan myhmanlary iberen Beýik hem Ebedi, Sen mübäreksiň. Bizi biri-birimiz bilen

gatnaşma tejribesi bilen baýlaşdyr we Seniň bize beren iýmitiňi bereketle — diýip, Hor atly uzak ýaşan goja dabaraly aýtdy.

Uzak ýaşan gojalar çörekleri döwüp, myhmanlaryň her birine berdiler. Uzak ýaşan aýallaryň biri oduň üstünde gowrulyp duran eti kiçiräjik böleklere bölüp, Dandan başlap Ele çenli berdi. Bu taýpanyň örän takyk ýola goýlan myhman kabul ediş däbiniň bardygy görnüp durdy.

— Biziň ülkämize nädip düşeniňizi gürrüň beriň.

Dan ilkibaşdan gürrüň berip başlady. Ol nämedir bir zady gysgaltjak bolanda, uzak ýaşan gojalar ondan hiç zady sypdyrmazlygy mylakatlylyk bilen haýyş etdiler. Ol gürrüň berýän wagtynda, olara et berip durdular we agaç käsede içgi berdiler.

Ýowşanyň ajysy bilen dänäniň ýakymly ysy gelýän içgini olar haýwanlaryň derisinden edilen haltalarda saklaýardylar.

— Sugun awçylarynyň taýpasy nirede ýaşaýar? — diýip, uzak ýaşanlaryň biri sorady.

— Ol ýerde, tokaýyň aňyrsynda — diýip, Dan demirgazyk-günbatar tarapy eli bilen görkezdi. — Bu ýerden dört günlük ýol. Derýanyň aňyrsynda. Uly gowakda.

— Taýpa ulumy?

— Siziňkiniň ýarysy bolar ýa-da ondan-da azrakdyr diýip pikir edýärin.

— Sizde uzak ýaşan adamlar barmy?

— Hawa, eslije bar.

— Taýpa kim ýolbaşçylyk edýär? — diýip Hor sorady we Danyň düşünmändigini görüp: — Kim karar çykarýar — diýdi.

— Karary ýaşulular maslahaty çykarýar, oňa uzak ýaşanlaryň hemmesi we awyň ýolbaşçysy hem serdar girýär.

— Siziň serdaryňyz kim?

— Ol Arun bilen Eliň kakasydy…

— Diýmek, sen-dä? — diýip, Hor ýylgyryp sorady.

— Belki, — Dan utandy. — Men entek ýaş, ýöne taýpanyň adamlary maňa ynanýarlar.

— Siz Beýik hem Ebedi, hem-de tebigat bilen parahatçylykda ýaşaýarsyňyzmy?

— Hawa, maşgalalaryň hemmesi diýen ýaly, Beýigi sylaýarlar. Bize adam öldürmek gadagan edilen, ýogsam, bizem gara bolarys. Uzak ýaşanlar bize şeýle öwredýärler, Or şeýle öwredýär.

— Or?

— Hawa, biziň iň hormatlanylýan uzak ýaşaýjymyzyň ady şol.

— Men ony tanaýaryn. Köp, örän köp ýyl mundan ozal, tebigat bilen parahatçylykda ýaşamak isleýänler ýaňy täze durmuş ýörelgelerini özleşdirip başlanlarynda, biz Uly deňziň kenarynda duşuşdyk. Şol wagt ol ýere atalary şäherleri we garalaryň obalaryny terk edip gaýdan taýpa ýaşululary ýygnandylar. Meniň ol ady ýatda saklamagymyň sebäbi, meniň adym hem, edil onuňky ýaly. Meniň adym diňe biziň taýpamyzda Hor diýlip tutulýar. Or ikimiziň garry atamyzyň ady şeýledi, bize şonuň ady dakylandy. Biziň garry atamyz garalaryň şäherini terk eden ilkinji adamlardandy, şonuň üçin hem, ol öz taýpasynda şol ady alýar…

— Ol ýürekdäki Gün ýagtysyny aňladýar — diýip, Dan sözüni dowam etdirdi: — Garalar biziň aw serhedimize geldiler. Olaryň

ýüzüp bilmeýändikleri gowy bolaýdy, şonuň üçin biz entek howpsuzlykda.

— Ýöne olar gaýyk oýlap tapdylar — diýip, An söze goşulmaga het etdi.

— Ol näme? — diýip, Hor öz soragy bilen Anyň olar bilen deň derejede gürrüňe goşulyp bilýändigini görkezip sorady.

— Ol agaçdan ýasalan zat bolup, onuň içine on-on bäş sany esger ýerleşip bilýär, şolarda olar, hatda, deňizden hem ýüzüp geçip bilýärler. — An ümsüm boldy, soň söhbetdeşleriniň tolgunandyklaryny görüp: — Gabat gelse, men size bir ýa-da iki-üç adamlyk gaýyklaryň nähili ýasalýanyny görkezerin — diýdi.

— Bu şuny aňladýar… — diýip, Dan başlady.

— Derýa garalar üçin päsgelçilik däl. Siziň bütin taýpaňyz howp astynda — diýip, An sözüniň üstüni ýetirdi.

Hemmeler ümsüm boldular. Myhmanlar bilen gürleşme şatlygy gaýyp boldy.

Hemmeler birazajyk wagtlyk öz pikirlerine batdylar. Şonda Rehaw:

— Ýörüň, men size dynç almaly kepbäňizi görkezeýin. Eger siz onçakly ýadamadyk bolsaňyz we isleseňiz, onda awa gatnaşyp bilersiňiz. Şu gün biz agşama golaý kowma başlaýarys.

— Kowma näme? — diýip, Dan ýerinden galyp barşyna sorady.

— Biziň gözleýjilerimiz mamontlaryň uly sürüsini sizi gören ýerlerinde tapypdyrlar. Olar üçin şu wagt uly geçiş wagty däl, şonuň üçin juda uzaga gitmeli bolýarys. Biz mamontlary hol daglara tarap kowarys, olaryň eteginde çuň jarlar bar. Eger Beýige makul bolsa, onda olaryň haýsydyr biri şol ýere ýykylar-

da, bize ýeter. Biz kowgyny agşam başlarys, Gün olaryň gözlerine düşer ýaly, gündogardan gireris, jara tarap bolsa, biz olary garaňkyda kowarys.

— Biz siziň bilen höwes bilen gideris — diýip, Dan taýpadaşlarynyň begençli ýüzlerine seredip, hemmeler üçin jogap berdi. — Biz ýarag almalymy?

— Elbetde! Aýratynam, ol ertir gerek bolar. Biz kowgy geçirenimizde, köp haýwanlar aw almak isleýärler. Kowga, adatça, awçylaryň iki ýa-da üç topary gidýär. Ondan köp bolsa howply bolýar, biri-biriňi gözden ýitirmegiň mümkin, mamontlar bilen oýun etmek bolsa, erbetdir. El gowusy öýde aýallaryň ýanynda galsyn.

— Men ýaýda oky islendik esgerden pes atmaýaryn! — diýip, El birazajyk çekinibräk aýtdy.

— Men şübhelenmeýärin — diýip, Rehaw ýylgyryp jogap berdi. — Ýöne biz aýallarymyzy aýap saklaýarys. Biz olarsyz näme ederdik? Awdan soň aýallara iki günlük, ondan hem köpräk, iş bolýar.

— Elbetde, biz siziň taýpaňyzyň däplerine hormat goýýarys, şonuň üçin El aýallaryň ýanynda galar — diýip, Dan Ele hyrsyz seretdi. — Biziň aýallarymyz awa erkekler bilen deň derejede gatnaşýarlar.

El başyny azajyk aşak egdi-de, ylalaşýan äheňde çalaja başyny atdy. Rehaw olary edil kölüň kenarynda duran kepbelere alyp bardy, ol ýerde göm-gök bolup duran arassa suw bardy.

— Ine, biz geldik. Depeleriň suwa kert gaýa bolup girip duran ýerinde ýerden birnäçe çeşme çykyp dur. Olaryň birinden örän

sowuk suw gelýär, birinden gyzyn suw gelýär. Gyzgyn suw gök, şonuň üçin kölüň reňki şeýle. Kölde örän köp balyk bar — diýip, Rehaw Ele ýylgyryp seretdi, soň hem: — Biziň aýallarymyz olary tutýarlar. Ýene bir zat bar. Bizde bu köle her gün suwa düşýän adam hiç haçan kesel bolmaýar diýlip hasaplanylýar — diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

Wa, Arun hem El bu sözleri eşidenlerinde biri-birlerine seredişdiler, soň hem, Dana seretdiler. Dan hem diňe ýylgyrdy.

# Mamont awlamak

Kepbeler pesdi hem dardy. Bir jaýa bäş adamdan köp adam sygmaýardy, bäş adamam diňe oturanda ýa-da ýatanda sygyp biljekdi. Kepbeler mamontlaryň gyýaklaryndan we belli bir görnüşdäki gury şahalardan ýasalandy we deriler bilen örtülendi. Her bir kepbedäki ýer poluna ullakan wagşy öküziň derisi düşelendi.

Myhmanlar uzak dynç almaly bolmadylar: obanyň içinde itleriň üýrýän seslerinden, çagalaryň hem ululary galmagalyndan ýaňa uly goh turdy. Hemmeler olaryň kepbeleriniň ýanyna üýşdüler.

Görüp otursalar olar kiçiräjik meýdançanyň ýanyndaky merkezde ýerleşýän ekenler, şol ýerde hem adamlar ýygnanyşan ekenler. Kowga gitjekleri derrew seljerip bolýardy: olar diňe bilindäki daňylaryndadylar, ellerinde-de daşdan ujy bolan ýogyn

naýzalary tutup durdular. Olaryň ýanlarynda ullakan, tüýlek, gulaklary sallanyp duran itler aýlanyp ýördi.

Myhmanlaram özleriniň naýzalaryny alyp, olaryň ýanlaryna çykdylar. Ýöne awa ýolbaşçylyk edýän Rehaw oglanlaryň hersine has berk naýza berdi:

— Siziň naýzalaryňyz mamontyň derisi üçin juda ýeňil. Bulary alyň. Öz itleriňizi-de Eliň ýanynda galdyryň, olar munuň ýaly awa öwrenişmedik, şonuň üçin ölmekleri mümkin.

— Indi bolsa, Ebediden bize ak pata bermegini soralyň — diýip, Hor gaty sesi bilen aýtdy-da, ellerini ýokary galdyrdy. Ol öz sözlerini uly naýzany ritm ýaly edip yralap, aýdym aýdan ýaly edip gürläp başlady:

— Beýik hem Ebedi, biz Saňa baş egýäris, biziň goragymyz hem alýan kömegimiz Senden gelýändir, dileglerimizi Saňa edýäris, bizi bagyşla we rehim et, awymyzda bize kömek et we bizi gora, aýallarymyza hem çagalarymyza rysgalyny ýetir, biziň ellerimize güýç, aýaklarymyza tizlik ber…

Ol käbir haýyşlaryny birnäçe gezekden gaýtalap, şeýle gürläp durka, awçylar onuň daşyna töwerek boldular-da, naýzalaryny ýokary galdyrdylar we haýaljakdan takta girip, ýeri depdiler. Hor çaltrak gürledi, şonuň üçin töwerek bolup duran awçylaram ýeri çaltrak depip başladylar, soň töwerek Günüň ugruna süýşdi, temp bolsa has güýçlendi. Töwerekdäkileriň hemmesi sözlere, ritme we awçylaryň horuna goşuldylar. Hor sesini goýanda, hemmeler saklandylar we ýene lezzet içinde birazajyk durdular. Sugun

awçylary munuň ýaly zady entek hiç haçan hem görmändiler, ýöne bolýan zatlara olaram goşuldylar.

Rehawyň buýrugy boýunça awçylar ýola düşdüler. Olar ilki hatar bolman ýörediler, emma temp tizara deňeşdi we muskully, sakally erkekleriň we sakalsyz ýigitleriň uzyn hatary eýer görnüşli depeleriň üstünden geçip, syýahatçylar toparynyň şu gün irden gelen tarapyna ýörediler.

Myhmanlar käbir awçylaryň ýanlarynda iki itden, käbirleriniň ýanlarynda hem bir itden bardygyna, itleriň mydama öz eýeleriniň yzlaryndan ýöreýändiklerine üns berdiler. Çarwalar taýpasynda her awçynyň öz itiniň bardygyna, onuň diňe öz eýesiniň buýrugyna gulak asýandygyna düşündiler.

Ilki hemmeler günorta ylgadylar, birneme wagt geçenden soň bolsa, batyp barýan Günüň ýagtyldyp duran günbatar tarapyna öwrüldiler. Belent bolmadyk daglar has golaýlaşdy. Ýöne, ine, Rehaw ylgawyny ýuwaşatdy, soň hem, saklandy.

— Ýel günbatardan öwüsýär, mamontlar entek biziň bardygymyzy duýmadylar. Olar hol tokaýjygyň aňyrsynda otlaşyp ýörler. Biziňkiler kimiň näme etmelidigini bilýärler, şonuň üçin men diňe myhmanlara düşündirýärin. Häzir biz itlere buýruk bereris, olar mamontlar bize üns berer ýaly, goh turzarlar. Olar derrew gorkmaly däl. Diňe ýerinden gozganmagy buýruk berer ýaly, olaryň öňbaşçysynda birahatlyk döretmeli. Olar ýerlerinden gozgananlaryndan soň, biz ýarym töwerek bolup, olaryň daşyny gurşap alarys-da, sesleri güýçlendireris, şonda olar gaçarlar. Biz bolsa olary kowalarys. Mamontlar hem edil adamlar ýaly, çalt ylgap

bilýärler, ýöne uzak wagtlap ylgap bilmeýärler. Biziň öňde ylgap barýanlarymyz saga geçýärler, yzda ylgap gelýänlerimiz bolsa, sola. Paýlanalyň! Mamontyň hem ýüregi, sugunyň ýüreginiň ýerleşýän ýerinde ýerleşýär. Ätiýaç üçin aýdýaryn. Hemme zat pikir edilişi ýaly geçer diýip umyt edýärin.

Awçylar ýarym tözerek bolup süýşüp başladylar, şonda çep hem sag tarapyň aralygy gaty uly giňişlik boldy. Birden Rehawyň yşaraty boýunça itleriň hemmesi gazaply üýrdüler, awçylar bolsa, sütünleriniň gara şekilleri bildirip duran tokaýjygyň agaçlarynyň arasy bilen haýaljakdan ýörediler. Awçylar tokaýjygy çep tarapda galdyryp, onuň aňyrsynda ýaýylyp ýatan düzlüge, belent bolmadyk daglara tarap barýan eňňide çykdylar. Mamontlaryň sürüsi hem, şol tarapa arkaýyn ädimläp barýardy. Olar ondan köp däldiler; iki erkek, üç urkaçy we entek gyýaklary-da çykmadyk birnäçe çagalary bardy. Süriniň içinde olar ortadadylar. Awçylar ritm döredip başladylar: «Uh-ha, uh-ha», olar muny öz sesleriniň ritmine salýardylar we mamontlaryň ädimleriniň taktyna sazlaýardylar. Soň olar ritmi azajyk çaltlaşdyrdylar, mamontlar muňa tabyn boldular, soň ritm has köpräk güýçlendi, soň… awçylaryň eýmenç sesleri tarapyndan kowalanylýan bütin süri, ýokary galdyrylan hortumlaryny galdyryp ses edip, dag tarapa gaçdy.

Indi ritme, goha, mamontlaryň seslerine goşulan myhmanlar, Çarwalar taýpasynyň kowgysynyň nämäni aňladýandygyna düşündiler. Uzyn otlaryň içinde munuň ýaly köp ylgamak kyndy, myhmanlar ýadap başladylar, ýerli awçylar bolsa, hatda derlemediler em.

Birazrajyk wagtdan soň, awçylar ýarym töweregi daraltdylarda, ylgawy güýçlendirdiler. Itler eýýäm edil gaçyp barýan mamontlaryň aýaklarynyň ýanynda üýrýärdiler, emma olara hüjüm etmeýärdiler. Hüjümi güýçlendirmek bilen, olaryň islenilýän zadyň göni tersine bolan zadyň üstünden barmaklary hem mümkindi: mamontlar saklanyp, goranyşa geçip hem bilýärdiler. Şonuň ýaly bolanda, adamlara hemme zady täzeden başlamakdan başga zat galmaýardy, ýöne indi başga gün we başga ýerde başlamaly bolýardylar.

Birden birhili bulaşyklyk boldy-da, mamontlar duýdansyz çep ýarym töwerekde ylgap barýan awçylaryň birnäçesine tarap ylgadylar.

— Boldy! Boldy! — diýip, sag tarapda ylgap barýan awçy gygyrdy. — Biri ýykyldy!

Bir pursatyň içinde çep tarapa ylgap barýanlar güýçlerinde baryny edip, uçuda tarap barýanlaryň ýanyna okduryldylar. Ol ýerde eýýäm sag tarapky awçylar aşaga seredip durdular. Mamontlar gözden gaýyp bolýançalar uçudyň gyrasyndan ylgamagy dowam etdirdiler. Bu wagt eýýäm Gün dagyň aňyrsyna giripdi, şonuň üçin çuň daşly jaryň içi has garaňkydy. Diňe çal agaçlardan azajyk tapawutlanýan tüýlek äpediň gara şekili görnüp durdy.

— Biziň hemmämiz jara düşýäris. Ol ýerde oňaýly ýer bar. Jaryň içinde biz ot ýakmak üçin odun taýýarlap goýduk. Biz gije galýarys. Üç adam oba ylgap gider-de, awyň şowly bolanyny

biziňkilere habar bererler — diýip, Rehaw buýruk berdi-de, aşak düşmäge başlady.

Jar kiçiräk suwuň emele getiren hanasy eken. Diwaryň gapdalynda öwrümli ýoda bolup, ol garaňkyda şyrlap akyp duran giň çeşmäniň düýbünde gutarýardy. Onuň ýanynda mamontyň ullakan tüýli maslygy gyýalaryny göge tutup ýatyrdy, onuň kellesi adaty bolmadyk ýagdaýda towlanandy.

Rehaw aşak gaçan äpediň ýanyna bardy-da, güýjünde baryny edip, onuň çep aýagynyň aşagyna naýzasy bilen urdy. Ol naýzany çykaranynda, ýaradan gan çeşme bolup akdy. Rehaw hem onuň töweregini alyp duran awçylar ellerini göge galdyrdylar, soň Rehaw doga edip başlady:

— Beýik hem Ebedi, biz Saňa minnetdarlyk bildirýäris! Sen biziň dogalarymyzy eşidip, awymyzda üstünlik berdiň. Awymyzy, bu ýerde ýatan mamontyň ganyny Saňa bagyş edýäris, biziň ýüreklerimiziň garaňkylygyny bagyşla we bize nurda ýaşamaga kömek et. Soň Rehaw birnäçe bölek et kesip aldy-da, itleri naharlady. Olar muňa mynasyp boldular, olar öz baýragyny derrew almalydyrlar.

Awçylaryň birnäçesi ot ýakdylar-da, gije ýatar ýaly ýer taýýarladylar, ýöne hiç kim ýatmak islemeýärdi, hemmeler juda tolgunypdylar. Olar oduň daşynda oturdylar-da, ümsüm boldular. Diňe özleriniň mynasyp bolan aw paýyny iýen itleriň hoşal çyňsamalary we gijeki guşlaryň sesleri eşidilýärdi. Jaryň gyrasyndan Aý çykdy, onuň gowşajyk ýaýraň ýagtysy jaryň düýbüne ýetdi.

Wa arkanlygyna ýatyp, ellerini kellesiniň aşagyna goýdy-da, Aýy synlady. Aýda näme sebäpden gara tegmilleriň bardygy ony köpden bäri gyzyklandyryp gelýärdi, ýöne muny oňa hiç kimem düşündirip bilmeýärdi. «Dünýäde mundan başga-da, bize mälim bolmadyk, gyzykly zatlar kän» — diýip, ol pikir etdi. Ol uka gitdi, düýşünde bolsa ol tokaý, ýele yraň atýan sary saç we öz doganyny gördi.

— Oýan, munça-da ýatmak bolarmy! — diýip, dogany onuň bykynyndan itdi. — Anha, eýýäm aýallar aşak düşüp gelýärler.

Wa Eli gördi. Onuň ýogyn bir desse edip, ýeňsesine ýygnan saçy, atyň guýrugyna meňzeýärdi we onuň ädimleriniň taktyna yraň atýardy.

# Gaýyk

Mamontyň etini bölüşdirmek bütin indiki güni we ýene bir günüň ýarymyny aldy. Aýallar esasy işi etdiler. Erkekler, esasan hem, oba taýýar eti daşadylar. Aýallar etiň uly böleklerini gowurdylar-da, olary deriden edilen haltalara saldylar we üstüne eredilen ýagy guýdular. Şonuň ýaly haltalar gaty köp boldy.

— Şunuň ýaly etseň, et esli wagtlap saklanylýar, aýratynam, eger şu gezekki ýaly, eredilen ýag, duz we sarymsak goşsaň. Bizde duz hemişe bolup durmaýar, ýöne birnäçe aý mundan ozal bizde myhmançylykda bolan myhmanlarymyz bize bir halta duzy sowgat berip gitdiler. Olar ony günortadan bir ýerden özlerine alyp barýan ekenler. Şeýlelikde, bu gezek Ebedi bize aýratyn bereket berdi — diýip, Rehaw Dana düşündirdi.

— Biz siziň bilen tanşyp bilenimize, awa gatnaşyp, tejribämizi artdyranymyza şat. Köp sag boluň! — diýip, Dan Rehawa aýtdy.

Olar myhmanlara niýetlenilen kepbeleriň ýanynda durdular. — Ýöne ertir, çygdan soň, biz ýolumyzy dowam etdirýäris. Biz, şeýle-de, köp eglendik.

— Bolýar. Biz sizi saklamaga het edip bilmeris. Häzir bolsa size ýola taýýarlanmak, uzak ýola düşmeziň öň ýanynda gowuja dynç almak gerek. Isledigiňizçe, göterip bildigiňizçe azyk alyň — diýip, Hor olaryň ýanlaryna gelip aýtdy.

Dan garşy çykmaga synanyşdy, emma Hor elini hökümli galdyryp, sözüni dowam etdi:

— Siz diňe bir biziň myhmanymyz bolman, eýsem, awyň bir bölegine hukugyňyz hem bar. Siziň gyzyňyz bolsa, nämedir bir peýdaly zady öwrenmän, eýsem, gowy işledi hem.

Ýatmazynyň öň ýanynda syýahatçylar ýene bir gezek ýygnandylar-da, özleriniň indiki etmeli zatlaryny ara alyp maslahatlaşdylar.

— Biz derýanyň ýanyna baranymyzda, haýsy ýoldan gitjekdigimizi çözmek gerek bolar — diýip, Dan aýtdy. — Bize derýadan ýarym günlük ýoldan uzak bolmadyk, aşak akymdan bäş günlük ýoldan uzak bolmadyk gowak tapmaklyk tabşyryldy.

— Bu derýanyň akymy boýunça onuň uly derýa guýýan ýerine çenli, ine şu ýere, aşak düşmegi teklip edýärin, — Wa eline çöp aldy-da, ýere çyzyp başlady. — Eger Rehaw bilen Hora ynansak, onda biziň gowagymyza çenli bäş güne golaý ýol bar. Derýanyň gyrasyndaky şu ýerden şu ýere, garalary kowalanymyzda tokaýa öwrülen ýerimize çenli, ýokary galmaly.

— Teklip örän paýhasly — diýip, Arun dostuny goldady. — Maňa ýarady.

— Eger biz karara gelsek ... — diýip, An söze başlady, ýöne hemmeleriň ýylgyranyny görüp ümsüm boldy.

— Dowam ediber, dowam ediber! — diýip, Dan utanyp gyzaran Any goldady. — Seniň «biz» diýeniňe biz diňe şat.

— Ine şeýle, eger biz derýanyň akymyndan aşaklygyna gitme kararyna gelsek, onda gaýyk ýasamagy teklip edýärin. Onuň nämedigini men eýýäm size aýdypdym. Bu biziň syýahatymyzy çaltlaşdyrar we ýeňilleşdirer. Iň bolmanda, akymdan aşaklygyna gidenimizde.

— Bolýar, ýöne şu gezeklikçe. Biziň garalar ýaly, gaýyk ýasamalydygymyzy ýa däldigimizi, goý, ýaşulular çözsünler — diýip, Dan aýtdy. — Munuň üçin bize näme gerek?

— Çarwalardan köpräk ýaglanan deriden edilen inçe kemer sora. Ol bularda köp eken, men gördüm.

— Ýene nähili teklip bar? — diýip, Dan indi başga hiç kimde soragyň ýoklugyny görüp sorady we gije ýatmagy buýurdy.

— Deriden ýasalan bu hinde ýatmak şeýle kyn — diýip, Arun hüňürdedi. — Göwnüme uklanymdan soň gowagyň potology üstüme gaýdaýjak ýaly.

— Ýene bir azajyk sabyr et. Tizara biz oňaýly höwürtgelerde ýa-da giň gowakda ýatarys — diýip, El doganyny köşeşdirdi.

Ir ertir Gün dag gerişlerini ýaňy ýagtyldanda we ynamsyz altyn şöhlelerini asmana saçanda, ýolagçylar eýýäm myhmanlary

ugratmaga ýygnanan awçylaryň, aýallaryň we uzak ýaşanlaryň öňlerinde durdular.

— Goý, Beýik her gün siziň bilen bolsun! — diýip, Hor Elden başlap, Dana çenli nobatma-nobat olaryň hemmesini gujaklap arzuw etdi. — Meniň garyndaşym Ora salam aýdyň! Gören eşiden zatlaryňyzy oňa gürrüň beriň. Onuň ajaýyp çagalary bilen tanşanyma meniň örän şatdygymy oňa aýdyň.

Myhmanlaryň haýran galan ýüzlerini görende, ol düşündirip şeýle diýdi:

— Çagalar — bu diňe maşgaladaky nesil bolmaýar-da, eýsem, ruhuň boýunça-da bolýar. Siziň onuň ruhy çagalarydygyňyza men göz ýetirdim.

Myhmansöýerligi üçin Hora minnetdarlyk bildirip, haltalaryny we okly hem ýaýly haltalaryny arkalaryna daňyp, naýzalaryny ellerine alyp, syýahatçylar depeleriň arasyndaky ýalpagrak oýluk ýerlerden, özleriniň soňky günlerde birnäçe gezek geçen ýerlerinden, sazlaşykly ädimläp ýöräp gitdiler. Olar depä ýetenlerinde, myhmansöýer mamont awçylaryna hoşlaşygyň alamaty hökmünde ellerini buladylar. Ýöne An özüne Rehawyň sowgat beren uly naýzasyny iki eli bilen ýokary galdyryp, onuň üçin ýene bir gezek minnetdarlyk bildirdi. Indi ol Çarwa taýpasynyň awçysy ýaly geýnendi. Onuň egninde ussatlyk bilen tikilen tüýli deri bardy, ol onuň dyzyna ýetip durdy we çep egnini ýapýardy, ýöne sag egni açykdy. Giň bilinde gynyna salnan daşdan edilen pyçak we ot ýakmak üçin gerek bolan esbaplar asylgydy. Rehaw hemme zadyň aladasyny edipdi.

Myhmansöýer jülgä soňky gezek seredip, olar düzlüge düşüp ugradylar. Syýahatçylar hiç hili buýruksyz endik edilen hatara düzüldiler-de, ýöremek bilen ylgamagyň arasyndaky ortaça ýörişe geçdiler. Şeýle ädim bilen olar gündiz hem gije dynç alman gidip bilýärdiler. Ýöne bu gün olara beýle uzaga gitmek gerek däldi. Günortanlar olar derýanyň kenaryna, ýöne Çarwalar taýpasyna öwrülen ýerlerindäkä seredende, akymyň has aşak akymyna baryp ýetdiler.

— Bolýar, başlaýarys — diýip, An görkezme berip başlady. — Wa bilen Arun, hol gamyşlygy görýärsiňizmi? Şolardan mümkin boldugyça uzyn, düýbi barmagyň ýogynlygynda bolanlaryny kesiň-de, bärik alyp geliň. Eslije gamyş gerek bolar. Sen bolsa, Dan, takmynan şeýleräk, ine şunuň ýaly, şaha gözläý. Eger haçjanyň üstündäki şahalary kesseň, haçjanyň özüni-de ýonsaň, onda çorba bulanýan ullakan çemçe bolýar.

Çorbanyň we çemçäniň nämedigini bilmeýän Danyň haýran galan ýüzüne seredeninde, ol özüniň elini görkezdi:

— Bize elimiz bilen däl-de, kürek bilen küreklemek gerek bolýar. Ol edil ullakan el ýaly zat bolýar, ýöne ondan uzynrak, aşagy-da giňräk bolýar.

— Göni şeýle diýäýmeli-dä — diýip, Dan güldi. — Häzir ediler.

Dan dört küregi taýýarlamak bilen meşgullanýarka, An bilen El uly meýdançany otlardan we gyrymsy agaçlardan arassaladylar, Wa bilen Arun bolsa, özleriniň ýygan gamyşlaryny ol ýere goýdular.

— El, gamşyň daşyny arassalap, ine şu ýere goýmaly. Men bolsa, inçejik agaçlardan dört sany keseligine goýulýan pürs, dört sany hem, ondan iki esse uzyn, uzaboýuna goýulýan syryk taýýarlajak. Biz olara gamyşlary daňarys — diýip, An aýtdy.

Kürekler, syryklar we gamyş taýýar bolandan soň, An gamyşlary dört topbak edip goýdy: birinji ikisini — ujy inçelerini — bir tarapa, ikinji iki sanysyny beýleki tarapa goýdy. Mundan soň gamyşlar alty ýa-da on sanydan, ýogynlygyna baglylykda, desse edilip boguldy. Daňlyp goýlan gamyşlar keseligine hem uzaboýuna goýlan syryklara daňlanynda, gamşyň şol giden topbagy düýbünden başga görnüşe geldi. gaýygyň burny ýokarlygyna towlanypdy, yz tarapy bolsa giňdi, şeýle hem, çalaja galdyrylandy.

Hemmeler elleriniň eden işlerine guwanmak üçin bir gyra çekilenlerinde, eslije göwrümli jaýjagazy gördüler. Onuň uzynlygy on bäş tirsekdi, ortasynyň ini bäş tirsekdi. Onuň ortasynyň beýikligi üç tirsekdi. Keseligine hem uzaboýuna goýlan syryklara ýene iki bag gamyş daňyldy, şonda ol borty emele getirdi.

— Bu gaýyk. Onda biz, hatda, deňizden hem, ýüzüp geçip bileris — diýip, An göwnühoş bolup ýylgyrdy.

— Garalar gamyşdan şunuň ýaly gaýyklary ýasaýarlar, ýöne olaryňky mundan bäş esse uly. Özlerini harby ýörişleri üçin olar byçgy bilen kesilen agaçlardan gaýyklar ýasadylar — diýip, An düşündirdi. — Biz ýola düşüp bileris.

— Gije şu ýerde galarysmy ýa-da Anyň sungatyna ynanarysmy? — diýip, Dan hemmeleriň pikirini bilmek isledi.

— Men öz doganyma ynanýaryn — diýip, Wa ilki bolup jogap berdi.

— Men gitmegiň tarapdary. Biz garalaryň niredediklerini bilemzok ahyry. Derýanyň içinde howpsuzrak bolýar — diýip, El Wany goldady.

— Menem goldaýaryn — diýip, Arun dostlaryna goşuldy. — Gaýygy biziň özümiz ýasadyk ahyry. Ol nädip bizi ýüň sakal edip biler?

— Beýle bolsa, wagt ýitirmek bolmaýar. Gün eýýäm batyp barýar — diýip, karara geldi.

Olar gaýygyň burnuna uzyn daş daňdylar-da, ony suwa itekläp başladylar. Ol durky bilen suwa girende, suwuň ýüzünde çişirilen haltalardan kem durmaýan bolup çykdy. Ähli haltalary we ýaraglary, soň itleri ýükleýänçäler, gaýygy saklap durdy, bu zatlary etmek aňsat bolmady. Soň Andan başga hemmeler oňa mündüler. An oňa soňky bolup böküp mündi-de, gaýyk akymyň ugruna düşýänçä, kürekleriň kömegi bilen ony kenardan daşlaşdyrdy.

— Indi iki adam çepden, iki adam hem sagdan küreklär ýaly edip oturmak gerek diýip, An görkezme berdi.

An bilen Dan öňde oturdylar, Wa bilen Arun olaryň yzlarynda oturdy.

— Kürekleri suwa batyrmaly-da, elimizi edişimiz ýaly, deň ölçegli, asuda küreklemeli. Kürekleri ýokary galdyrmak gerek däl. Eger kime ýygy-ýygydan ýa-da seýregräk küreklemek gerek bolsa, men muny aýdaryn. Şeýle etmek bilen biz gaýýgy derýanyň ortasynda saklap ýa-da islän tarapymyza gönükdirip bileris — diýip, An, hemme zady elleriniň hem kürekleriň kömegi bilen görkezip, asuda düşündirdi. Kürekçileriň düşünmeklerine köp wagt gerek bolmady, şeýdip, gaýyk derýanyň akymyna ynamly ýola düşdi.

# 12-nji bap

# Kowgy

Garaňky düşdi. Ýeňiljek gaýyk Aýyň şöhlesine ýalpyldap duran suwuň ýüzünde sessiz gidip barýardy. An gaýygyň yz tarapynda oturyp, gaýygy dolandyrdy. Beýlekiler öz plaşlarynyň üstlerinde oturdylar-da, haltalaryndan azyklaryny çykardylar. Olar örän ajygypdylar. Itler derrew gorsandylar, oňa çenlä bolsa, olar gaýygyň ortasynda, Wa bilen Danyň aýaklarynyň arasynda ýatyrdylar. Iýip doýanlaryndan we derýanyň suwundan gananlaryndan soň, hemmesi dynç almak üçin ýatdylar. Wa doganyna golaý süýşdi.

— Maňa şäher hakynda gürrüň bersene — diýip, ol haýyş etdi.

— Bizde entek munuň üçin wagt köp bolar. Men ol barada soňrak gürrüň bersem bolýarmy?

— Bolýar. Düşünýärin.

— Gowusy maňa özüň hakda gürrüň ber.

— Men oba gaýdyp gelenimde, ýaşaýjylaryň hemmesiniň we ejemiz bilen kakamyzyň öldürilendiklerini gördüm. Başda men agladym, soň meni gazap gurşap aldy. Biziň obamyzy tapan awçylar meni özleriniň taýpasyna kabul etdiler. Olar hem edil biziň taýpamyz ýaly, tebigat hem Beýik bilen parahatçylykda ýaşaýarlar. Ýöne olarda, has dogrusy biz-de, hemmelere ündew berýän uzak ýaşan adamlar bar, şolar karar çykarýarlar. Meni Or öz howandarlygy astyna aldy, ol biziň ýolbaşçymyz…

El doganlaryň gürrüňlerine gulak asyp oturdy. Onuň Wany gujaklasy geldi we indi hiç haçan goýbermek islemedi. Onuň sesini diňläp oturşyna, ol özleriniň awa bile gidişlerini, Oruň özleriniň bile ýaşamagyna ak pata berşini, gowagyň içinde özlerine ýer alyşlaryny göz öňüne getirdi. Şu pikirler bilen olar uka gitdiler. Ol ýüreginde bir hili howsala duýup oýandy. Onuň ilkinji eşiden zady, itleriň ýuwaşja hyrryldysy boldy. Gaýyk çep kenara ýetdi, oglanlar bolsa, biri-birine kellelerini egip, ýuwaşjadan gürleşdiler.

Soň An bilen Wa eginlerindäki örtüklerini aýryp, ýuwaşjadan suwa girdiler. Azajyk pursatdan soň olar gözden gaýyp boldular.

— Öňde, derýanyň şu kenarynda biz ot ýanyp duranyny gördük. An häzir ol ýerde kimiň bardygyny barlap ýör. Ätiýaçlyk üçin onuň ýany bilen Wa hem gitdi — diýip, Arun uýasyna pyşyrdap düşündirdi.

Wagt ýüregedüşgünç ýagdaýda uzaga çekdi. Öňde galmagal turup, ot has ýagtyly ýananda we birnäçä fakel derýanyň kenaryna tarap süýşende, Aý eýýäm asmanda öz ýolunyň iki sere ýerini geçipdi.

Gysgajyk wagtdan soň, suwuň içinden iki sany gara kelle çykdy. Hemmeler ýeňillik bilen dem aldylar. An gaýyga münmän, pyşyrdy bilen habar berdi:

— Bu meniň bile ýolda bolan garalaryň topary. Ýöne olar iki esse köp, iki topar. Olar entegem bizi gözläp ýörler. Men olaryň gürrüňlerini diňledim. Meniň pikirimçe olar özlerini kimdir biriniň synlaýanyny duýdular, ol ýerde şeýle başagaýlyk turdy!

— Näme ederis? — diýip, Wa Dandan sorady.

— Gaýyga münüň. Ýöne ýuwaşjadan.

— Eger biz sag kenar tarapa mümkin boldugyça köpräk gitsek, onda sypyp bileris — diýip, An aýtdy.

Dan ynamsyzlyk bilen başyny ýaýkady, emma şondan gowy teklip onda ýokdy.

— Şeýle ederis — diýip, ol An bilen Wa gaty jygyldan gaýyga mününlerinde we kürekleri ellerine alanda aýtdy. — Ýöne biz olar köşeşýänçäler birazajyk garaşarys.

— Olaryň derýanyň kenary bilen biz tarapa gaýtmaklary mümkin, şonda olar bizi hökman görerler — diýip, ýene An garşy çykdy.

— Bolýar, beýle bolsa, gozganalyň — diýip, Dan ylalaşdy we doly dymmalydygynyň alamaty hökmünde itleriň tumşuklaryny çalaja gysdy-da, eline küregi alyp, kürekläp başlady. Gaýyk örän ýeňillik bilen gitdi. Birnäçe gezek aýlanlaryndan soň, olar bu ýerde örän gür bolup ösüp oturan uzyn gamyşlyga baryp girdiler.

Gaýyk şu wagt özi bilen garalaryň arasynda äpet, ýaýraň bolup duran söwüdiň aňyrsyndaky oýtaňrak ýalpak ýerde ýanyp duran oduň garşysyndadyr diýen ýalydy.

Oglanlar küreklemelerini bes etdiler. Diňe An öz küregini gaýygyň yz tarapyndan suwa taşlady-da, gaýygy gönükdirdi. Hemmeler gaýygyň düýbüne ýatdylar-da, dartgynly garaşdylar: olar görermikäler ýa-da ýok. Garşydaş kenara çenli bolan aralyk howpsuz däldi. Naýza ýa-da naýzajyk üçin ara juda uzak, ýöne olar aňsatlyk bilen tejribeli awçynyň ýa-da esgeriň elindäki ýaýyň nyşany bolup bilerdiler.

Hemmeleriň göwünlerine wagt saklanan ýaly boldy, olar töwereginde birnäçe adamyň şekilleri görünýän otdan şeýle haýal daşlaşýardylar.

Olaryň bary-ýogy birnäçe adamdygy olary köşeşdirdi, diýmek, galanlary ýene ýatypdyrlar. Şol arada gaýyk howpsuz ýerden sessiz geçdi. Birden öňde, edil derýanyň ortasynda, nähilidir bir äpet gara bir zat göründi. Olar onuň ýanyna ýüzüp baranlarynda, derýanyň iki tarapa bölünýänini gördüler. Olarda pikirlenere wagt ýokdy, şonuň üçin An gaýygy sag tarapky bölege gönükdirdi. Ol ýer diýseň dardy we gitdigiçe-de daraldy. Netijede gaýygyň gyralary bu ýerde örän gür bolup duran gamyşlara degdi. Syýahatçylar tolgundylar. Olar duzaga düşen ýaly boldular. Gaýyk uzyn gamyşlary gyşardyp, täze ösenleriniň üstünden geçdi, olar ýerlerinden galanlarynda bolsa, gaýyk gür otlugyň doly ýesirligine düşen ýaly bolup göründi.

— Biz bu ýerde daň atýança bolarys — diýip, Dan karara geldi. — Hemmämiz dynç almaly. Gezekli gezegine nobatçylyk ederis. Ilki bolup Arun nobatçylyk edýär.

Olar seslere oýandylar. Jahan eýýäm ýagtylypdy. Bu wagt Wa nobatçylyk edýärdi. Ol doly ümsüm bolmagyň gerekdigini görkezip, barmagyny dodagyna degirdi. Soň ol ýene tüýleri syh-syh bolan itleriň üstlerine elini goýdy. Iki tarapyň hem kenaryndan sesler eşidildi.

— Eger olar gije biziň deňimizden ýüzüp geçen bolsalar, onda biz olary görerdik ýa-da olar derýada ýa-da kölde görnerdiler. Olar şu ýerde bir ýerde bolmaly — diýip, gyryk ses aýtdy.

— Eger olar şu ýerde bolan bolsalar, onda biz olary eýýäm tapardyk. Biz kenarlaryň ikisinem barlap çykdyk — diýip, has ýaş bolan ikinji ses aýtdy.

— Olar şu ýerde! — diýip, birinji ses ynamly aýtdy. — Olar akymyň ýokarsynda anyk göründi. Biziň içalylarymyz ýasalan gaýygyň yzlaryny görüpdirler.

— Ol ýabanylar gaýyk ýasap bilmeýärler! — diýip, ýene ýaş ses garşy çykdy.

— Men-ä, An şolar bilendir diýip pikir edýärin…

— Bolup bilmez…

Sesler kem-kemden akymdan aşaklygyna gitdiler. Birden şol tarapda gulagyňy gapdyryjy arryldy ýaňlandy we ýabany haýwanyň eline düşen adamyň ýüregiňi dilýän sesi eşidildi. Kenaryň gyrasy bilen birnäçe adam, tolgunmaly gygyrşyp hem bir zatlar diýşip, şol tarapa ylgadylar.

Arryldy ýene bir gezek gaýtalandy, soň hem, haýbatly hyrrylda öwrüldi. Bu hyrryldy awçylara tanyşdy.

— Uzyndiş! Olar bu wagtlar awa çykýarlar — diýip, Dan pyşyrdady. — Ýuwaş! Meniň pikirimçe garalar gaýdyp gidip barýarlar.

— Gaýdyp gitmäge çen bolandygyny men aýtdym — diýip, ýene-de ýaş oglanyň kesgitli sesi eşidildi. — Biz eýýäm iki adamy ýitirdik. Hemmesem serdarymyzyň aýalynyň ýoklugy sebäpli…

— Sem bol! — diýip, hökümli ses onuň sözüni böldi. — Ýöne sen mamla, bize gaýtmaga çen boldy.

Sesler ümsüm bolanda, gaýykdakylar çep kenar tarapa gidip barýan küreklerin şalpyldylaryny eşitdiler.

— Olaram gaýyk ýasapdyrlar, ýöne biziňki ýaly uly däl: diňe iki küregiň sesi eşidildi — diýip, An aýtdy.

— Uzyndişiň hüjüm eden adamyny hasap etmeseň, olar bäş adamdylar — diýip, Wa çaklady.

— Hökümli sesli gürlän biziň serdarymyzdy — An gorsandy. — Beýleki ýaşy bolsa, edil men ýaly, ýörişde birinji gezek, ýöne öldürmeklik oňa şatlyk getirýär. Iň bolmanda, ol birinji tutluşyga sabyrsyzlyk bilen garaşýardy. El babatda hemme zat aňsat boldy…

— An, meni öldürmäniň üçin sag bol — diýende, Eliň sesinde igenç däl-de, dogrudanam, minnetdarlyk bardy.

— Bu nämäni aňladýar? — diýip, adatça pikirleri bir bolanda ýa-da bir wagtda birmeňzeş zady aýdanlarynda edişleri ýaly, biri-birine-de seretmediler.

— Gije öz üstüme hüjüm edýänlerini görenimde, men ýaýly haltamy almaga, garalar meniň itim bilen söweşýänçäler, agaçdan böküp düşüp, gür tokaýa ylgamaga ýetişdim, ýöne garalaryň gelýän ýodasyna çykypdyryn. Ol ýerde eli naýzaly An dur.

Özem ullakan hem gorkunçdy. Ýöne ol azajyk haýallaşdy, ýöne maňa naýza zyňmady. Men ýaýy çekip atmaga ýetişdim. Soňra meni arkamdan gelip tutdular, soň men özümiň ellerimiň hem aýaklarymyň, agzymyň daňylgydygyny bildim.

— Näme boldy? — diýip, Wa doganyndan sorady.

— Biziň bütin toparymyz bir adama hüjüm edende, men muňa gatnaşmak islemedim-de, bilgeşleýin yza galdym. Birdenem, maňa şeýle saçlary bulaşyp ýatan gödek bir gyz hüjüm etdi. Ol meniň ýüregimden nyşana alyp duran bolsa-da, men oňa naýza zyňyp bilmerin-ä.

— Eger men ýüregiňden nyşan alan bolsam, onda men oňa degrerdim! — diýip, El nägilelik bilen aýtdy. — Men nyşana alan ýerime hem düşdüm.

Biz adamlary öldürmeýäris!

— Sen tas meniň doganymy öldüren ekeniň! — diýip, Wa degşip aýtdy.

— Ol maňa özüni tanatmady — diýip, El oňa jogap berdi.

— Hemme zat düşnükli! — diýip, Dan olaryň gürrüňini böldi. — Garalaryň gidenini ýa gitmänini bilmek gerek. Biziň bu duzakda oturjagymyz ýa gitjegimiz şoňa bagly.

— Men olaryň ýerleşen ýerini gowy bilýärin, şonuň üçin söwütler tarapdan olaryň golaýyna ýüzüp baryp bilerin — diýip, Wa aýtdy. — Ýöne munuň duzak däl-de, ynamly gizlenilýän ýerdigini aýtmalydyryn. Eger biz kenarda galan bolsak, olaryň içalylary bizi tapardylar. Eger kenaryň boýunda galan bolsak, onda çep akyma tarap ýüzen bolsak, olaryň deňine ýüzüp barardyk-da,

olar gözlege çykanlarynda, ellerine düşerdik. Şonuň üçin Beýik biziň ynamly gizlenme ýerini tapmagymyzyň aladasyny edipdir.

— Sen dogry aýdýarsyň. Ol bize uzyndişi-de kömege goýberdi — diýip, Dan aýtdy. Onuň göze görnüp duran bu ugrukdyrma üçin örän tolgunýandygyny sesinden duýuldy. — Bolýar. Wa, hany ýüz. Biz garaşarys.

Wa saý suwa sypyrlyp girdi, ýöne, suwotulary we gyryndylary ýokary galdyrmajak bolup, gamyşlary seresaplyk bilen süýşürip ýüzdi we ýekeje baldagy-da döwmezlige çalyşdy.

Ol basym gaýdyp geldi. Ol göwnühoş bolup, gaty ses edip, gaýyga mündi we:

— Garalaryň gaýyklary özleriniň otlarynda ýanyp dur, olar gidenlerinde olary oda okladylar. Men kenara çykanymda, olaryň uzyn hatar bolup, ol tarapa, günorta-gündogara ugrandyklaryny gördüm.

— Olaryň şäheri şol tarapdy — diýip, An aýtdy. — Olar öýlerine gidipdirler.

# Gamyş deňzi

— Seret, derýa birnäçe ada baryp direnýär-de, örän giňelýär! — Arun syýahatçylaryň öňlerinde açylan görnüşe joşgunlylyk hem haýran galma bilen seretdi.

— Geliň, sag kenarda saklanalyň. Ol şeýle beýik hem gaýaly, göreliň, ýokarda näme barka? — diýip, Dan aýtdy.

Gaýyk tabynlyk bilen öwrüldi we suwuň tekiz ýüzünde ýeňillik bilen süýşdi. Hemmeler kenarda düşüp, gaýygy daňanlarynda, hereket etmegi küýsän itler çägeli kenarda ylgaşyp başladylar. Inçejik çäge guşaklykdan soň kenar kert gaýalardan ýokarlygyna galýardy, onuň käbir ýerlerinde gyrymsy agaçlar gögerip durdy.

Bütin topar itleri hem ýaraglaryny alyp, kert gaýadan ýokary galyp başlady. Käwagt olar siren bilen boýaryşnigiň şahalaryndan tutup dyrmaşmaly bolýardylar. Itler ilki bolup ýokary çykdylar. Beýlekilerem ýokary çykanlarynda, olaryň öňlerinde ini müň

ädimlik üsti tekiz belentlik peýda boldy. Onuň aňyrsynda giň derýa göründi, uzaklarda kuwwatly derýanyň sag kenaryny düzýän pesräk daglar gök bolup göründi. Çep tarapdaky üsti tekiz belentlik eňňit bolup gidýärdi-de, derýa bilen birigýärdi we gamşyň hem gamşagyň hakyky deňzi bilen gutarýardy. Ol biri-birinden akymlar bilen bölünýän köp sanly adajyklara bölünendi. Sag tarapky üsti tekiz belentlik giňelýärdi-de, dag hatarlaryna tarap ýokarlygyna gidýärdi.

— Biz öz derýamyz bilen ýüzüp gelen derýamyzyň birigýän ýerine geldik — diýip, Dan netije çykardy. — Derýanyň arnasynyň aňyrsynda — uly deňiz bar. Ol hakda Or gürrüň beripdi. Hor hem ony agzap geçdi. Bu daglarda bolsa, gowak tapyp boljakdygyna men ynanýaryn. Eger biz dagyň ol tarapyndan gowak tapsak, onda ol biziň taýpamyzdan günorta tarap üç-dört güne golaý ýol bolar.

— Eýýäm garaňky düşüp gelýär. Şu ýerde saklanmagy teklip edýärin. Gaýykda gijämizi geçirip bileris, onuň içi oňaýly hem howpsuzrak. Ertir bolsa, daga gideris — diýip, An teklip etdi.

— Biz gaýygy ýarymy suwuň içinde duran, ynha, şol agaja daňarys — diýip, Dan ygtyýar etdi. — Täzeje bir zat taýýarlamaga çen boldy, ýogsam, biz ätiýaçlygymyzy örän ýerliksiz ulanýarys.

— Balyk tutsak nädýär? — diýip, Arun teklip etdi. — Meniň ýanymda enjamlarym bar. Olar bolsa, ana, nähili ýüzüşip ýörler!

Derýanyň üstünde suwdan ýokary bökýän balyklaryň suwy palçyldadýan gaty sesleri ýaňlandy. Hatda edil kenaryň gyrasynda-

da ullakan zagara bilen karaslar ýüzüp ýördi. Balyk derýada, hakykatdan hem köpdi.

Arun haltasyndan inçejik, çekilen hem guradylan damarlardan işilen ýüpi çykardy. Onuň ujuna berk süňkden ýasalan ullakan gaňyrçak dakylandy, azajyk ýokarragynda bolsa, ortasy deşilen kiçiräjik daş bardy. Ol bu ýerde bol ösüp duran bambukdan çeňňek agajyny ýasap, oňa işilen ýüpi daňdy. Soň suwa girip, gamyşlygyň içinden bir zat gözläp başlady. Ol kenara birnäçe balykgulagy çykardy-da, olaryň biriniň etini gaňyrçaga dakdy, soň hem, gaýygyň yzynda oturyp, çeňňegini suwa oklady.

Tagamlyja balykdan diňe syýahatçylar hezil etmekçi däldiler. Derýanyň ortasynda, edil gaýygyň garşysynda, birnäçe delfinlerem balyklary kowalap başladylar. Olar adamlara üns bermediler. Olaryň kä biri, käte beýlekisi dişi balykly suwdan böküp çykdy-da, ýene derýanyň asuda arassa suwunyň içinde gaýyp boldular.

Aruna uzak garaşmaly bolmady. Azajyk wagtdan soň, ol bir tirsek uzynlykdaky karasy çykardy, soň ýene birini. Kenarda ot ýanýança we söwüdiň şahalary taýýarlanylýança, ol adamlar we tanyş nahara sabyrsyzlyk bilen garaşyp oturan itler üçin hem, balyk tutdy. El çalasynlyk bilen balygy arassalady, ony duzlady, içine otlardan hem birhili köklerden salyşdyrdy-da, ony söwüdiň çybyklarynyň üstüne goýdy.

Itler balygy otsuz hem köksüz gowy gördüler. Olar hersi bir sany ullakan balykdan aldylar, şonuň üçin indi olar göwnühoş hyrryldaşyp, ony iýýärdiler.

Agşamlyk nahary tamamlanyp, hemmeler gaýyga münenlerinde, garaňky doly düşüpdi. Diňe itler kenarda, sönen oduň ýanynda ýatmak üçin galdylar. Ody gije gaýykda oturan ýerlerinden söndürmän saklama kararyna geldiler-de, garawulçylyk nobatyny böldüler. Hemişe edişleri ýaly, ýatmazyndan öň olar Beýikden goramagyny haýyş etdiler we günüň dowamynda gorany üçin Oňa minnetdarlyk bildirdiler, Bag tarapa başlaryny egdiler, soň hem ýatdylar.

— An, bu ýerde başga balyklary haýsy haýwanlaryň awlaýanyny sen bilýärsiňmi? — diýip, Wa doganyndan sorady.

— Olar delfinler. Meniň ýaşan şäherimiň ýerleşýän ýerindäki deňizde olar örän köp. Ýöne olar derýalarda-da bar, ýöne derýadakylar deňizdäkiler ýaly uly däl.

— Öz gürrüňimiz bilen başgalara päsgel bermez ýaly, ýör, oduň başynda oturaly. Barybir ilki men, soň hem sen nobatçylyk etmeli — diýip, Wa teklip etdi.

Doganlar ýaraglaryny almagy ýatdan çykarman, suwa girdiler-de, kenara çenli birnäçe ädim ätdiler. Olar oduň başynda ýerleşip, gürrüňi dowam etdirdiler, olarda gürrüňini edere zat bardy.

Aý çykyp, entegem içinde balyklar böküşip we delfinler ýüzüşip ýören derýanyň asuda suwuny ýagtylandyrdy. Birazrajyk wagtdan soň, itler biynjalyk boldular. Olar arz ediji äheňde çyňsaşyp, adamlara gysyldylar. Itleriň beýle hereketlerini Wa entek görmändi.

Birden derýa tarapdan, edil äpet bir zat gelýän ýaly, üýtgeşik ses eşidildi. Bu şeýle hem bolup çykdy! Nähilidir bir eýmenç

zat* Aýyň öňüni tutdy. Onuň äpet göwresi ýarymy suwuň içindedi, ýöne uzyn boýny göwresinden ýokary galyp durdy we käwagt Aýyň ýüzüni tutýardy.

Soň onuň ýanynda ikinji haýwan göründi, ol, belki, ondan çalaja kiçiräkdir. Olar gamyşlyk tarapdan geldiler. Olar derýadan ýokarlygyna ýüzdüler ýa-da ýörediler, ýöne oda we onuň ýanynda oturan adamlara üns bermediler. Olaryň döreden tolkunlary gaýygy yralady, şonuň üçin gaýykdakylar oýandylar. Edil ýatan agaç ýaly bolup ýatan guýruklary olaryň yzlarynda köpürjik dörедýärdi. Aždarhalaryň boýunlary we kelleleri äpet ýylana meňzeýärdi.

— Men entek munuň ýaly äpet haýwanlary hiç haçan görmändim — diýip, Wa sesini sandyradyp aýtdy.

— Olar dürli bolýarlar. Olar degmeýärler. Olar ot, gamyş we agaçlaryň ýapraklaryny iýýärler. Olar şeýle äpet bolandyklary üçin hiç haçan diýen ýaly, içinde ýaşaýan suwundan ýa-da batgalygyndan çykmaýarlar — diýip, An jogap berdi.

— Sen başgalarynam gördüňmi?

— Bir gezek. Biziň şäherimizden onçakly uzak bolmadyk ýerde biri geldi. Ol krokodile meňzeýärdi, ýöne ondan juda uludy. Bütin şäher ony görmäge geldi. Ol ýaralanan eken. Soň ol öldi. Guş hem

* *Mukaddes Kitapda dinozawrlaryň şekillendirilişlerine duş gelmek bolýar. Eýýup 40-njy baba seret. Mukaddes Kitapda olaryň dürli görnüşleri görkezilýär.*

ýabany haýwanlar ony iýip gutarýançalar, sebitde gaty erbet porsy boldy. Olar balyklary, delfinleri we özlerinden kiçiräk beýleki mähnet haýwanlary iýýärler.

— Ol nämedi? — Arunyň sesi gaýykdan eşidildi.

— Aždarha, ýöne olar, eger degmeseň, zyýanly däl — diýip, An jogap berdi.

— Biziň uzak ýaşan adamlarymyz Smola dagynda aždarhalaryň bardygyny, olaryň guş ýaly uçup bilýändiklerini gürrüň berýärler. Olar guşa meňzeýärler, ýöne ýelegiň deregine olarda galyň deri bar, çüňküniň ýerine bolsa, äpet dişli agzy bar.

— Gaty eýmenç! — diýip, Wa ýüzlendi. — Nämeler bolmaýar!

— Meniň pikirimçe, biziň gamyşlykdaky we gamşaklykdaky zatlarymyz adalar däl-de, olaryň salan ýollary, olar ondan ýöreýärler ýa-da ýüzýärler — diýip, An çaklady.

— Şoňa diýseň meňzeýär — diýip, Wa ylalaşdy. — Eger bu ýerde munuň ýaly haýwanlar ýaşaýan bolsa, diýmek, adamlar ýaşamaýarlar. Bu ýer uzak wagtlyk bolmak üçin gowy ýer diýip pikir edýärin, gowak tapsak bolýar-da.

— Göreris, bize daga etjek syýahatymyz näme görkezýär.

— Tebigat hem Ebedi bilen parahatçylykda ýaşamak nähili gowy — diýip, Wa oduň başynda gerindi.

Itler köşeşdiler, olar kellelerini aýaklaryna goýup, gözlerini ýumdular.

—Men ýesirlikde bolan ýyllarymyň dowamynda muny arzuw etdim. Ýüregiňde nuruň bolmagyndan gowy zat ýokdur — diýip, An jogap berdi.

— Sen ony garalaryň şäherinde ýitirmediňmi?

— Ýitirdim, ýöne bu duýgy meniň ýadymda. Men ony ýitirendigimi bilýänime şat. Men näme gözlemelidigini bilýärin. Şonuň üçin men garalaryň şäherinden gidip, sizi, tebigat hem Ebedi bilen parahatçylykda ýaşaýanlary gözledim. Ol bolsa maňa diňe sowgat azatlyk bermän, eýsem, seni-de berdi — diýende, Anyň sesinde ýitgi awusy, hem tapma şatlygy, umyt alma eşidildi.

— Sen Onuň bilen gürleşmegi ýatdan çykardyňmy?

— Hawa. Ýöne diňe bu-da däl. Şäherdäki ýaşaýyş ýörelgesi şonuň ýaly… hemme zat adamyň talaplaryny kanagatlandyrmak üçin edilýär. Hemme zat bar, hemme zat elýeter, hemme zat goldanylýar. Meniň özümem şonuň ýaly ýaşadym. Ýöne men iki zady etmedim: hiç haçan adam öldürmedim we ruhlara tagzym etmedim. Men özümi şu iki zatdan goran bolsam-da, indi ýüregimde nur ýokdy. Men ony ýitirdim.

— Ony nädip ýene tapyp bolar?

— Bilemok, Wa, bilemok.

— Or saňa kömek eder diýip pikir edýärin. Ol munuň ýaly zatlary gaty gowy bilýär.

— Siziň hemmäňiz ol hakda uly hormat bilen gürleýärsiňiz, hatda Hor hem ony tanaýar.

— Ol örän paýhasly, örän garry we örän güýçli. Ýöne örän gowy hem.

— Sen bolsa ony örän gowy görýärsiň — diýip, An «örän» diýen söze aýratyn basym düşürip aýtdy.

— Hawa. Ol meniň kakamyň ýerini tutdy. Eger Or bilen sugun Awçylarynyň taýpasy bolmadyk bolsa, onda maňa näme boljagyny bilmeýärin.

— Wa, sen birazajyk ukla. Men garawulçylyk ederin. Soň sen meniň bilen çalşarsyň — diýende, Anyň sesinde ýasama bolmadyk mähir eşidildi. Ol öýüne gelenini, özünde ýüreginde nur tapmaga umydyň bardygyny ýüregi bilen duýdy.

# Syýahatyň maksady

Oduň üstündäki çybyklaryň üstünde soňky bolup garawulçylyk eden Arunyň tutan balyklary bişip durdy. El sarymsagyň we soganyň düýbüni we uzyn buýan kökini ýygdy-da, olary bäş bölege böldi. Balykdan doýanlaryndan soň ýaşlar gaýygy kenara çekip çykardylar-da, ony ösgün gamşyň içinde, guran ullakan agajyň ýanynda gizlediler. Soň goşlaryny ýygnaşdyryp, üsti tekiz beýiklige çykdylar-da, uzakda görnüp duran daga tarap ýörediler. Dag üsti tekiz beýikligiň öňüni ýapyp duran ýalydy.

Olar ýolda turşumtyk süýji köki çeýnäp, asuda ädimler bilen endik edilen hatar boýunça ýörediler.

Pes otlar we gaty kän güllere örtülen üsti tekiz belentlikde alakalar hem suroklar gaty köpdi. Asmanda, olaryň ýokarsynda, bürgütler bilen çaý-çaňňalaklar gaýyp ýördüler. Howa guşlaryň

jürküldilerinden, ownuk haýwanlaryň çyrlamalaryndan, sikadlaryň we beýleki mör-möjekleriň seslerinden doludy. Tekiz meýdan gitdigiçe giňeldi. Eýýäm olaryň düýnki ýüzüp gelen derýalary görünmeýärdi.

Dag başda görneninden uzakda bolup çykdy. Birazrak wagt geçenden soň, Dan täzeçe ädimläp ugrady. Ol çalt ädimledi, soň hem ylgady. Muňa itler örän begenen bolsalar gerek, sebäbi olar şadyýan üýrüp, öňe ylgadylar. Olar golaýlaşanlarynda, alakalar bilen suroklar ýyldyrym çaltlygynda özleriniň hinlerinde gizlendiler. Ösgün bolmadyk otlaryň üstünde ýöremek aňsatdy, şonuň üçin syýahatçylaryň daga barýan aralygy çalt gysgaldy.

Ine, eýýäm ilkinji beýik bolmadyk depelerden geçildi. Dan çalt ädime geçdi, soň arkaýyn ädime geçdi. Ol geçelgä seredip, oňa dostlaryny dag geçileriniň salan ýoly, egrem-bugram kert ýollar bilen ýokary galýan ýoda bilen alyp gitdi. Munuň dag geçileriniň ýoludygyna hiç hili şübhe ýokdy: olar şeýle köp ders goýupdylar welin, onuň üstünden gitmek ýumşakdy.

— Ine-de, geçileriň özleri — diýip, Dan aýtdy we golaýda otlap ýören sürini görkezdi.

Tekeleriň biri, öňbaşçy bolsa gerek, gelýänlere ünsli seretdi-de, ýene otuny iýiberdi.

— Olar ürküzilmedik. Bu ýerde adamlar aw etmeýärler. Bu gowy alamat — diýip, El aýtdy.

— Ýöne bu şu ýerde başga biriniň aw edýänini aňladyp hem biler — diýip, Dan aýtdy. — Ünsli boluň. Wa bilen Arun, siz çepe serediň, El bilen An, siz saga. Men öňe serederin.

Ahyrsoňy olar eňňitdäki geçelgä baryp ýetdiler. Ol eger isleseň üstüne çykyp hem boljak iki sany gaýaly belentligiň arasynda ýerleşýärdi. Onuň üstüne çykdylar-da, olar saklandylar. Olaryň gözleriniň öňünde ajaýyp görnüş peýda boldy. Olaryň öňlerinde çäksiz jülge ýaýylyp ýatyrdy. Ol demirgazyga tarap ýarym aýlawy emele getirip duran dagyň eteginden başlanýardy. Jülge gözýetimiň aňyrsynda gara bolup duran guşaklykda, görnüşine görä tokaýda gutarýardy. Ol gözbaşyny dagyň eteginden alýan derýa tarapyndan bölünýärdi. Bu ýerde žiraflar bilen ýabany öküzler otlap ýördi.

Jülge gür otlardan, gülläp duran sansyz-sajaksyz güllerden emele gelen ýaşyl haly bilen örtülendi. Käbir ýerlerde gysga agaçlaryň tokaýjyklary görünýärdi, olaryň kölegesinde ýolbarslaryň birnäçe maşgalalary ýatyrdy. Derýanyň boýunda suw içmäge gelen haýsydyr bir haýwanlaryň sürüsi görünýärdi. Ara uzak bolany sebäpli, olaryň nähili haýwandygyny anyklamak kyndy.

— Men Oruň gürrüň beren Bagyny şunuň ýaly göz öňüne getirýärdim! — diýip, El joşgun bilen aýtdy. — Serediň, anha ol ýerde, sag tarapdan aşakda, şarlawuk bar.

— Ine, gözellik! — diýip, Wa buýsançly aýtdy. — Ýörüň, şarlawuga düşeliň.

— Ýörüň. Munuň ýaly gözellik entek maňa hiç haçan duş gelmedi — diýip, Dan aýtdy.

— An, ýör gideli! — diýip, Wa doganyny çagyrdy.

Olar çalaja bildirýän ýoda bilen düşüp barýarkalar, ol ýuwaşjadan öňünde ýöräp barýan Ana:

— Saňa näme bolýar? — diýip sorady.

— Men begenjimden şeýle edýärin — diýip, An aýtdy-da, gözlerini süpürdi.

Şarlawuk uly däldi, onuň suwy durudy hem sowukdy.

— Suwa düşmegimize hiç kim garşy däl gerek? — diýip, Wa egnindäki haltasyny, örtügini çykaryp we olaryň üstüne ýaraglaryny goýup durşuna sorady.

— Bu ýerler bize nätanyş, şonuň üçin birimiziň sakçylyk etmegimiz gerek. Men sakçy bolup bilerin — diýip, Dan jogap berdi.

Wa içine suw akyp duran kiçiräk köle çümdi. Suw kölden gaýalardaky darajyk geçelgeleriň içinden akyp gidýärdi-de, birnäçe şarlawuk bolup, jülgä düşýärdi we ol ýerde jülgäni kesip geçýän derýanyň gözbaşyny emele getirýärdi.

— Uf! — diýip, Wa şatlyk bilen çümüp çykanda haşlady. — Suw tüýs meniň isleýänim-dä, örän ruhuňy göterýär.

An, Arun we El biri-biriniň yzlaryndan suwa bökdüler. El köýnegini çykaranda, Wa onuň göwsüniň indi oglanyňka meňzeş däldigine üns berdi. Wanyň kellesini suwa basan Arun bu pikirlerden onuň ünsüni sowdy. Ol onuň elinden sypyp, suwuň asty bilen şarlawugyň aňyrsyna ýüzüp gitdi-de, ol ýerde suwuň astyndan çykyp gizlendi. Ol inip duran suw perdesiniň aňyrsynda özüni Arunyň we beýleki suwa düşýänleriň hem, gözleýändiklerini gördi, emma olar ony görmeýärdiler. Soň ol töweregine

seredende köle suwuň diňe şarlawukdan gelmän, eýsem, uly akym bolup, şarlawugyň aşagyndaky gowakdan hem çykýanyny gördi. Ol bu ýere ýüzüp girmäge het etmedi. Ol ýene çümdi-de, dostunyň nirä gidendigini bilmän biynjalyk bolup duran Arunyň ýanyndan çykdy.

— Dan, size muny görmek gerek — diýip, Wa tolgunma bilen aýtdy. — Bärik geliň.

Dan derrew örtügini çykardy-da, ýaragyny onuň üstüne goýdy. Kellesini atmak bilen ol öz ýerinde durmagy Ana yşarat bilen düşündirdi we suwa özüni oklady. An kenara çykdy we eline naýzasyny alyp, hem dostlaryny, hem kölüň daş-töweregini görüp biler ýaly, eňňitden azajyk ýokary galdy.

Bu wagtda olaryň dördüsi-de şarlawugyň aňyrsyna ýüzüp bardylar. Soň olar onuň aňyrsyndaky gowagyň garalyp duran boşlugyna seretdiler. Ol ýerden suw giň hem çalt akym bilen gelýärdi.

— Ýüzeliň! — diýip, Dan aýtdy-da, gowagyň içine haýaljakdan ýüzüp girdi. Onuň gümmezleri ilki örän pesdi, soň hem, birden ýokary galdy. Olar tutuş meýdanyny köl eýeläp duran uly gowaga girdiler. Ol örän gowşak ýagtylanýardy, sebäbi ýagty oňa diňe dar girelgesinden düşýärdi. Bu ýagtyny-da akyp duran suwuň galyňlygy çäklendirýärdi.

Gowagyň aňry ujundaky suw asuda däl, ol ýerde suw aşakdan bir ýerden çogup çykýar.

Dan bilen dostlary darajyk daşly kenara çykdylar.

Kölüň diňe üç kenary bardy, diňe şolardan oňa baryp bolýardy, uzakdaky diwary suwdan ýokary kert gaýa bolup çykyp, kem-kemden gowagyň garaňkysynda ýitip gidýän potologa öwrülýärdi.

— Wa, ýör meniň bilen. Siz ikiňiz şu ýerde garaşyň — diýip, Dan gowagyň diwarynyň gyrasy bilen gitdi.

— Sen nirä? — diýip, Wa onuň yzyna düşüp barşyna sorady.

— Sen howanyň hereketini duýaňokmy?

— Hawa, şu wagt sen aýdanyňdan soň duýdum. Aşakdan ýokarlygyna...

— Bu gowagyň mundan ýokarrak bolan ikinji çykalgasynyň bardygyny aňladýar.

Dostlaryň gözleri kem-kemden garaňkylyga öwrenişdi-de, gaýalaryň we daşlaryň şekillerini çalaja saýgardylar we şolaryň üstleri bilen gitdigiçe ýokary galdylar.

— Hemme zat gowumy? — Arunyň aşakdan ýaňlanyp gelýän sesi ýaň bolup ýaňlandy.

— Hawa, hawa, hemme zat gowy — diýip jogap berdi-de, Dan ýene gidiberdi.

Birden olar beýik diwaryň üstünden bardylar. Olar onuň başlanýan ýeriniň çep tarapyndan çykdylar, sag tarapy bolsa, ýokary nirädir bir ýere, tüm garaňkylyga gidýärdi. Çep tarapdaky dar deşigi saýgaryp bolýardy, Dan hem oňa girjek bolup başlady.

Wa onuň yzyndan girdi. Deşik gysgady, bir öwrümiň aňyrsynda olar ägirt uly gowagyň üstünden bardylar. Onuň diwarlary göni diýen ýalydy we beýikdi, uly adamyň boýundan iki-üç esse beýikdi. Gowak gaýalar bilen üç bölege bölünýärdi: ikisi uludy,

biri kiçiräkdi. Olar ony arkaýyn synlap bildiler, sebäbi öňünden we ýokarsyndan gowaga Gün ýagtysy düşýärdi. Gowagyň ini ýüz ädime, uzynlygyna bolsa, iki ýüz ädim, belki, ondan hem gowrakdy.

Dan ysyrgandy.

— Diňe ýarganatlar bar — diýip, ol netije çykardy.

Oglanlar ullakan daşlardan bolan tebigy basgançaklardan ýöräp, çykalga tarap ýokarlygyna galdylar. Çykalga şeýle dar eken, şoňa görä-de, olar ondan gysylyp, zordan geçdiler. Şonda olar wertikal diýen ýaly bolup duran iki sany beýik gaýanyň arasyndan çykdylar. Gaýalaryň biri telär ýaly bolup, girelgäniň üstüni örtüp durdy, beýlekisi bolsa, jülgä seredip duran görnüşi ýapýardy. Olar gaýanyň arkasyndan çykanlarynda, tas özlerine naýza zyňmaga taýýar bolup duran Anyň üstünden barypdylar. Ol gaýa ýaplanyp, köli synlap durdy, kölüň aňyrsyndan hem oglanlar çykyp geldiler.

— Men-ä ýolbars ýa gaplaň gelendir öýtdüm — diýip, An ýeňillik bilen dem aldy.

— Biz gözleýän zadymyzy tapdyk — diýip, Dan başaryp bildigiçe dabaraly aýtdy we duýgularyň bollugyndan ýaňa, Wa bilen Any gujaklady. — Ýörüň aşak gideliň.

Aşak düşenlerinde Wa ýene şarlawugyň aňyrsyna ýüzüp geçip, Arun bilen Eli çagyrdy. Wanyň çaga ýaly begenýändigi bolsa, olary haýran galdyrdy. Hemmeler ýygnanyşyp, geýimlerini geýenlerinden soň, Dan ýüzüni gündogara öwrüp, dyza çökdi. Hemmeler onuň göreldesine eýerdi. Ol ellerini galdyryp, Hudaýa ýüzlendi:

— Ebedi, Sen Öz çagalaryňa rehim edip, olara täze ojak sowgat berdiň. Sen biziň üçin şeýle ajaýyp ýeri saýladyň. Bu ýerde haýwanlaryň sürüleri otlaşyp ýörler, arassa suw akyp dur, biz bu ýerde öz duşmanlarymyzdan howpsuzlykda ýaşap bileris. Saňa minnetdar.

Dan ýere çenli egildi, beýlekilerem onuň bilen bile başlaryny egdiler.

# Gowagy özleşdiriş

Agşama çenli entek wagt bardy, ýöne olar gije täze gowakda ýatma kararyna geldiler. Gowak olar üçin, elbetde, juda uludy, ýöne her neneň ýagdaý bolanda-da, onuň içi agajyň üstünden ýa-da gaýygyň içinden gowudy. Ýöne, barybir, ony gurnaşdyrmak zerurdy.

Wa bilen El awa gitdiler, galanlary bolsa, gowagy abadanlaşdyrmak üçin iň zerur bolan zatlary etmäge başladylar. Ilki bilen, tüssäniň nirä gidýändigini barlamak üçin, ot ýakdylar. Tüssäniň ýokary hem gowagyň aňry başyna gidýäni olary begendirdi (gowagyň aňry başynda ýene nähilidir bir çykalga bar bolsa gerek). Ony tapmak beýle bir kyn hem bolup durmady. Olar oduň üstüne ýaşyl ýaprakly şahalary okladylar welin, ondan

şeýle bir tütün bolup tüsse çykdy, soň onuň nirä gidýänini görmezlik mümkin bolmady.

Ol golaýdaky dagyň belentliklerine ýakyn äpet gaýalaryň ortasyna çykýardy. Ýöne çykalganyň özüni tapmak mümkin bolmady: gaýalar gaty uludy, olaryň aralaryndaky jaýryklar bolsa, örän dardy. Bu gowakdaky esasy ody iň uly bölegiň ahyrynda, onuň aňry başdaky diwarynda goýmak bolýandygyny aňladýardy.

Aňyrky, uly gowakda, girelgäniň sag tarapkysynda, ýarganatlar ýaşaýan ekenler. Bu ýerdäki galyň dersden görnüp durdy. Adamlar bu ýere hemişelik göçüp gelenlerinden soň, ýarganatlary kowmak aňsat bolar diýip, oglanlar pikir etdiler. Adamlar gowagy ýaşamaga taýýarlaýançalar, ýarganatlaryň gowakdan eýýäm häzir gitmeklerem mümkin. Ýöne muňa ynam ýokdy. Islendik ýagdaýda-da oglanlar gowaga golaýdaky tapan odunlarynyň hemmesini daşadylar. Olar ýarganatlara oňaýsyz bolar ýaly, ertir irden ullakan ot ýakyp başlama kararyna geldiler. Dan, Arun we An dagy bu işler bilen meşgullanyp ýörkäler, Wa bilen El awdan gaýdyp geldiler.

— El ýene tapawutlandy! — diýip, Wa eňňitden awçylaryň ýokary galyp gelýänini görüp, gowagyň agzynda eýýäm garaşyp duran dostlaryna golaý gelende aýtdy. — Ol birinji okda antilopany ýaralady. Onda-da antilopa gaçyp bilmez ýaly boldy. Ony tutmak örän aňsat boldy.

— Bu ýerde çaga-da aw awlap bilýär — diýip, çalaja utanan El aýtdy. — Bu ýerdäki haýwanlar ürküzilmedik, ýöne bu ýere adamlar göçüp gelenlerinde, bu üýtgär.

Gün eýýäm dag gerşiniň depesine ýetende, asuda jülgä dagyň basym ýaýran kölegesi düşende, awçylar ot ýakdylar. Oduň daşynda hemmeler oýa batyp oturdylar. Olar özleriniň syýahatynyň maksadyna ýetdiler. Indi taýpa bu ýere kimiň göçüp gelmelidigini çözmelidi.

— Gowak şeýle uly bolany üçin tutuş taýpa bu ýerde ýerleşip bilýär, eslije ýer hem galýar diýip pikir edýärin — diýip, Dan aýtdy-da, umumy pikiri beýan etdi. Hiç kim taýpasyny terk etmek islemeýärdi. Olar eýýäm ýakynlaryny hem dostlaryny küýseýärdiler.

— Biz gowak barada, ikinji derýa we Bag ýaly bu ajaýyp jülge hakynda gürrüň berenimizde, uzak ýaşaýanlar razy bolarlar — diýende, Wanyň sesinde ynam eşidildi.

— Aý, bilmedim-dä — diýip, Dan garşy çykdy. — Adatça olaryň pikirleri köpçüligiň pikirinden tapawutlanýar, ýöne olar örän seýrek ýalňyşýarlar.

— Göreris, bu geljekki iş — diýip, Arun hemişekisi ýaly, ylalaşyjy äheňde aýtdy.

— Näme üçin gowakda haýwanlaryň hijisi mesgen tutmadyka? — diýip, An belli bir adama ýüzlenmän sorady.

— Olar ýa-da bu ýerde ýokdur, ýa-da gowagyň girelgesiniň bütin jülgä bakyp durany üçin olaryň gelmeýän bolmaklary mümkin, bu bolsa olaryň çagalary üçin howply diýip pikir edýärin — diýip, Dan çaklady. — Her neneň bolanda-da, biz bu ýerde gowak ýolbarsynyň ýa-da aýynyň ýatandygynyň alamatyny tapmadyk. Ýönekeý ýolbarslar sürenlerini gür tokaýlykda, gür

tikenli otlaryň içinde ýa-da ösgün otlukda gurýar. Aýa munuň ýaly uly gowak gerek däl diýip pikir edýärin. Oňa has kiçi we keseki gözlerden gizlin gowakda oňaýly bolýar.

— Bu jülgede şeýle köp haýwanlar bar, şonuň üçin biziň taýpamyza aw gözlegine hiç ýere gitmek gerek bolmaz. Gowakdan çyksaň sen awda — diýip, El aýtdy.

— Ýalta bolarys — diýip, Arun degişdi.

— Siziň taýpaňyz däneli ekinleri ekýärmi? — diýip, An sorady.

— Ýok, ýörite ösdürip ýetişdirmeýärler, ýöne olardan peýdalanýarlar. Biziň şu wagtky ýaşaýan ýerimizde bugdaý, mekgejöwen ösýär, derýanyň boýunda ýeterlik gamyş* bar, onuň köklerini guradyp, soň hem, tagamly un almak üçin ulanyp bolýar — diýip, Dan jogap berdi. — Meniň pikirimçe, bu jülgede-de şonuň ýaly ösümlikler boldur.

— Bugdaýyň nirdedigini, mekgejöweniň nirdedigini bilmek örän oňaýly — diýip, An ýylgyryp sorady, — sebäbi olary özüm ekýärdim. Näçe gerek bolsa, şonça-da ekýärdim.

— Oňaýlydygy düşnükli, ýöne biziň atalarymyz, olar bilen hem biz, tebigat bilen parahatçylykda ýaşama kararyna geldik. Belki, munuň ýaly «oňaýlyk» biziň gelen kararymyzyň çäklerinden çykýandyr.

---

** Gamyşlaryň birnäçe görnüşleriniň kökleri iýilýän bolup, olardan un taýýarlap bolýar.*

— Meniň pikirimçe, munuň ýaly karara atalarymyz diňe munuň üçin gelmändirler, eýsem, Alamat taýpasynyň nesilbaşysy, ilkinji gara, daýhan bolany üçin hem gelendirler. Maňa bu barada, entek çagakam, Or gürrüň berdi — diýip, Wa gürrüňe goşuldy.

— Ýagşy bilen ýamanyň arasyndaky çäk niredekä? — diýip, An oýlanyşykly sorady. Bu soragyň onuň üçin biderek däldigi göze görnüp durdy.

— Meniň pikirimçe ol töweregimizdäki dünýäde we her bir adamyň ýüreginde bolup geçýär. Eger ýürekde nur bolsa, onda hemme zat gowy, eger garaňkylyk bolsa, onda erbet — diýende, Danyň sözlerinde pähim beriji äheň bolmady. Onuň özüniň ençe gezekler pikir eden we aýdan zatlary hakda gürrüň edýändigi duýlup durdy.

— Ýöne muny şonuň ýaly hereket edeniňden soň bilýärsiň. Nähili hereket etmegiň gerekdigini nireden biljek?

— Ebedi ilkinji adamlary ýaradanda we olary Bagda goýanda, olara diňe bir zady — ýagşylygy hem ýamanlygy bilme agajynyň miwesini iýmegi gadagan etdi. Emma biziň ilkinji ene-atamyz Ebedini diňlemediler-de, ondan iýdiler. Indi bolsa, Ebediniň kämil islegi boýunça ýaşamagyň deregine adamlar nämäniň gowudygyna, nämäniň erbetdigine düşünmäge synanyşýarlar. Şonuň üçin biziň atalarymyz tebigat hem Ebedi bilen parahatçylykda ýaşama kararyna geldiler. Bu bolsa, biziň Onuň islegi boýunça hereket etmäge synanyşýandygymyzy aňladýar.

— Biz şol islegi nireden bilip bileris? — An köşeşmedi. Bu soraglaryň onuň ýüreginde köpden bäri bardygy we olara jogap alma islegi bilen alawlap durandygy görnüp durdy.

— Kim Ebediniň islegini gözleýän bolsa, ol ony bilip biler diýip, Or hasap edýär. Mende Oruňky ýaly tejribäm bolmasa-da, men şonuň ýaly pikir edýärin. Ýene bir zat. Or uzak gijelerde oduň başynda ýaradylyşyň taryhy, Bag, ol ýerdäki ýaşaýyş we adamlar kowlanyndan soňky ýaşaýyş hakda gürrüň berende, ýüregiňde Ebediniň, Ýaradyjymyzyň, Hudaýyň we Atanyň islegi boýunça ýaşamaga güýçli isleg peýda bolýar. Ol taryhlar birhili janly ýaly…

— Şonuň ýaly taryhlary her gün diňlemeklik asla ýüregiňe düşmeýär — diýip, El seslendi. — Maňa ejemem şol wakalary çagalykdan bäri gürrüň berip gelýär. Olar ýaradylyşyň ilkinji günleri, ilkinji adamlar, ilkinji günä — bu biziň «gara» diýip atlandyrýan zadymyz — we birinji adam öldürme baradaky wakalar. Uzak ýaşaýanlar ol döwürler hakda birnäçe sagatlap gürrüň berip bilýärler. Or bolsa, muny has-da gowy başarýar. Ejem bilen ol maňa şol wakalary aýdym edip aýtmagy öwretdiler.

— Şolaryň haýsy hem bolsa birini aýtsana — diýip, Arun bilen Wa deňine haýyş etdiler.

— Soňrak, häzir meniň ýanymda depim ýok. Ony çalyp aýtsaň, has aňsat bolýar. Men ony ýanym bilen almadym, men baýramçylyga däl-de, syýahata gaýtdym ahyry — diýip, El jogap berdi we öz syýahatynyň näme bilen gutarany ýadyna düşende gyzardy.

— Meniň ýüregimde garaňkylyk bar. Men ony duýýaryn. Ony näme etmelidigini bolsa bilmeýärin — diýip, An gussa bilen aýtdy. Bu günki şu tema degişli gürrüňiň onuň üçin gutarandygy bildirýärdi.

— Sen Or bilen gürleşeniňde, ol nurlanar — diýip, Wa ynam bilen aýtdy-da, doganynyň egnine elini goýdy.

Agşamlyk nahary gürrüň bilen geçdi. Nobatçylygyň tertibini belläp, hemmeler ýatanda, ot eýýäm ýanyp bolupdy. Olar şobada uka gitdiler — ýaşlyk, ýadawlyk we gowagyň adaty atmosferasy öz işini etdi. Girelgede ilki bolup sakçylyk etmäge isleg bildiren An bilen onuň jigisi Wanyň iti otyrdylar. Bu Wa bilen Anyň arasyndaky gatnaşyklary görüp, Any maşgala agzasy hökmünde ykrar edipdi. An muny aňdy, şonuň üçin onuň ýüregi ýene bagt duýgusyndan doldy. Bu ýerdäki birinji günüň ertiri gaty gowy boldy. Ýaşaýjylaryň hemmesi ylgaşyp aşaklygyna, şarlawugyň ýanyna gitdiler we ol ýerde hezil edip, sowuk suwda ýüzdüler. Olaryň şatlygy, hatda, itlere-de ýokdy. Olar kä biriniň, kä beýlekiniň üstlerine bökdüler, adamlar bilen sowuk suwda erkana ýüzdüler we suwa düşüp bolandan soň tüýlerini silkenlerinde, muny bilgeşleýin edýän ýaly boldy.

Bu gün gowagyň öňündäki meýdançany bu tarapdan we girelgäniň öňüni ýapyp duran gaýanyň aňyrsyndan hem girip bolar ýaly edip giňeltme kararyna gelindi. Artykmaç daşlar girelgäni gönüburç diýen ýaly etmek üçin ulanyldy. Zerur bolan ýagdaýynda ony ýabany öküziň derisi bilen ýapmak

aňsat bolýardy. Gowagyň girelgesini gurmak bilen meşgullanyp ýörkäler, olaryň ikisi düýnki taýýarlanylyp goýlan odunlardan ullakan ot ýakdylar. Ýarganatlar uly goh bilen gowakdan uçup çykdylar-da, goňşy dagyň depeleri tarapa gitdiler. Ýylanlaram, eger olar hem bu ýerde bar bolsa, elbetde, munuň ýaly ot ýanýan gowakda galmak islän däldirler.

Iş uzakly güne ýetdi. Agşama hemmeler örän ýadadylar we ajykdylar. Iň gowy ýeri-de, agşamky awdan eslije et galypdy. Arun bilen El derýanyň aşak ýüzüne düşüp, gamyşlaryň ullakan düýplerini gopardylar-da, çörek üçin kök getirdiler. Agşamlyk nahary diýseň gowy boldy.

Dostlar bu agşam kän gürrüň etmediler. Belki, örän ýadandyklary üçindir, belki-de, düýn agşamky gürrüň eden we eşiden zatlary hakda entegem pikirlenýändikleri üçindir.

Ertesi gün dagyň etegi bilen dag hatarlarynyň günbatar çetine gidip, ol ýerde näme bardygyny görme kararyna gelindi. Şeýle hem etdiler. Görseler, dag hatarlary derýanyň beýik kenaryny emele getirýän ekenler. Derýanyň bu ýeri juda çuňdy. Dag hatarlarynyň suwa ýetip duran eňňit ýerlerinde kenar entegem örän beýik, gaýaly hem baryp bolmaýan ýaly bolup durdy. Töwerekleri aýlananlaryndan soň syýahatçylar yzlaryna, indi özleriniň gowagyna ugradylar.

Ertesi gün ertir bilen suwa düşenlerinden, sežde edenlerinden we ertirlikden soň, hemmeler beýleki, dag ulgamlarynyň has uzagrak tarapyna ugradylar. Jülgä düşenlerinden soň olar ilki derýanyň gyrasyndan ýörediler, soň gündogara öwrülip, jülgäni

ýapyp duran uzyn hem gür otlaryň içi bilen gitdiler. Käbir ýerlerde olar antilopalary, ownuk gemrijileri ürküzdiler, bir gezek hem, ýolbarslar maşgalasynyň üstünden bardylar. Awçylar hemişe bolşy ýaly, ýoda bilen biri-biriniň yzyndan çalt ädimläp ýöräp barýardylar. Birden Dan saklandy-da, yzyndan gelýänlere howlukman ýuwaşja ýöremegi we gürleşmezligi yşarat bilen düşündirdi. Olar Günüň astynda ýylanyp ýatan ýolbarslaryň ýanyndan olary gaharlandyrman we bilesigelijilik döretmän geçdiler. Diňe itler biynjalyk boldular.

Syýahatçylar dag ulgamlarynyň eňňitli gyrasyna ýetenlerinde, dag hatarlarynyň derýa baryp gutarýanyny gördüler. Bu günki syýahat olara hiç hili garaşylmadyk zady getirmedi. Yza gelýän ýolda Dan seresap bolman, awçylaryň barýan ýolunda iýmit gözläp ýören iki sany toklutaýy atdy. Şeýlelikde, bu günki agşamlyk bilen hem üpjün edildi.

— Ertir irden yzymyza gaýdýarys. Şonuň üçin irräk ýatýarys — diýip, Dan görkezme berdi. — Ertirki suwa düşme gadagan edilýär, wagt ýitirmeli däl.

— Men birinji bolup sakçylyk etjek — diýip, An teklip etdi. — Gijäniň ýarymynda ýerime gelseňiz bolýar. Gije üç adam ýeterlik bolar diýip pikir edýärin.

— Gowy teklip — diýip, Dan ylalaşdy.

An gowakdan çykdy, onuň yzy bilen itlerem çykdy. Ol çykyp, bütin jülgäni öçügsi ýagtysy bilen ýagtyldyp duran Aýa seretdi we ellerini göge galdyryp, şeýle diýdi:

— Ebedi hem Beýik, ine, Seniň öňüňde An dur. Meniň ýüregimde, şu jülgedäki Aýyň ýagtysy ýaly öçügsi hem gowşak ýagty bar. Eger Sen isleseň we başarsaň, meniň ýüregime, edil Günüňki ýaly ýagtylyk, Sen bilen we tebigat bilen parahatçylykda bolmany goýber.

# Ölüm howply tutluşyk

Çyg düşmeli wagty geçen badyna, gije soňky bolup sakçylyk eden Dan beýlekileriň hemmesini oýardy. Olar ätiýaçlykdaky iýmitden howlukmaç iýip, gowakdan çykdylar-da, ýüzlerini günotra öwrüp, olar üçin adata öwrülen ertirki seždesini etmek üçin Ebedä tagzym etdiler. Bu gün ertirki seždäni Arun jemledi. Ol ellerini göge galdyryp:

— Ebedi hem Beýik Atamyz, bu täze güni biz Seniň eliňden kabul edýäris. Sen Güne gijäniň garaňkysyny kowup, gögüň ýokarsyna çykmagy buýruk berdiň. Diňe Saňa sežde edýäris we bu gün bizi daşdaky erbetlikden we içki garaňkylykdan goramagyňy haýyş edýäris — diýdi.

— Taýýarlanýarys — diýip, Dan görkezme berdi. — Biz birazrajyk deryanyň gyrasyndan ýöräris. Ol, takmynan, biziň

gitmeli ugrumyzdan gidýär. Onuň saga öwrülýän ýerinde biz göni tokaýa sowlarys.

Taýýarlyk gysga boldy, hemme zat eýýäm gije ýerleşdirilip we salnyp goýlupdy. Olar eginlerine haltalaryny, oklar we ýaýlar salnan torbany atyp hem-de ellerine naýzalaryny alyp, ýola düşdüler. Syýahatçylar dagdan aşak inip, derýanyň kenaryna çykdylar. Birneme ýöränlerinden soň, olar uly ädimlere geçdiler, şeýdip, kiçijik hatar şeýle tiz wagtda özleri üçin mährem bolan ýerden basymjak daşlaşyp başlady.

Derýanyň sag tarapa akgynly öwrüm edýän ýerine olar günortan ýetdiler. Demirgazykdaky gara guşaklygyň hakykatdan hem tokaýdygy indi anyk göründi. Syýahatçylar şoňa tarap hem ýörediler. Derýanyň bu ýerde näme üçin öwrüm edýändigi düşnükli boldy: jülge birazrajyk ýokary galýan eken.

— Men bolsa haýran galyp otyryn — diýip, Dan ädimini haýallatman aýtdy. — Ine näme üçin biz tokaý guşaklygyny görýän ekenik, görüp otursak, ol şeýle uzakda eken. Tutuş jülge şeýle uly, ýöne togalak däl-de, eňňitleri ýokary galyp duran suw liliýasynyň ýapragy ýaly uzynrak bolup görünýär.

— Ýogsa-da, tokaý nirä çenli ýaýylyp gidýärkä? — diýip, Arun hiç kime ýüzlenmän sorady. — Men tokaýy gowy görýärin.

— Biziň derýamyzyň kenaryna çykmak üçin birazrajyk çepräge ýöresek, soň kenaryň gyrasyndan ýokary galsak gowrak bolarmyka diýip pikir edýärin — diýip, Wa teklip etdi.

Şeýle hem etdiler. Syýahatçylar soňunda deryanyň suwundan içdiler-de, öňde jülgäniň bütin uzynlygyna gara guşaklyk bolup görünýän tokaý tarapa gitdiler.

Dan tokaýyň garaşylyşy ýaly basym golaýlaşmaýandygyny görende, ädimini çaltlandyrdy we tizara hem, ylgawa geçdi. Olar şunuň ýaly edip, ýabany öküzleriň uly sürüsüniň otlap ýören ýerindäki tokaýa ýetýänçäler eslije ylgadylar. Awçylar golaýlaşanlarynda, ýabany öküzler biynjalyk boldular-da, saga, tokaýyň jümmüşine süýşdüler. Äpet haýwanlar ýuwaşjadan bolsa-da, basym gaýyp bolup gitdiler.

Dan özleriniň tokaýa giren ýerinde çepräge alyp barýan ýodalaryň birini saýlap, çalt ylgaw bilen dostlaryny şol ýodadan alyp gitdi. Olaryň bagtyna tokaý sosna tokaýydy we onçakly gür däldi. Kä ol ýerde, kä bu ýerde ýalaňaç gaýalaryň giň meýdançalarynyň üstünden ýoda geçýärdi, olaryň ortalarynda hem sosnalar ösüp otyrdy. Howa Günüň gyzdyran smolasynyň ysyndan doludy, guşlaryň sesleri şeýle gatydy welin, edil gelmişekleri garşy almak üçin ýodanyň töweregine tokaý guşlarynyň hemmesi ýygnanan ýalydy.

Birneme wagt geçenden soň Dan ädimini haýallatdy. Ol elini galdyrdy-da, kellesini hemme tarapa aýlady. Itler dişlerini syrtartdylar, hyrladylar, olaryň ýeňselerindäki tüýleri hüžžerdi.

— Aýy — diýip, Dan ýuwaşja aýtdy. Ol eglibräk özleriniň ýöräp barýan ýodasyna seredişdirdi. — Bize beýleki ýoda geçmek gerek.

— Giç! — diýip, El sosnalaryň arasynda görnen goňur aýylary görkezip, gaty ses bilen aýtdy. Şol aýylaryň biri göni olar tarapa süýşüp gelýärdi.

— Gaçmaga giç! — diýip, Dan aýtdy. — Özümizi asuda alyp baralyň, belki, ol deňimizden geçer ýa-da aňra öwrüler. Bärik, agaja çykyň!

Bütin topar äpet bir agajyň aşagyna üýşdi, bu agajyň üstüne dyrmaşanyň peýdasy ýokdy, sebäbi aýylar agaja gaty aňsatlyk bilen dyrmaşyp bilýärdi, ýöne ol dyrmaşyp bilmedik ýagdaýynda-da, olarda dyrmaşmaga wagt galmandy. Olar haltalaryny ýere okladylar-da, naýzalaryny berk gysyp, olary öňlerine tutup durdular. Itler hem, olaryň aýaklaryna berk gysylyp, gaty hyrladylar. Dan olara ümsüm bolmalydygyny bildirip, olaryň agyzlaryny gysdy. Aýy özüniň äpet kellesini saga-çepe yrap, haýaljakdan olara tarap gelýärdi. Ol dört aýagynyň üstünde duranda hem, boýy Anyň boýundan-da uzyndy. Bu awçylaryň gorkmaýan ýönekeý aýysy däldi-de, gowak aýysydy. Onuň gözlerine gan öýendi. Ol tutuksy bilen, ýöne örän gaty ses bilen, arlady.

— Oturalyň — diýip, Dan buýruk berdi. — Belki, ol muny hormat etme we tabyn bolma alamaty hökmünde kabul eder.

Olaryň hemmesi, myşsalary soňky derejesine çenli dartgynlaşan bolsalar-da, oturdylar. Aýy gaty golaýa geldi, şonuň üçin onuň dem almasy anyk eşidildi we agzyndan gelýän gaty porsy ys duýuldy. Edil olaryň öň ýanynda, indi näme etmelidigini çözýän ýaly, aýy saklandy.

Şunuň ýaly ýagdaýlarda bolşy ýaly, Dan mümkin boldugyça ýuwaş hem asuda gürledi:

— Biz saňa ýamanlyk islämizok we seniň mülküňde galmaýarys, biz diňe tokaýyň üsti bilen geçip gidýäris.

Adam sesini eşideninde aýy kellesini ýaýkamasyny goýdy-da, birden haýbatly arlady. Onuň sesi şeýle güýçli bolany sebäpli ol uzak daglarda hem eşidilen ýaly boldy. Aýy ýene bir gezek arlady-da, yzky aýaklaryna galdy.

— Ol biziň sözümize düşünmedi ýa-da sözümizi kabul etmedi — diýip, indi Dan gaty gyryryp aýtdy.

— Men onuň gözünden atjak — diýip, toparyň gyrasynda duran El aýtdy. Ol buýruga garaşman, naýzasyny öňüne taşlady-da, ýaýyny garbap alyp, oňa ok saldy.

Aýy olara tarap ýöräp ugrady. El ýaýy atanda, göni aýynyň çep gözüne degdi. Ol ikinji ýaýy hem goýan wagtynda, örän äpet aýy gaty gorkunç arlap, ýene birnäçe ädim süýşdi-de, sag penjesi bilen Eli şeýle bir urup goýberdi welin, El birnäçe ädim uçup gitdi-de, gapdaldaky agaja baryp uruldy we agajyň köküniň ýanyndaky ullakan harsaň daşlaryň arasyna ýykyldy. Aýy hereketsiz ýatan El tarapa öwrüldi. Onuň çep gözünde ok sallanyp durdy. Ol ony penjesi bilen süpürip göýberdi. Şu pursatda oglanlaryň hemmesi oňa tarap ylgadylar. Olar oňa naýzalaryny sanjyp başladylar — kim onuň böwrüne, kim boýnuna naýza sançdy. Ýöne olaryň beýle etmek bilen bar eden zady onuň derisini deşmek boldy. Itlerem aýynyň üstüne hüjüm etdiler, emma aýy olara üns bermedi. Aýy olara tarap öwrülmedi-de, El tarapa birnäçe ädim ätdi.

An uly ädimler bilen böküp, aýynyň öňüne bardy-da, aýynyň ünsüni Elden sowjak bolup, onuň öňünde dim-dik durdy. Aýy ullkan gaýa ýaly bolup, Anyň depesinden seredip durdy. Aýy iki aýagyny ýokary galdyranda, beýlekileriň göwünlerine ol häzir Anyň depesinden penjesini inderip, ony edil çybyn mynjyradan ýaly mynjyratjak ýaly bolup göründi. Şol pursatda itler, sugunlary ýykmak üçin edişleri ýaly, aýynyň penjesiniň ýokarragyndan gaty berk ýapyşdylar. Bu ýagdaý sebäpli aýynyň nähilidir bir howpy duýan bolmagy mümkin, sebäbi ol dört aýagynyň üstünde durmak üçin özüni aşak goýberende, An bilen onuň arkasynda ýatan Eli öz aşagynda galdyrdy.

Aýy aşak inende, birden bögürdi. Onuň arkasyndaky ýalynyň aşagynda naýzanyň ýogyn ujy çykyp durdy. An aýynyň öň aýaklarynyň üstüne inip gelýänini görüp, onuň gursagynyň astyna naýzasyny goýupdyr, aýy hem indi saklanyp bilmän, bütin agramy bilen onuň üstüne gaýdýar.

Wa, Dan we Arun aýynyň ölendigine göz ýetirip, onuň aşagynda galan dostlaryny boşatmak üçin aýyny beýläk togalamaga howlukdylar. Ýöne bu beýle bir aňsat bolmady. Ony ilki arkasyna, soň hem, beýleki gapdalyna öwürmeli boldular, bu olara aňsat düşmedi. Aýynyň öňünde, ýüreginiň garşysynda, naýzanyň agaç sapy çykyp durdy. Naýza onuň içinden doly diýen ýaly geçen eken. Ýöne oglanlarda bu gudrata seredip durmaga wagtlary ýokdy, olar An bilen Ele tarap ylgadylar. El özüniň ýykylan ýerinde, agajyň köküniň ýanyndaky kiçiräk daş harsaňynyň arasynda ýatyrdy. Ol gymyldamaýardy we gözlerini açmaýardy. Wa onuň döşüne

gulagyny goýdy. Onuň ýüreginiň çalaja eşidilýän urgusy Wa üçin saz ýaly bolup eşidildi.

— Ol diri! — diýip, ol begenip aýtdy.

Bu wagt Dan bilen Arun Anyň üstüne eglip durdular. Onuň bedeni Eliň ýanyndady, eli gaty üýtgeşik bolup döwlüpdi. An gana boýalypdy. Dan elini onuň goşaryna goýdy.

— Bu-da diri! — diýip aýdanda, onuň sesinde haýran galma duýuldy. Ol Any başdan aýak elleşdirip gördi-de: — Eli döwlüpdir we egni çykypdyr, galan süňkleri, daşyndan göräýmäge abat. Aýynyň göwresini harsaň daşlar saklap galypdyr, ýogsam, ol olary mynjyratjak eken. Ele näme bolupdyr?

— Entek bilemok. Onuň çep pilçesiniň hamy soýlupdyr, ýüzi durşuna gan. Ýene niresiniň ýaralanandygyny entek aýtmak kyn — diýip, Wa jogap berdi.

— Arun, olary tekiz ýere goýmaga maňa kömek et. Wa, Anyň eline goýar ýaly gabyk alyp gel. Sen bu zatlara menden gowy düşünýärsiň — diýip, Dan aýtdy.

Wa baldakdan bütinligine gabyk sypyryp almak üçin ýaş osina agajyny — berýoza bolsa has gowy — gözlemäge ylgap gitdi. Tizara ol gerek ýogynlykdaky berýoza şahasyny tapdy. Ol özüniň daş pyçagy bilen zerur uzynlykdaky baldagy dikligine kesdi, baldagyň daşyndan aýlap, aşakda hem ýokarda keseligine kesik etdi we bir tirsek uzynlygyndaky gabygy sypyryp aýyrdy. Ol eline gabygy alyp, yzyna ylgap geldi. Bu wagtda dostlary ýaralylaryň ikisinem tekiz ýerde ýatyrypdylar.

— Wa, bol, muny sen et. Saňa Or biderek ýere öwretmedi ahyry — diýip, Dan aýtdy.

Uly dostunyň sesinde eşidilen sylaşyk Wa üçin ýakymly boldy. Ol şunuň ýaly ýagdaýda şeýle zatlar hakynda pikir edýändigini özi üçin belledi we muňa utandy, ýöne muny bildirmedi-de, işe girişdi.

— Gowusy Anyň egnini ol özüni bilmeýärkä we egni çişmänkä ýerine salmaly — diýip, Wa aýtdy-da:— Arun, Anyň, ine şu ýerinden berkiräk tut — diýip haýyş etdi.

Wa Anyň çykan eliniň goltugyna arkasyndan elini geçirip, elini onuň ýeňsesine goýdy, soňra hemme zadyň durmalysy ýaly duranmydygyny ýene bir gezek barlap, çalasyn hereket etdi. Anyň eli ýakymsyz hoturdy bilen ýerine bardy, ol yňňyldady.

— Indi Eliň süňklerini ýerine goýaly — diýip, Wa Arun bilen Danyň Eliň ýaralaryna melhem çalyşlaryny synlap we döwlen süňki sermäp ýerine goýup oturşyna özüne aýtdy. — Arun, maňa ýene bir gezek seniň kömegiň gerek. Myşsalar döwlen süňke dogry ýagdaýda durmaga päsgel berýär. Maňa ony ýerine goýmak we eli berýoza gabygynyň içine goýmak gerek.

Arunyň kömegi bilen, kynçylyk bilen bolsa-da, muny etmek oňa başartdy. Doganynyň elini agajyň gabygynyň içine salanda, Wa onuň myşsalarynyň gatylygyna haýran galdy. Ol kimiň — taýpada pälwan hasaplanylýan Danyňmy ýa Anyň — güýçlüdigi hakda pikir etdi. Ýöne şobada bu pikirleri kellesinden kowdy. Wa gabygy berk daňyp we şol ýüpjagaz bilen Anyň elini garnyna daňyp bolup, Ele tarap öwrüldi. Ol hem edil An ýaly, entegem özüne gelmändi. Ýara syýahatçylyk şertlerini göz öňünde tutsaň, gaty gowy melhem

çalnypdy. Eliň pilçesiniň aşagyndaky gopan ham ýerine eltildi, gan akmasy saklanyldy. Ýaranyň üsti atgulagyň ýapraklary bilen owradylan ownujak garaharsaň we Wanyň haltasyndan tapylan gury kömelegiň poroşogy bilen örtüldi we inçejik deri ýüpler bilen daňyldy. Eliň duýdansyz hereketi sebäpli ýara açylmaz ýaly, Eliň hem çep elini bedenine daňmaly boldular.

Ahyrsoňy edip bolaýjak zatlaryň hemmesi edileninden soň, içleriniň ýene niresine zyýan ýetendigini bilmek üçin, ýaralylaryň özlerine gelerine garaşmak galdy.

— Biz gije şu ýerde nirededir bir ýerde galarys — diýip, Dan aýtdy.

Wa bilen Arun garaňkynyň düşüp başlandygyny diňe şu wagt bildiler. Olaryň bagtyna, gowak aýylary ýeke bolýarlar. Urkaçy aýy bogaz bolandan soň, ýanýoldaşyny ýanyndan kowýar.

— Garaňky düşýänçä aýynyň derisini aýyrmaga ýetişeris diýip pikir edýärin — diýip, Arun teklip etdi. — Ýogsam, gije onuň maslygyndan hezil etmek üçin köp awçy geler.

— Bolýar, siz Wa ikiňiz ony deriden çykaryň we ýaralylara esewan boluň, men bolsa, barlag geçip geljek. Meniň pikirimçe aýynyň gowagy şu töwerekde bir ýerde golaýda bolmaly. Biz ony gowagynyň ýanynda bimaza edendiris, şonuň üçin ol şeýle gaharly bolandyr — diýip, Dan öz itini çagyryp, agaçlaryň arasyndan görnüp duran gaýalara tarap ýöräp gaýyp boldy.

Wa bilen Arun aýyny deriden çykaryp, etini bölüşdirip ýetişmänkä, Dan gaýdyp geldi:

— Onuň gowagy şu ýerde. Basymrak boluň, bize ol ýere barmak gerek.

Oglanlar aýynyň derisini gowaga eltip, ýaralylary onuň üstünde ýatyrýançalar, Anyň naýzasyny, öz goşlaryny we aýynyň etinden ullakan bölekleri geçirýänçäler has garaňky düşüpdi. Aýynyň gowagy örän giň eken — oňa bäş adam bilen iki it arkaýyn ýerleşdi. Onuň iki gaýanyň we ösgün gyrymsy agajyň arasynda gizlenilen girelgesi gaýaly depäniň eňňidinde ýerleşýärdi. Gowagyň arkasynda ýalpagrak çuň oý bardy, ol ýerden çeşmäniň sesi gelýärdi.

Uzakly gije hiç kim gözüni-de ýummady. Dan, Arun we Wa gowagyň girelgesinde ýakylan oduň başynda dymyp oturdylar. Olar gürlemegem islemeýärdiler. Olaryň her biri geçen günüň wakasyny gaýtadan başdan geçirýärdi. Wa ýygy-ýygydan ýaralylaryň ýanyna baryp, olaryň maňlaýlaryny elläp görýärdi we daňylaryny barlaýardy.

Gijäniň içinde El gyzdyryp başlady. Ol aýynyň derisiniň üstünde üstüne örtgi ýapylgy ýatyrdy. An hiç özüne geliberenokdy. Arun ylgap gidip, çeşmeden bir halta suw alyp geldi. Wa oňa bir bölejik derini ezip, Eliň dyzlaryna we gyzgyn maňlaýyna goýdy.

Olaryň aýynyň maslygyny goýup gaýdan ýerinden taýýar etiň üstünde uruşýan tilkileriň we möjekleriň sesleri geldi. Soň hemmesi ümsüm boldy. Çyg ýagma wagty bolanda, syýahatçylar gussaly hem sustupes otyrdylar. Gün doganda bolsa, Dan ýeke özi gowakdan daşary çykdy-da, ellerini göge galdyrdy:

— Saňa minnetdar, Ebedi, Sen bize garşydaşymyzyň üstünden ýeňiş berdiň, biz ondan ejizdik. Men näme diýip bilerin? Sen Öz kuwwatyňy aýan edip, bu gudraty görkezdiň. Senden haýyş edýärin, ýene bir gudrat görkez, goý, meniň dostlarym sagalsyn. Goý, bu täze gün gaýgyly däl-de, şatlykly gün bolsun!

Dan yzyna gowaga gelende, Anyň özüne seredip duran gözlerini gördi. Danyň Ebedä aýdan sözlerini onuň eşidendigi anyk görnüp durdy.

— El nähili? — diýip, Dan syrkawyň düşeginiň ýanynda oturan Wadan sorady.

Wa diňe başyny gussaly ýaýkady.

— Hemme zat gowy bolar — diýip, Dan Wanyň egnine kakdy. — Dogry dälmi, An?

Diňe şonda Wa Anyň özüne gelenini bildi.

— Biziň kakamyz Ebediniň mydama näme etmelidigini bilýänini aýdýardy — diýip, An Wadan gözüni aýyrman jogap berdi.

# Ada

Ertir ümürli boldy. Bu gün çyg örän köp düşdi. Dostlaryň ýürekleri hem, edil şonuň ýaly gussalydy. Dan aýynyň derisini çykarmagy, ony ýagyň hem etiň galyndylaryndan gowuja arassalamagy, soň hem, öz taýpasynyň aýallarynyň edişleri ýaly, gowuja eýlemegi buýurdy:

— Arun, bu işi taýpamyzyň aýallary has gowy edýän bolsalar-da, bu ýakymsyz iş bilen häzir özümiz meşgullanmaly bolarys.

Dan Anyň Wanyň ýüzüne seredenini duýup:

— Wa, biz sizi birazajyk bimaza etmeli bolýarys. Biz ýarawsyzlaryň aşagyndan derini ýuwaşjadan çekýäris. Sen syrkawlara seredersiň, Arun ikimiz bolsa, nahar üçin hemme zady taýýarlarys we soň üstünde ýatar ýaly, derini eýläris. Biz bu ýerde köp wagt bolmaly bolarys diýip pikir edýärin — diýdi.

Dan bilen Arun derini, tüýüni aşak edip, tekiz ýere ýazdylar-da, ony pyçaklary bilen gyryp başladylar. Iş basym öňe gitdi. Soň Dan derini eýlemek üçin gerek bolan kökleri gözlemäge gitdi, Arun bolsa, düýnki aýynyň etini taýýarlamak bilen meşgullandy. Olar aýynyň etinden iki ýa üç gün iýerden hem köpräk alypdylar. Ol edil gowagyň öňünde, köki bilen birnäçe otlary sogran we birnäçe daşy aýran ýerinde, ot ýakdy. Dan gaýdyp gelen wagtynda, nahar eýýäm taýýardy.

— Sen kän eglendiň-le. Tapdyňmy? — diýip, Arun sorady.

— Ýeter diýip pikir edýärin. Men olary ýokarda, deriniň ýanynda goýdum. Oduň sowan külüni ol ýere äkitmek gerek. Oda suw sepme, kül doly ýanan bolmaly. Biziň syrkawlarymyz nähili?

— An uklap ýatyr. Wa oňa öz poroşogyndan berdi. El bolsa, entek özüne gelmedi. Wa gowakdan ýekeje gezek, onda-da öz işi bilen çykdy. Ol Eliň düşeginiň ýanyndan aýrylmady. Ýöne gyzgyn peseldi öýdýärin.

— El gowusy entek özüne gelmesin. Ol häzirlikçe özüne näme bolanyny bilmeýär, görersiň, ýaralar bitişer.

— Gyzgyn içki ýaralar sebäplimikä diýip gorkýaryn. Sen onuň ýüzüniň çep böleginiň nähili bolup duranyny gördüňmi? Durşuna gögeripdir we garalypdyr. Aýy aýagy bilen ony basypdyr. Eger egnine degmän, göni degen bolsa, onda ol onuň kellesini kül ederdi.

Arun ejesi ýaly, birazajyk ýuwaşrak hem ýumşagrak gürleýärdi. Ol Dana Lini ýatlatdy, şonuň üçin onuň ýüregi ony görme, saçlaryny sypalama, onuň ysyny duýma isleginden ýaňa

gysyldy. Ýöne Dan bu pikirleri derrew kellesinden kowdy-da, işi bilen meşgullanyp başlady. Söýgülileri ýada salma wagty entek gelmändi.

Agşama çenli deri eýlendi. Indi ol guramalydy. Soň ony çäge bilen ýuwmak gerekdi we ýene bir gezek guratmalydy, soň ýumşatmalydy, şonda olaryň gowagynda ýumşajyk galyň düşek bolýardy.

— Wa, eýýäm Gün batdy, saňa birazajyk dynç almak gerek — diýende, Danyň sesinde aladaçyllyk duýuldy. — Eliň ýanynda gyşar, men bolsa, size seredip oturaryn.

Wa ýekeje agyz hem söz aýtman, Eliň ýanynda ýerde ýatdy-da, gözlerini ýumdy. Onuň uklany uklamany Dana görünmedi. Wa uzakly gün iýmedem, içmedem. Hiç kim ony mejbur hem etmedi. Olaryň taýpasynda beýle edilmeýärdi.

Ertesi gün, ýene bir gün, Wa iýmite-de, suwa-da elini hem degirmedi, hiç zat gürlemedi. Diňe Eliň dyzyna we maňlaýyna sowuk suwa ezilen derijikleri goýdy. Käwagt ol gowakdan çykyp, bir ýere gidýärdi. Arun Wanyň ýüzüni Bag tarapa tutup, ullakan agaçlaryň arasynda ellerini galdyryp, Ebedä bir zatlary ýürekden aýdýanyny tötänden gördi.

— Ol Ebedi bilen gürleşýär — diýip, Arun Dana aýtdy.

— Bu gowy zat. Bu ýüregi garalmakdan goraýar -diýip, Dan jogap berdi.

An adatdakysy ýaly ýatdy. Ol diňe suw içdi, birazajyk iýdi we ýene uklady.

Wa gaýdyp gelende, Dan oňa sesini çykarman bir bölek et bilen sarymsak berdi. Wa hem sesini çykarman olary aldy-da, gowaga girip gitdi. Ol ýerde Wa dogany bilen Eliň arasynda oturdy, olaryň üstlerine ellerini goýup ümsüm boldy. Eginleriniň titräp silkinýäninden, onuň aglaýany bildirýärdi. Dan Aruna yşarat etdi, soň olar ýanlaryna Danyň itini we ýarag alyp gitdiler.

— Ýör, daş-töwerekleri barlaly — diýip, ol ýuwaşja, ýöne Wa eşider ýaly edip aýtdy.

Olar özleriniň aýyny öldüren ýerine gitdiler. Aýynyň etinden hiç zadam galmandyr, diňe gemrilen äpet süňkler agaçlaryň arasynda pytraşyp ýatyrdy. Yzlardan çen tutsaň, bu ýerde, esasan hem, möjekler meýlis gurapdyrlar.

— Möjekler ýaşaýan ýerde, sugunlaram ýaşaýar — diýip, Arun Danyň pikirini aýtdy. — Bu bolsa, biziň taýpamyza awlamaga zadyň bardygyny aňladýar. Eger uzak ýaşaýanlar taýpamyzyň antilopa we ýabany öküz awlamaga geçmegini islemeýändiklerini aýtsalar, biz muny aýdarys.

Dan hiç zat diýmän, Arunyň egnine kakdy we çalaja bildirýän ýoda bilen tokaýyň jümmüşine gitdi. Sugunlar ýaltalyk bilen haýaljakdan ylgap, agaçlaryň aralarynda gizlendiler.

— Nähili owadan, gördüňmi? — diýip, Dan ylgawyny haýallatman sorady.

— Men saňa diýýän-ä, biz taýpamyz üçin Bag tapdyk.

Olar çepe öwrülip ylgadylar, şonuň üçin tokaýyň gyrasyna, aşaky dagyň eteginden, has takygy, beýik gaýaly depelerden çykdylar.

Onuň üstüne çykanlarynda bolsa, olar özleriniň öňlerinde duran giň, bol suwly deryany gördüler. Derýa bu ýerden haýaljak akyp geçýärdi-de, öz suwuny olaryň sag tarapyna, beýik gaýaly kenaryň arasyndan alyp gidýärdi. Ol Dan bilen onuň dostlarynyň dinozawrlaryň ýaşaýan ýerini atlandyryşlary ýaly, «Gamyş deňzine» akýardy. Dan bilen Arun çep tarapa, derýanyň akymyndan ýokary seredende, tokaýyň nirede gutarýanyny gördüler. Ol ýerde derýa ikä bölünýärdi-de, tokaýyň daşyndan ullakan ýaý şekilli bolup aýlanýardy.

— Biz adada — diýip, Dan netije çykardy. — Uzyn tokaýlygy göz öňüne getir. Bu biziň adamyz. Diňe adanyň üçden iki bölegi. Araçäk — biziň gowagymyz ýerleşýän dag. Dagyň aňyrsynda — Gamyş deňzine düşýän eňňit bar.

— Sen bu ýer barada haçan hem bolsa bir wagt eşidipdiňmi? — diýip, Arun sorady.

— Ýok. Ol barada hiç kim bilmeýär diýip pikir edýärin. Bize dolanmaga çen boldy, biz Wanyň ýeke özüni şeýle-de, köp wagt galdyrdyk.

Olar yzlaryna diýseň aňsat geldiler. Olar gowaga gelenlerinde, Wa olara eýýäm sabyrsyzlyk bilen garaşyp durdy.

— Geleniňiz gowy boldy. Meniň kelläme bir pikir geldi. Eliň ýatyşyna serediň — Wanyň sesinde çalaja umyt eşidildi. Ol Eliň üstündäki örtgini aýyrdy-da, umyt bilen dostlaryna seretdi. Ýöne olaryň hiç zat görmeýändiklerini görende: — Onuň gyşyk ýatanyny görýärsiňizmi?

Arun bilen Danyň Eliň ýatyşynda üýtgeşik zat görmeýändiklerini görüp, Wa sabyrsyzlyk bilen:

— Islendik ýagdaýda-da maňa siziň kömegiňiz gerek. Arun, Eliň şu ýerinden, egniniň arkasyndan tut, Dan sen bolsa, aýagyndan tut. Biziň hemmämiz bile, ýöne örän seresaplylyk bilen, ony ýüzünligine öwreliň. Ine, şeýle!

El beýlesine öwrülende, Wanyň diýjek bolýan zady göze ildi. Pilçeleriň arasynda we arkasynyň ýokarsynda ullakan çiş bardy.

— Munuň ýara hiç hili dahyly ýok — diýip, Wa barmaklaryny oňurganyň ýanynda aşak hem ýokary edip aýtdy. — Onuň dört ýa-da bäş gapyrgasy çykypdyr. Çişi aýyrmak üçin otlardan ýapgy etmeli, şondan soň biz çykan gapyrgalary ýerine salyp bileris.

Wa ýapgy taýýarlamaga başlady. Ony ýapandan soň, ol Eliň üstüni ýapdy-da, onuň başujunda oturdy.

Ertesi gün Wa dostlaryny Eliň ýatan ýerine çagyrdy:

— Arun, uýaň aýagynda otur-da, ony berk sakla. Dan, onuň kellesini dyzlaryň arasyna al-da, eginlerinden sakla. Berk sakla, ýöne ýaradan seresap bol, ýara açylaýmasyn. Or maňa bu zatlaryň hemmesini öwretdi, ýöne men entek iş ýüzünde hiç kimiň oňurgasyny salyp görmändim. Ilki men, myşsalar ýumşar ýaly, birazajyk owkalaýaryn — diýip, Wa, kömekçilerine däl-de, özüne ynam bermek üçin bolsa gerek, düşündirmegi dowam etdi. — Şeýlelikde, indi esasy pursat. Üns beriň, saklaň!

Ol aýalary bilen bir gün mundan ozal çiş bolan ýere berk basdy. Ýöne ýokardan aşaklygyna däl-de, çepden saga. Gütürdi eşidildi,

El yňňyldady. Wa elini oňurganyň gyrasyndan birnäçe gezek geçirdi-de, gynanç bilen:

— Ýene bir gezek etmeli boljak. Üns beriň — diýdi.

Ýene gütürdi eşidildi, ýöne indi beýle bir gaty sesli däl. El ýene yňňyldady. Barlandan soň kanagatlanan Wa kömekçilerinden Eli arkasyna öwürmegi ýene haýyş etdi.

— Indi diňe garaşmak galýar… — diýip, Wa aýtdy we birden Eliň gür kirpikleriniň gymyldanyny gördi, ol gözlerini açdy.

Onuň gözleri entek ümüzlenip durdy, ýöne soň aýdyňlaşdy. El üstüne eglip duran Wany gördi-de, ýuwajadan:

— Wa, seniň elleriň meniň garnymda näme işleýär? — diýip sorady.

Wa şobada elini aýyrdy, onuň ýaňagyndan gözýaş syrykdy.

— Sen näme üçin aglaýarsyň? — diýip, ol çalaja eşidilýän pyşyrdy bilen sorady.

— Şatlykdan — diýip, ol pyşyrdy bilen jogap berdi. — Saňa örän rahat, gymyldaman we gürlemän ýatmak gerek. Azajyk garaş…

Wa uklap ýatan Anyň düşegine egildi-de, kiçiräjik suwly haltany aldy.

— Eger içip bilseň iç. Kelläňi galdyrma, men agzyňa tutaryn. Bu seniň agyryňy ýeňilleşdirer, sen uklarsyň. Hemme zat gowy bolar — Wa çalt, birhili sandyrama bilen gürledi.

— Maňa näme boldy? — diýip, Anyň melhemi goşulan suwundan içenden soň El örän ýuwaşlyk bilen sorady.

— Seni aýy urdy, ýöne sen onuň gözünden atdyň.

Eliň gözlerinde ýatlamalar peýda boldy:

— Aýa näme boldy?

— Sen onuň derisiniň üstünde ýatyrsyň.

— Siz ony nädip öldürip bildiňiz?

— Biz hemme zady gürrüň bereris, ýöne soňrak — diýip, Wa ony köşeşdirmäge çalyşdy.

— Ony An öldürdi. Ol seniň ýanyňda ýatyr. Ýöne onuň ýagdaýy gowy, diňe eli döwüldi. Ol seniň janyňy halas etdi. Ol özüne mamont awçylarynyň sowgat beren naýzasyny aýynyň içinden geçirdi — diýip, Arun aýtdy.

— Oňa dynç almak gerek — diýip, Wa dostunyň sözüni böldi. — Oňa hiç hili ýagdaýda-da özüne zor salmak bolmaýar.

Ýöne Eliň gözleri şeýle-de ýumlup barýardy. Soň ol uludan dem aldy-da, uka gitdi.

# Gaýdyp geliş

An bilen El sagalýançalar köp günler geçdi. Aý kiçelip, ýene tegelek boldy. Bu agşam ol özüniň öçügsi ýagtysy bilen gowagyň öňündäki oglanlar toparynyň we bir gyzyň üstüne ýagty saçyp durdy. Iki it guýruklaryny ýaltalyk bilen bulaýlaşyp, wepaly nazar bilen eýelerine seredýärdiler.

— El, sen öýe gitmäge taýýarmy? — diýende Danyň sesinde şübhe duýuldy.

— Men öýe gürrüňsiz ýetip biljekdigimi eýýäm birnäçe gezek aýtdym.

— Men-ä, ýene birazajyk garaşmak gerek diýip pikir edýärin — diýip, hemmeler tarapyndan lukman hökmünde ykrar edilen Wa garşy çykdy.

— Eger ol mende hiç haçan bes etmese näme? Bu ýerde hemişelik galarysmy? Şeýle-de, biziňkiler eýýäm gaýgy edip başlandyrlar.

An bu wagt dymyp, daşdan ýasalan buraw bilen gowak aýysynyň penjesiniň dyrnagyny burawlap deşip otyrdy. An doly sagalanyndan, hatda, halkany-da aýryp biler ýaly bolanyndan soň, Dan oňa hemmeleriň atlaryndan gahrymançylygy üçin minnetdarlyk bildirdi we aýynyň bir sereden hem uzynrak ýiti hem uzyn dyrnaklarynyň onusynam berdi.

— Bu seniň oljaň. Seniň çagalaryň we olaryň çagalary hem, oduň başynda oturanlarynda, seniň ýeňşiň hakda gürrüň bererler we bu dyrnaklary görkezerler. Gyzlar bolsa, seniň hatyraňa aýdym aýdarlar — diýip, ol aýtdy.

— Men hiç zadam edemok — diýip, utanan An garşy çykdy. — Aýy diňe meniň naýzamyň üstüne ýykyldy. Eger bu işde biriniň hyzmaty bar bolsa, onda ol Ebediniň hyzmatydyr.

— Ýöne sen aýynyň öňünde durup, onuň ýüregine naýzaňy gönükdirdiň — diýip, Wa doganyna garşy çykdy.

— Muny biziň her birimizem edip bilýäris. Diňe mende gowy naýza bardy, men Ele beýlekilerden golaý durdum.

— Bu oljalar seniňki — diýip, Dan jedeli tamamlady. An hem olaryň alyp, özüniň gowakdaky ýeriniň başujunda goýdy.

Bu öň bolupdy. Häzir bolsa, ol dyrnagy burawlap deşip otyrdy. Gijelerine onuň bu iş bilen meşgullanýanyna hemmeler öwrenişipdi.

— Biziň ýükümiz köp bolar, bu ýere gaýdanymyzdaka garanda has köp bolar we iki sany onçakly sagdyn bolmadyk syýahata gatnaşyjy bar — diýip, Dan sözüni dowam etdirdi. — Ýöne, eger ikiňiz, Arun bilen Wa, ýükleri göterseňiz, An bilen El ýüksüz

ýöreseler, onda biz üç günlük ýoly alty ýa-da ýedi günde geçeris. Biziň howlugara ýerimiz ýok. Eger Eliň ýagdaýy erbetleşse, onda biz saklanarys-da, ol gowulaşýança garaşarys.

— Men öz goşlarymy özüm göterip bilýärin — diýip, gyz birneme gynançly aýtdy. Onuň ýüzüniň entegem sagdyn bolmadyk tarapynda ak tegmiller peýda bolup başlapdy.

— Gep seniň göterip biljekdigiňde ýa bilmejekdigiňde däl-de, eýsem, bu başaýlanmaň hemişelik galmazlygynda. Şonuň üçin, häzirlikçe mümkin boldugyça seresap bolmak gerek.

— Bolýar. Indi jedelleşmeýäris. Ertir irden ýola düşýäris. Häzir bolsa, dynç almaly. Hiç kimiň garawul bolmagy gerek däl, eger bir zat bolaýsa, itler duýdurar diýip pikir edýärin.

Geçen wagtyň dowamynda oglanlar daş-töweregi öwrendiler, tokaýyň içini-daşyny aýlandylar, jülgäni öwrendiler, şonuň üçin indi özleriniň derýa hem deňiz tarapyndan emele getirilen adadadyklaryny anyk kesgitlediler. Özleriniň gowagyndan gözbaşyny alýan derýanyň nirä akýandygy olara aýratyn gyzykly boldy. Görseler, ol gözbaşyny özleriniň täze gowagynyň ýanyndan alýan eken-de, akgynlylyk bilen saga öwrülip, tokaýyň içine gidýän eken, ol ýerden hem, diýseň uly, beýik sosnalara, äpet tokga daşlara we gaýalaryň haýran galdyryjy görnüşlerine gurşalan köle guýýardy. Kölüň suwy arassady we sowukdy, köl bolsa, örän çuňdy.

Tokaýdaky möjeklerden we jülgedäki ýolbarslardan başga howply wagşy haýwanlara olar duş gelmediler. Soňky iki günde dostlar Eli Anyň howandarlygyna goýup, gaýygyň yzyndan gidip

bildiler. Ozal olar gaýygy bir aýdan mundan ozal adada düşen ýerlerinde goýup gitmekçi bolupdylar, ýöne indi ony deryadan geçmekçi bolýan ýerlerine geçirme kararyna geldiler. Muňa olaryň üç güni gitdi. Ilki olar bütin jülgäniň üstünden we eýýäm gaýyga tanyş daglaryň üsti bilen ýörediler, soň, derýanyň guýýan ýerine we Eli azat edenlerinden hem-de mamont awlanlaryndan soň düşen ýerlerine çenli gaýygy küreklap, akymyň tersine ýüzdüler. Soň olar öz derýalarynyň adanyň daşyna aýlanýan akymyna tarap öwrüldiler-de, oňaýly ýere çenli ýüzüp, gaýygy gizlediler, soň hem, tokaýdaky gowaga gaýdyp geldiler.

Gaýygyň yzyndan gidip geliş ugurlaryna olar özleriniň ullakan gowagyna seretdiler, ýöne hiç hili üýtgeşme görmediler.

Indi ýola düşme kararyna gelenlerinden soň, olar eýýäm mähriban hem oňaýly bolan gowaklarynda ýatdylar-da, derrew uka gitdiler. Uzak ýol tertip-düzgünli bolmaga borçly edýärdi. Soňky bolup öz ýerine An geçdi, ol öz işini gutarmak üçin oduň başynda oturdy. Itler Dandan uklamaly däl diýen buýrugy alyp, sönen oduň ýanynda ýatdylar. Ertir irden hemmeler aýak üstüne galdylar-da, goşlaryny ýygnadylar. Awçylaryň tolgunmalary itlere-de geçdi. Olar hem sabyrsyzlyk bilen ýola düşmäge howlukdylar.

Gowak aýysynyň derisi ýygnalyp, iki halta asylgy duran syrygyň üstüne atylandan, ýaraglar alnanyndan we oda suw guýlanyndan soň, Dan hemmeleri Baga tarap öwrülip, Ebedä tagzym etmäge çagyrdy.

— Ebedi Atam, biz Seniň öňüňde başymyzy egýäris-de, ellerimizi göge galdyrýarys — bizi eşit. Biziň yzymyza gaýdyp bilýändigimiz,

El bilen Anyň ýola düşmäge saglygynyň hem güýjüniň ýeterlikdigi üçin bizden minnetdarlygymyzy kabul et. Ýolda bizi haýwanlardan, duşmanlardan, ýüreklerimizi bolsa, garaňkylykdan gora.

Dan elini goýbermäge ýetişmänkä, hemmeler Anyň sesini eşitdi. Ol:

— Ebedi Ata, men Seniň bilen gürleşmegi ýatdan çykardym, ýöne Seniň meniň bilendigiňi bilýärin. Men Seni sylaýan we Seniň bilen parahatçylykda ýaşaýan adamlary tapdym. Sen maňa jigimi sowgat berdiň we aýyny ýeňdiň. Saňa minnetdar — diýdi.

Muny aýdyp bolanyndan soň, An sözüni dowam etdirdi, ýöne bu gezek dostlaryna ýüzlendi:

— Bu bolsa, size, dostlarym! — diýip, ol olaryň hersine kiçiräjik derýa balykgulaklary bilen bezelen ullakan iki sany dyrnagy deri bagjyga daňyp berdi. — Biz aýyny bile, Ebediniň kömegi bilen ýeňdik. Goý, çagalarymyz, olaryň çagalary şeýle gürrüň bersinler we gyzlar oduň başynda aýdym aýtsynlar.

Hiç kim sowgatdan ýüz öwrüp bilmedi, sebäbi An şeýle dabaraly hem ynandyryjy gürledi. Ol sözüni gutaranynda, Arun bilen Wa syrygy eginlerine, ýaraglaryny ellerine aldylar-da, Danyň yzyna düşdüler. Bu gezek ýörişiň yzyny aýynyň dört sany gyýa dişi bilen bezän berk naýzasyny eline alan An jemledi. Tokaýyň içinden göni ýörändikleri üçin saga tarap, özlerine gaýygyň garaşyp duran ýerine öwrüldiler. Olar arkaýyn ädimläp ýörediler, bu syýahat bir güni diýen ýaly eýeledi. Ahyrsoňy derýanyň golunyň kenaryna, takmynan gaýygyň gizlenen ýerinden çykdylar.

Gaýygy köp gözlemeli boldular, sebäbi söwütleriň hemmesi birmeňzeş ýaly bolup göründi, derýanyň golunda tokaý hem, hiç

zady bilen tapawutlanmaýardy. Şeýle-de bolsa, Dan özüniň bellän beýik, ýöne ýarysy guran agajyny tapdy, şonuň golaýynda hem, gaýyk bardy. Arun gaýygy çözdi-de, ony suwa girmän münüp bolýan ýere alyp geldi. Derýanyň bir ýerdäki goly onçakly giň däldi, şeýle-de bolsa, olar goşlar sebäpli, ýüzüp däl-de, gaýykda geçme kararyna geldiler, ýöne itler gaýyga münmediler-de, onuň yzyndan ýüzüp geçdiler.

Beýleki kenara geçenlerinde, kenaryň şu ýerinde basgançak ýaly bolup, ýokary gidýän ýerde, goşlaryny düşürdiler-de, ýollaryny dowam etdirdiler. Olar ýokary galanlarynda, depeli baýyrlyga çykdylar. Çep tarapda uzaklarda bir ýerlerde olaryň derýasy, yz tarapy derýanyň goly bilen çäklendirilen ada, olaryň adasy bardy, sag tarapda bolsa, olardan gündogarlygyna we demirgazygyň uzaklaryna kiçiräk tokaýjyklar we eňňitli depeler bilen örtülen düzlük ýaýylyp ýatyrdy, demirgazykdaky hem gündogardaky gözýetimde belent bolmadyk daglaryň şekilleri çalaja bildirip durdy. Syýahatçylar demirgazyga ýörediler. Olar golaýlaşanlarynda, tokaýjyklar buk agajyndan, osinadan we dublardan ybarat bolan kiçijik tokaý bolup çykdy. Kä ýerlerde otlugyň içinden suwa barýan ýodanyň geçmegi bu ýerde köp haýwanlaryň aýlanýandygyny subut edýärdi.

Gün batyp barýardy, gije düşlemek üçin ýer saýlamaga wagt bolupdy. Çalt ädim bilen ýöräp barýan topar kiçiräk depäniň üstünde ýerleşýän sosna tokaýyna golaýlaşanda, Dan birden saklandy. Öňde ylgap barýan it oňa yşarat etdi. Ol indi yşarat etmänem bilerdi: olaryň ýöräp barýan ýodasynyň sag tarapynda

şahalaryň arasynda gowak ýolbarsynyň äpet kellesi ýokary galdy. Hemmeler doňup galdylar. Ýolbarsyň agzy gandy. Ol tutuksy arryldysy bilen duýduryjy äheňde hyrlady. Dan ýuwaşjadan birnäçe söz diýdi-de, kellesini aşak egip, beýlekilere-de şeýle etmegi buýurdy, soň hem, ýodadan birazajyk çepe sowlup, haýaljakdan ýoluny dowam etdirdi. Ýolbars deňinden geçip barýan adamlara indi üns hem bermän, öňünde ýatan losy iýip başlady.

Syýahatçylar ýene birnäçe tokaýjyklary geçdiler. Olar, ahyrsoňy, özleriniň maksady üçin amatly tokaýjygy tapanlarynda, eýýäm garaňky düşüp başlapdy. Onuň içinde beýleki agaçlar bilen birlikde ullakan dublar hem bardy. Olaryň üstünde gije ýatar ýaly höwürtge ýasamak bolýardy. Olar şobada ýerleşdiler. Itler agajyň aşagynda galdylar. Açyk düzlükde ot ýakmaly däl diýen karara geldiler-de, ätiýaçlykdan iýip, nobatçylygyň nobatyny kesgitlediler-de ýatdylar. Ýadawlyk öz işini etdi. El bilen An, daşyna çykarmadyk bolsalar-da, has ýadadylar, şonuň üçin olar şahalardan hem örtüklerden ýasalan düşegiň üstünde ýatyp uklajagyna begendiler.

Ir ertir, çyg ýagandan soň, agajyň üstünden düşdüler-de, basymjak garbandylar, itleri naharladylar. Dan gijeki asudalyk, ýolbarsdan gorany üçin Ebedä minnetdarlyk bildirdi we özlerini goramagyny hem mundan beýläk-de ýollaryny gönükdirmegini haýyş etdi.

Olar tokaýjykdan çykyp, kiçiräk depä çykanlarynda, olaryň gijeki gören dag hatarlary beýle bir uzak däl bolup çykdy. Depeleriň şekilleri olara örän tanyş bolup göründi.

— Serediň, garalar, Eli ogurlanlarynda biz gije anha şol depede ýatypdyk — diýip, Wa aýtdy. — Ol ýerde bolsa, men sülgün atdym.

— Eger indi hiç ýerde saklanmasak, onda öýümize çenli barýogy üç gün galdy — diýip, Dan aýtdy.

# Ýene duşmanlar

Gün doganda syýahatçylar eýýäm ugramaga doly taýýardylar. Hemmeler ertirlik edinmäge, suwdan ganmaga ýetişipdiler, itler naharlandy we ýola tarap okduryljak bolup durdular.

Wa Eli howsala bilen synlady. Ol daýanypdy, özüni gaty gowy duýýanyny aýdýardy, ýöne ol üstünde ýatan agajyň aşaky şahasyndan ýere böküp düşende, özüne ynamsyz bolmagy Wanyň ünsli nazaryndan sypmady. Onuň aralykdan dogry hasap çykaryp bilmändigi we böken wagtynda aýak üstünde saklanyp bilmändigi görnüp durdy. Onuň arkasyndaky ýara eýýäm bitipdi, ýöne ýüzüniň sag tarapyndaky derisiniň görnüşi entek sagdyn däldi. Ýöne munuň ýaly ýagdaýda haýsy otuň kömek edip biljekdigini bilmeýärdi. Şu ýerde oňa Oruň maslahaty örän gerek boldy. Eliň hereketleriniň sazlaşygy bolsa, gowy niýetde bolmaga mejbur edýärdi.

An peýkamdan ýaralanandakysy ýaly basym sagaldy. Ol sag eli bilen entek agyr zat göterip bilmeýärdi, ýöne ony gymyldadanda indi agyry duýmaýardy.

Dostlar bir aýdan gowrak wagt mundan ozal gije ýatan agajyny yzda galdyrdylar, Anyň ýaralanan we Eliň ýesir alnan ýerindäki tokaýyň deňinden geçdiler.

— Seniň meni öldürmäniň nähili gowy boldy, ýogsam, men seniň bilen tanyşmazdym! — diýip, An ýylgyryp aýtdy.

— «Ebedi mydama näme edýändigini bilýändir» — diýip, kakamyz aýdýardy. Şeýle dälmi? — diýip, El jogap berdi-de, özüni ýolboýy synlap gelýän Wanyň ýüzüne seretdi. — Wa, meni alada etmäňi bes et. Eger seniň kakaň mamla bolsa, onda hemme zat gowy bolar.

Wa onuň sözlerine hiç hili jogap bermedi.

Bu gün olar diňe suw içmek we ýükleri göterip gelýän oglanlara birazajyk dynç bermek üçin saklandylar. Olar bireýýämden bäri özlerine çagalykdan bäri tanyş bolan tokaýyň içi bilen barýardylar. Olar aw gözläp, gowakdan iki, käwagt hem üç günlük ýoly ençe gezek geçipdiler. Tokaýdaky sesler olara tanyşdy, onuň ysy bolsa, olar üçin, hatda, birhili mähribandy. Olar tokaýyň jümmüşine gitdikleriçe, Dan özüni arkaýynrak duýdy, bu ýagdaý itlere-de, onuň dostlaryna-da geçdi. Gözleri indi gözegçilik etmek üçin bellenilen meýdana beýle dartgynly seretmeýärdi, gulaklary bolsa, her bir şygyrda beýle duýgur däldi.

— El, sen eýýäm ejeme näme diýjekdigiňi oýlap tapdyňmy? — diýip, Arun jigisinden sorady.

— Ol meniň nirä gidenimi bilýär. Şonuň üçin gaýgy edýän däldir.

— Sen oňa aýtdyňmy?

— Ýok! Diýýäniň näme?! Aýtsam, ol meni goýbermezdi. Ýöne men ýaýym bilen oklarymy aldym ahyry. Mundan başga-da men oňa bellik galdyrdym...

— Nähili?

— Men ýatýan ýerime kakamyň sapanyny goýdum.

— Hawa, ol nämäni aňlatmalydy?

— Sen dogrudanam düşüneňokmy?

— Ýok, düşünemok.

— Beýle bolsa saňa kömek edip bolmaýar. Aýallar şeýle zada düşünýärler.

Şu ýerde gürrüň gutardy. El mundan soň Arunyň soraglaryna jogap bermedi. Wa, An we Arun diňe biri-biriniň ýüzlerine seredip, haýran galmanyň alamaty hökmünde gaşlaryny galdyrdylar. Dan gürrüňi eşitmedi, ol birazajyk öňde ýöredi we olardan birneme haýalrak ýöremeklerini haýyş etdi. Olar Danyň deňine baranlarynda, ol ýodadaky nähilidir bir yzy öwrenip otyrdy.

— Bu ýerden adamlar geçipdir. Onda-da, beýle bir köp wagt öň däl, üç gün dagy mundan ozal geçipdir — diýip, ol howsala bilen aýtdy. — Köwüşli aýaklaryň yzlary. Şonuň üçin wagt anyklamakda ýalňyşyp bilerin. Biziňkilerden kimdir biriniň köwüş geýme kararyna gelen bolmagy mümkin, ýöne muňa örän şübhelenýärin. Biziň gelýän tarapymyzda köwüş geýer ýaly, dag ýok.

An özüniň köwüşli aýaklaryna biygtyýar seretdi we gowakdaky taýpa baranlaryndan soň, gaýdyp köwüş geýmezlik baradaky karara berk geldi.

Bu gezek ýene gije agajyň üstünde ýatdylar. Olar ot ýakmadylar, itlere bolsa, Dan özlerini ýuwaş alyp barmagy buýruk berdi. Olar agajyň aşagynda ýatdylar we uzakly gije gymyldamadylar. Dostlaryň pikiriçe, itler gijesi bilen gözlerinem ýummadylar, olar adamlaryň duýgularyny örän gowy duýdular, olaryň howsalasy itlere-de geçdi.

Çyg ýagyp bolan badyna, Gün dogmazyndan eslije wagt öň, olar ýola düşdüler. Olar diňe aýratyn ýagdaýlarda şeýle edýärdiler, sebäbi ýol çyga örtülen otlaryň we şahalaryň üsti bilen ýöremek diňe bir ýakymsyz bolman, eýsem, olaryň taýpasynda howply hem hasap edilýärdi. Sowuk suwa düşüp, soň Günüň aşagynda ýylanmak bir başga, ölden ýaňa agyr hem ýakymsyz bolýan öl derini geýmek başga zat. Üstesine-de bu howpludy. Ýöne dostlar tokaýdan çykyp, öz taýpasyna gaýdyp barmaga sabyrsyzlyk bilen howlugýardylar.

— Bu adamlaryň nirä gidenini we olaryň bu ýerde nähili işiniň bardygyny yzarlamak wajyp diýip pikir edýärin. Ýöne, gynansak-da, muňa häzir biziň wagtymyz ýok. Häzirlikçe bolsa, biz olaryň giden ýodasyndan barýarys — diýip, Dan ýola düşjek bolup taýýarlanýarkalar aýtdy.

— Bir zady beýlekisi bilen baglanyşdyrmak bolar: olar, iň bolmanda, takmynan biziň taýpamyz tarapa barýarkalar, olaryň

yzlaryndan ýöremeli, soň galan zat belli bolar — diýip, Wa teklip etdi, hemmelerem onuň bilen ylalaşdylar.

Şonuň üçin häzir syýahatçylar ýörediler we töwerekdäki zatlaryň hemmesini ünsli synladylar. Ilki bolup itler nämedir bir zat syzdylar. Olar gulaklaryny dim-dik etdiler we ýuwaşja hyrladylar. Bu bolsa, olaryň dilinde: «keseki adamlaryň ysyny alýaryn» diýmegi aňladýardy.

— Şu ýerde duruň, biz basym gaýdyp geleris — diýip, Dan Aruna öz yzyna düşmegi yşarat edip, öz itiniň yzyndan ýöräp gaýyp boldy. Wa öz itini ýanynda alyp galdy.

Köp wagt geçmänkä, aňtaýjylar gaýdyp geldiler:

— Sönen ot bar. Üç ýa-da iki gün mundan ozal ol ýerde garalar gije düşläpdirler — diýende, Danyň sesinde howsala duýuldy. — Olaryň sany köp däl, bäş ýa-da alty adam.

— Alty. Garalaryň aňtaýjylarynyň toparynda mydama alty adam bolýar — diýip, An aýtdy. Ol Danyň haýran galyp seredýänini görende, onuň näme hakda pikir edýänini aňan An derrew sözüniň üstüni ýetirdi: — Biz sekiz adamdyk, sebäbi olar ýanlary bilen iki sany täze adamy alypdylar.

— Bu tarapda diňe sugun Awçylarynyň taýpasy ýaşaýar, ol ýerde başga taýpa ýok. Olar özleriniň ilki tutan, soň hem ýitiren gyzynyň nireden gelenini bilmäge gelendirler — diýip, Wa çaklady.

— Beýle bolsa, olaryň ýene şu ýoldan gaýdyp gelmekleri mümkin. Eger bu şeýle bolsa, onda olar hemme zady barlandyrlar we şu gün ýa-da düýn yzlaryna gaýdandyrlar — diýip, Dan pikirini aýtdy.

«Biziň gowy serdarymyz boljak» — diýip, Wa şatlyk bilen pikir etdi, ýöne diňe:

— Bize yz galdyrman garalaryň gapdalyndan aýlanyp geçmek we olaryň arka tarapyndan gowaga barmak gerek — diýdi.

— Şeýle hem ederis –diýip, Dan karara geldi. — Ilkinji mümkinçilik bolan ýagdaýynda biz «gaýyp bolarys». Olar bu ýodadan awçylar aw agtaryp geçipdir diýip pikir eder ýaly ederis. Soň hem, yzymyzy doly gizläris.

Indiki sagadyň dowamynda Dan ýodadan sowuldy-da, özleriniň yzlaryny gören adamda özüniň düzen meýilnamasyna gabat gelýän pikiri eder ýaly, şahalary döwüşdirdi we diňe özüne mälim bolan zatlary etdi. Ýoda çägeli ýere çykanda, Dan öz toparyny gapdala, uzak aralyga alyp gitdi. Agşam düşdi, dynç almagyň pikirini etmegiň wagty boldy. Olar tizara gije ýatar ýaly ýer tapdylar.

Gije birahat geçdi, hiç kim onuň asudalygyny bozmady, ýöne Danyň we onuň dostlarynyň ýüreklerinde howsala bardy. Şeýle-de bolsa, olar gujurly hem ruhlanma bilen turdular: eger hemme zat gowy bolsa, onda agşama olar öýlerinde bolýarlar.

Gün örän haýal geçdi. Taýpanyň aladasy, duşuşyga garaşma, başdan geçirilen howply ýagdaýlar — bu zatlaryň hemmesi syýahatçylaryň pikirlerindedi we ýüreklerindedi. Ine-de, eýýäm şeýle mähriban hem tanyş böwetleriň uzakdaky sesleri eşidildi. Ýene azajyk ýöreseler, olar deryýanyň kenaryna çykýarlar. Hemmeler biygtyýar ädimlerini tizleşdirdiler. Ýöne, şeýle-de bolsa, olar kenara çykanlarynda, duýgular olary gurşap aldy, şonuň üçin olar saklandylar.

— Men geçelge ýere, gowagyň ýokarsyna çenli öz itim bilen barjak-da, ol ýerde duşmanyň bardygyny ýa ýokdugyny barlajak. Soň siziň yzyňyzdan gaýdyp gelerin — diýdi-de, Dan gür tokaýyň içine siňip gitdi.

Garaşmak ýöremekden beter agyr boldy. Ýöne bu wagt hem geçdi. Agaçlaryň arasynda we olaryň kölegesiniň aşagynda gizlenip oturan agaçlarynyň ýanyndaky kiçiräjik açyk meýdanda şygyrdy peýda boldy-da, Dan iti bilen bile peýda boldy.

— Hiç kim ýok — diýip, Dan hemmeleri köşeşdirdi. — Biz akymdan ýokarlygyna galyp, beýleki kenara geçip bileris.

Ýene hemmeler endik edilen hatara düzüldiler-de, çalt ädimler bilen akymdan ýokarlygyna ýörediler. Böwetleriň sesleri gitdigiçe peseldi, ýaşlaryň topary olardan gitdigiçe arany açdylar-da, akymdan ýokarlygyna gitdiler. Olar özleriniň gowagynyň ýerleşýän ýeriniň garşysyndan geçdiler, ýöne Gün garşydaky kert kenaryň aňyrsyna geçdi, şonuň üçin kenarda hiç zat görünmedi, deryanyň şu ýeri-de, örän giňdi.

— Goşlarymyzy şu ýerde şu agajyň aşaky şahalarynda goýarys. Ertire çenli olara hiç zadam bolmaz. Ertir bolsa, taýpanyň ýaş ýigitleri olary bize höwes bilen getirip bererler — diýip, Dan öz gelen kararyny hemmelere aýtdy.

Onuň özlerine ýolbaşçylyk etmegine hemmeler bireýýäm öwrenişipdiler. Olar onuň buýrugyny höwes bilen ýerine ýetirdiler we onuň pikirine hormat goýdular. Syýahat döwründe Danyň özi-de, öz roluna eýýäm endik edipdi.

Olar haltalaryny boşatdylar-da, çişirdiler. Eginlerindäki örtüklerini aýyrdylar-da, diňe billerindäki daňyly galdylar, soň hem suwa girdiler. Diňe El köýnekli ýüzdi. Wa muňa üns berdi. Olar deryadan ýüzüp geçenlerinde, Eliň näme üçin munuň ýaly karara gelenine Wa düşündi. Ol köýnekde, edil öz ejesi ýaly, gaty owadan görünýärdi.

Olar eňňitden ýokary galyp başlanlarynda, itler uly goh turzup üýrdüler. Muňa seretmek üçin Hel ýola çykdy. «Eýýäm nobatçylygyna başlapdyr» diýen pikir Wanyň kellesine geldi. Ýola çykanlarynda, syýahatçylar bütin taýpanyň özlerine sabyrsyzlyk bilen garaşýanyny gördi.

Hiç kim olaryň öňüne ylgamady, hiç kim olary gujaklamaga gelmedi. Görüp otursalar, Or şeýle buýruk beripdir. Or öňe çykyp, ellerini ýokary galdyryp, Ebedini şöhratlandyranda, olar muňa düşündiler. Oglanlar we El munuň ýaly dabaraly garşy alynýandyklaryna utanyp durdular. Olar öllügine, muskully bolup duruşlaryna örän gelşikli bolup görünýärdiler. Olaryň hersiniň döşünde gowak aýysynyň dyrnaklary asylgydy. Birazajyk sakynmadan soň, gaty erbet sesler eşidildi, hemme ýerde gülki sesleri ýaňlandy we şatlyk gözýaşlary akdy.

— Eje, sen dogrudanam meniň nirededigimi bildiňmi? — diýip, El ejesiniň gujagyndan boşap sorady.

Wa bilen An olaryň ýanynda durdy.

— Hawa, çakladym.

— Nädip? — diýip, Wa sabyrsyzlyk bilen sorady.

Li oňa haýran galyjylyk bilen seretdi-de:

— Muňa düşünmek gerekdi. Ýüregiň dilinde.

— Bu meniň doganym An — diýip, Wa Liniň munuň ýaly syrly sözlerine näme jogap berjegini bilmän aýtdy.

— Ol meniň janymy halas etdi — diýip, El ejesinde gorkuly garaýşy döretdi. — Ýöne bu barada, edil beýleki zatlar hakda bolşy ýaly, uzak wagtlap we jikme-jik gürrüň bermeli bolýarys.

20-nji bap

# Taýpanyň uly maslahaty

Dowamly dymyşlyk aralaşdy. Hiç kim ýene näme hakda aýtmak boljakdygyny bilmedi. Hemme zat aýdyldy, hemme netijeler görkezildi. Taýpanyň maslahatynda entek beýle zat bolmandy. Günüň ikinji ýarymynda we uzakly gije dowam eden maslahatyň uzaga çeken pikir alyşmasyndan soň, hemmeleriň razy bolaýjak çözgüdi tapylmady.

Ilki Dan özüniň syýahaty, Eliň halas edilişi we Wanyň dogany Ana duş gelişleri, mamont awlaýyşlary hem-de Çarwalaryň myhmansöýerligi hakynda jikme-jik gürrüň berdi. Ol Horuň salamyny aýtmagy hem ýatdan çykarmady. Maslahata gatnaşan uzak ýaşaýjylar we awçylar özleriniň düşünmeýän zatlary hakynda sorag berdiler-de anykladylar. Aýratynam, Dan özleriniň gowagy tapyşlary hakda gürrüň berende, hemmeler uly üns bilen diňlediler.

— Gowak gaty gowy ýerde ýerleşýär. Onuň ikinji, gizlin, çykalgasy bar, biz ony tötänden tapdyk. Has takygy ony Wa tapdy. Gowagyň esasy girelgesi göni jülgä bakyp dur, jülgede bolsa, dürli haýwanlaryň sansyz-sajaksyz sürüleri otlaşyp ýörler. Jülgäniň ortasyndan bolsa, derýa akýar…

— Sen göni Bagy suratlandyrýarsyň, Dan — diýip, Hel gürrüňçiniň sözüni böldi.

— Dogrusyny aýtsam, bizde-de şonuň ýaly duýgy boldy — diýip, Dan ýylgyryp, sözüni dowam etdi. — Bütin gowak, aşaky köllüsini hasaba almasaň, üç gowakdan ybarat, olaryň ikisi uly, biri kiçiräk. Ýöne şonuň iň kiçisine biziň bütin taýpamyz ýerleşýär. Gowaklaryň gümmezleri beýik, howa ýeterlik, ýer köp ýyllap artygy bilen ýeterlik boljak. Ol ýer bize diýseň ýarady.

— Siziň şol ýere göçmegiňiz maksat edilip goýlupdy ahyry — diýip, Oruň aýaly Nua göni aýtdy.

— Men bu barada gürrüň edemok, hormatly Nua — diýip, Dan örän ýumşaklyk bilen garşy çykdy. — Men tutuş taýpa şol ýere göçsün diýip teklip edýärin.

Hemme tarapdan garşy ýa razy diýen sesler eşidildi, ýygnak goh etdi. Or elini galdyryp, ümsümligiň bolmagyny haýyş etdi:

— Dostlar, howlukmalyň. Biziň karara şu gün gelmelidigimizi hiç kimem aýdanok. Biziň hemmämizem pikirleneris, maslahatlaşarys, köşeşeris — ol şu sözde basyş etdi — galanam soň belli bolar. Ele kömek edeni üçin Ebedä şöhrat. Ýöne Ebedi rehimsiz däldir. Biz öz ýalňyşlyklarymyzyň netijesini hemişe çekmeýäris. Käwagt hem, netijeler düýbünden biziň garaşyşymyz

ýaly bolmaýar. Ýöne indi biziň maslahatlaşmak isleýän ikinji soragymyza geçýäris. Wanyň öz doganyny tapany bizi aýratyn begendirýär. An maňa özüniň biziň taýpamyzyň agzasy bolmak isleýändigini aýtdy. Nähili pikirler bar?

— Anyň edil Wanyň üstünden barmagy Ebediniň uly rehimdarlygydyr. Wanyň maňa aýtmagyna görä, An garalaryň içalylar topary bilen olardan gaçmak üçin gidipdir. Ol eýýäm köwşünem çykardy — diýip, Hel aýtdy we gyryk sesi bilen güldi.

Hiç kim oňa garşy çykmady. Dan ýerinden turdy-da, daşary, gowagyň girelgesine çykdy. Ol ýerde An El bilen gürleşip durdy, taýpanyň oglanlary bolsa, derýanyň aňyrsyndan alyp gelen zatlaryny ýerleşdirip ýördüler:

— Uzak ýaşaýjylar seni taýpanyň maslahatyna çagyrýarlar.

— Men häzir — diýip, An tolgunma bilen jogap berdi. — Meniň zatlarymy saklaý-da.

— An, sen maňa biziň taýpamyza goşulmak isleýändigiňi aýtdyň — diýip, Or şu wagt örän çynlakaý gürrüňiň gidip durandygyny, meseläniň çözülýändigini bildirip, salamlaşmagyň deregine göni aýtdy.

An maslahat edip oturanlaryň töwereginden azajyk gyrada durdy-da, gysgajyk:

— Hawa. Bu ýerde meniň jigim we Ebedini hem tebigaty sylaýan adamlar bar — diýip jogap berdi.

— Sen taýpanyň ähli düzgünlerini berjaý etmäge we maslahatyň çözgütleri seniň pikiriňe çürt-kesik garşy gelýän bolsa-da, olara tabyn bolmaga razymy?

— Taýpada meniňkä görä köp tejribeleri we bilimleri bolan adamlaryň bardygyna men şat, men olary entek öwrenmelidirin.

— Beýle bolsa, sen özüňi öýüňde ýaly duýup bilersiň. Eger kyn görmeseň, onda mundan beýläk Wa bilen gije ýatjak ýeriňizi saýla. Seniň üçin ýürekden begenýän we Ebedi hem tebigat bilen parahatçylykda bolmagyňy arzuw edýärin — diýende, Oruň sesi dabaraly hem baýramçylyk äheňinde eşidildi, onuň bu sözleri ýürekden aýdýany görnüp durdy.

An başyny uzak ýaşaýanlar tarapa egdi-de:

— Ynamyňyz üçin minnetdar. Men ony ödejek bolaryn — diýdi.

Bu sözlerden soň ol yza ädim ätdi-de, öwrüldi we ýene daşary çykdy. Ol ýerde bolsa, maslahata gatnaşmadyklaryň hemmesi üýşüp durdy. Ýaş awçylar aýynyň derisini ýazdylar, ol çykalganyň öňündäki meýdançanyň ýarymyny eýeledi! Aýallar agyzlaryny tutup durdylar, erkekler başlaryny haýran galma bilen ýaýkadylar, çagalar bolsa şeýle bir galmagal turuzdylar welin, gowakdan maslahat wagtynda arakesme etmekçi bolan uzak ýaşaýjylar çykdylar.

Çagalar bilen oglanlar çekinmän kä Ana, käte derä seretdiler-de, biri-birleri bilen öz pikirlerini paýlaşdylar.

— Munuň ýaly aw entek biziň taýpamyzda bolmandy. Seni gutlaýarys! — diýip, Hel aýtdy.

— Biz bäş adamdyk — diýip, An gaty ses bilen, ýöne asuda aýtdy. — Biziň gowak aýysy bilen bolan söweşimize Dan ýolbaşçylyk etdi, Eliň dogry eli bolsa, onuň gözüne ok atdy. Meniň jigim Wa bilen Arun bolsa, onuň derisini zaýalady — diýende,

Anyň gözlerinde degişme uçganaklady. Şol wagt Wanyň ýadyna olaryň uzakda galan çagalygy düşdi. Töwerekdäkileriň hemmesi ýylgyrdylar, çagalar bolsa güldüler. — Men bolsa diňe dogry ýere naýza sançdym. Görýärsiňizmi, ol nähili berk. Munuň ýaly naýzalar bilen biziň uzakdaky dostlarymyz tüýlek mamontlary awlaýarlar. Maňa muny olar sowgat berdiler. Görýärsiňizmi, biziň her birimizde bu äpediň bir-iki sany dyrnagy bar — diýip, An döşünde asylyp duran ullakan bezegi görkezip, sözüni dowam etdi.

— Hawa, ýöne onuň gyýak dişleri seniň naýzaňda… — diýip, öz batyrlygyndan gorkan we ejesiniň tüýli deriden tikilen köýneginiň aňyrsyna gizlenmäge howlugan haýsydyr bir oglanjygyň inçe sesi eşidildi.

— Berekella! — diýip, An ony öwdi. — Sen dogry bellediň: «Naýzada». Bu Ebediniň ýeňşi, diňe Oňa öwgi hem şöhrat bolsun.

Anyň oglanjyk bilen edepli gürleşmegi we soňky sözleri onuň arkasynda duran uzak ýaşaýjylarda we taýpanyň ýaşulularynda makullama döretdi.

— Bu deri indi hiç kimi çekindirmez ýaly, biz ony gowaga alyp gireris. Wa, haýyş edýärin, maňa kömek et — diýip, An haýyş etdi.

Olar Oruň ýatýan ýerinde ýatan düşekleriň birnäçesini aýyrdylar-da, şol ýere aýynyň derisini iki epläp düşediler.

— Or, bu saňa biziň hemmämizden sowgat. Bu deri bizi tike-tike etjek bolanda, biz şeýle karara geldik — diýip, Wa aýtdy.

Or bilen diňe Wa degşip bilýärdi, ol Or üçin ogly ýalydy.

— Minnetdar! — diýip, Or Wanyň sözüne goşulyp: — Meniň garry süňklerime ýumşak düşek ýazmaga çen boldy — diýdi.

Indiki iki günüň dowamynda syýahatçylar başdan geçiren zatlaryny birnäçe gezek gürrüň bermeli boldular. Dinozawrlar baradaky gürrüň çagalarda aýratyn haýran galma döretdi. Aýy bilen bolan söweş hakynda gürrüň bermegi olar gaýta-gaýta haýyş etdiler. Şol agşam El öz burçundan depini alyp geldi-de, merkezi oduň ýanynda oturdy. Çagalar şobada onuň daşyna ýygnandylar. Diňe çagalar däl, ýerleşip bilenleriň hemmesi ony diňlemäge taýýar bolup üýşdüler.

Ilki El depiň gyrasyna kakyp başlady-da, onuň tegelegine berkidilen süňkjagazlaryň we balykgulaklaryň ýuwaşjadan deň heňe gelmesini döretdi. Ol garaşylmadyk ýagdaýda pesejik sesi bilen aýdym aýdyp başlady:

*«Garaňky agajyň üstünde men ýeke garaşyp otyrdym,*
*Daş-töwerekde duşmanlar bar, olaryň ysy geldi,*
*Olaryň pyşyrdylary eşidildi, men düşündim.*
*Birden goh-galmagal turdy,*
*it üýrdi we çapylan itiň çyňsaýan sesi çykdy…»*

El özüniň aýdymynda ýesir düşüşini we halas edilişini gürrüň berdi. Bu bolsa, diňleýjileriň gözlerinde ýaş döretdi. Şol wagt şatlykly sesler eşidildi. Diňleýjiler duýgulary gahrymanlar bilen bile başdan geçirdiler. Olaryň gaýykda ýüzendiklerini eşidenlerinde, çagalar haýran galma bilen biri-biriniň bykynyna dürtdüler. Mamontlary kowalaýyşlary hakda gürrüň berende, Eliň depi ritmini üýtgedip, ol dabaraly ýüzlenme bilen: «Ýykyldy!» diýýänçä, ýuwaş-ýuwaşdan çaltlaşdy. Ondan soň,

derýanyň akyşy we gaýygyň suwuň ýüzünde ýüzüşi ýaly, kä ýuwaşjadan, käte haýaljakdan gürrüň akym bolup gitdi, dinozawrlar barada gürrüň gidende gaty sesli hem howsalaly gürrüň berdi. Şol wagt çagalar kellelerini ýokary galdyryp, Aýyň ýagtysyna şol elhenç zatlaryň kelleleri görnenokmyka diýip, Aýa seretdiler. El jülgäniň gözelligini we ajaýyp gowagy suratlandyranynda, onuň gürrüňi şatlykly ýaňlandy. Şu ýerde uzak ýaşaýanlar bir-birleriniň ýüzlerine köpmanyly seretdiler. El özi bilen An sagalyp barýarkalar, Danyň öz iti bilen Aýa seredip uwlanyny aýdym edip aýdanda, hemmeler gülüp, Li bilen gujaklaşyp oturan Danyň ýüzüne seretdiler, ol utandy. Onuň näme üçin, iň bolmanda Eliň aýdymynda, Aýa seredip uwlandygy hemmelere düşnüklidi.

Ýöne şu ýerde Or elini galdyrdy welin, El derrew sesini goýdy.

— Dan bilen Li, bärik geliň — diýip, Or özüniň gaty sesi bilen aýtdy.

Ady tutulanlar öňe çykyp, onuň öňünde peýda bolanlarynda, olaryň ikisem utandylar, Aý olaryň üstlerine şöhlesini saçyp durdy.

— Dan bilen Li özleriniň mundan beýläkki bilelikdäki durmuşyna ak pata bermegimi menden haýyş etdiler. Muňa päsgel berip biljek haýsydyr bir sebäbiň bardygyny siziň araňyzda bilýän barmy? Ýokmy? Beýle bolsa, goý, Ebediniň ak patasy siziň we siziň çagalaryňyzyň üstüňizde bolsun, goý, Ol sizi ýagty, arassa şatlyk hem parahatçylyk ýolundan ýöretsin, maşgalaňyzda çagalar bolsun. Goý, siziň ýürekleriňizde nur, ojagyňyzda iýmit bolsun. Mundan beýläk, Ebediniň ýaradan ilkinji adamlarynda bolşy ýaly,

ikiňiziň biriňiz ýa-da ikiňizem Baga gaýdyp barýançaňyz, ikiňiz bir ten bolýarsyňyz. Ol ýerde Ebedi erkek bilen aýaly, ikisiniň bir bitewi bolmagy üçin ýaratdy.

Or bu sözleri Dan bilen Liniň eglip duran başlaryna goýup aýtdy. Liniň ýüzünden şatlyk gözýaşlary syrykdy. Onuň çagalary bolan El bilen Arunyň ýüzlerinde şatlyk öwşün atdy.

# Biz Baga düşerismi?

Birnäçe gün geçdi. Taýpada diňe bir zat hakynda gürrüň edýärdiler: gitmelimi ýa-da gitmeli dälmi? Kä bir adam, käte ikinjisi Danyň ýa-da Wanyň ýanyna gelip, sorag berdiler. Olar jogap alanlarynda ýa şübhe bilen, ýa-da kanagatlanma bilen gitdiler.

Üçülenji gün agşam ýaşulular maslahata ýygnandylar.

— Ýene bir gezek Dany diňläliň — diýip, gürrüňi Or başlady. — Biziň geçen gezekki maslahatymyzda ol bize hemme zady gürrüň bermedi. Şeýle dälmi, Dan?

— Men adamlary biderek ýere bimaza etmek islemedim — diýip, Dan ýuwaş ses bilen aýtdy. — Şu wagtam onçakly ynamly däl. Meniň gürrüň berjek zadymy taýpamyzyň hemme adamlaryna aýtmak dogry bolarmyka? Gep garalaryň, hatda, derýada hem ýüzüp biljek gaýyklary ýasamagy öwrenendiklerinde, biziň derýamyzdan geçmek barada gürrüňem ýok. Bu barada bize An

gürrüň berdi. Biziň taýpamyzyň uly howp astyndadygyna men ynanýaryn. Mundan başga-da, biz öýe gaýdyp gelýärkäk, garalaryň içalylarynyň yzlaryna duş geldik. Eger kimdir biri muňa özi göz ýetirmek islese, beýleki kenarda olaryň yzlaryny tapyp biler. Gowagyň garşysynda, akymyň aşak hem ýokary taraplarynda-da, kän yz bar, juda yz kän. Garalar haýsydyr bir taýpa çozmazyndan öň içaly goýberenlerinde, olaryň toparynyň alty adamdan ybarat bolýandygyny bize An aýtdy.

— Ana ynanyp boljakdygyny biz nireden bileli? — diýen ses ýaşulularyň arasyndan eşidildi.

— Biz ony öz taýpamyza kabul etdik. Ol –biziňki — diýip, Or çürt-kesik aýtdy. — Bu ýerde şübhelenmek ýerlikli däl. Biz kimdir biri bilen bir taýpada ýaşap hem oňa ynanmazçylyk edip bilmeris. Biz garalar däl. Dowam ediber, Dan ýa-da sen hemme zady aýtdyňmy?

— Ýok hemme zady aýtmadym. Gaýygyň nämedigine ýaşulular düşüner ýaly, gaýyk ýasamaklaryny men Andan, Wadan we Arundan haýyş etdim. Ol taýýar, biziň hemmämiz derýanyň kenaryna baryp, ony görüp bileris. Şondan soň gürrüňi dowam etmek bolar.

Taýpanyň ýaşulularynyň hemmesi ýerlerinden galdylar-da, gowakdan çykdylar. Olar topary bilen derýanyň boýuna aşak düşdüler. Bu ýerde olara Wa, An we Arun garaşyp durdy. Suwuň ýüzünde iki sany gaýyk yraň atyp durdy. Olaryň biri oglanlaryň münüp, derýadan aşaklygyna inendäkisi ýaly, gamyşdan ýasalandy, beýlekisi gaýyň agajynyň gabygyndan ýasalandy. Gaýyň

agajynyň gaýyklary ullakan ýapraklara ýelimlenip, ýeňil, ýöne berk buk agajynyň şahalaryndan edilen gapyrgalara berkidilendi. Ýapraklar hem öz aralarynda, aýallaryň kartoşkadan, gaýnadylan süňklere süýji gamşyň şiresini garmak bilen alan ýelimleri bilen ýelimlenendi. Şonuň ýaly ýelim bilen, mysal üçin, peýkamlara ýelek ýelmenýärdi. Dogry, gaýyk ýasamak üçin olara aýallardan tapylan ätiýaçlygyň hemmesi gerek boldy.

Ýaşulular gaýyklara we olaryň dolandyrylyşyna haýran galdylar. Wa bilen An olaryň ikisini-de ýüzdürip görkezdiler.

— Şunuň ýaly gaýyklarda biz bu ýerde hiç hili yz galdyrman gidip bileris — diýip, Dan hemmeler ýene gowakdaky kiçiräk oduň başynda ýygnananlarynda aýtdy.

Oduň zerurlygy-da ýokdy, ýöne taýpa oňa seredip, pikirlerini aýtmaklyk ýaşululara endik bolupdy. Uzak ýaşaýanlar we beýleki ýaşulular biri-biriniň yzyndan öz pikirlerini aýtdylar: kim gitmäge razy, kim garşy? Birneme wagtdan soň, awa gitmegiň öň ýanynda, Ebedä tagzym etmek bilen birlikde haýwanlaryň hem ruhlaryna tagzym etmeklige höwes bilen gatnaşýan ýaşulularyň maşgalalarynyň galmak isleýändikleri aýan boldy.

— Beýle bolsa, biz şeýle ederis: ertir irden gitmegiň tarapdary bolanlar derýanyň boýuna düşýär, galma kararyna gelenler bolsa, gowagyň girelgesiniň öňünde ýygnanýar. Şeýdip, biz mundan beýläk nähili hereket etmelidigimizi göreris — diýip, Or dartgynly çekeleşmelerden soň aýtdy. — Ýöne men ýene bir karary bile kabul etmek isleýärin. Ebedi we tebigat bilen parahatçylykda ýaşamak isleýänlere gaýyk ulanarlykly zatmy?

Ýaşulularyň hemmesi biragyzdan täze pikiri girizdiler, sebäbi olar gaýygyň adamlaryň ýüreklerine hiç hili garaňkylygy getirip biljekdigini görmändiler.

— Beýle bolsa, mesele çözüldi. Dan, gitjek bolýanlaryň hemmesi üçin ýeterlik bolar ýaly gaýygyň ýasalmagynyň aladasyny et. Ertir irden biziň näçe adam boljakdygymyzy görersiň.

— Biz azykdan näme alýarys, nämäni-de goýup gidýäris? Bu meseläni-de çözsek gowy bolardy — diýip, Dan maslahat berdi.

— Biz muny ertir çözeris. Azyklary galjak we gitjek uly adamlaryň sanyna görä çözeris — diýip, Or jogap berdi. — Hemmäňiz razymy?

Bu pikir bilen hemmeler ylalaşdylar. Maslahatda pikir alyşmalar gidip durka, aýallar onuň çözgüdine sabyrsyzlyk bilen garaşdylar. Olar hem, bu soraglary ara alyp maslahatlaşdylar, maslahata gatnaşmadyk ýaş erkekler bolsa, günorta hem günbatar tarapda asmana galyp duran daglara awa gitdiler. Aw awlamaga onçakly zerurlyk bolmasa-da, olar awa güýmenip wagtlaryny geçirýärdiler we gitmeli bolnan ýagdaýda ätiýaçlygy artdyrmakçydylar. Gije taýpa gowaga ýygnananda, oduň ýanynda sesler ýaňlandy durdy, hemmeler ýaşulularyň kabul eden kararlaryny işjeňlik bilen ara alyp maslahatlaşýardylar. Merkezi oduň başynda An, Wa hem Or galdy.

— Biziň taýpalarymyzyň gyzlary garalara näme üçin gerek, An? — diýip, Or sorady.

— Garalar tebigat bilen parahatçylykda ýaşaýan taýpalaryň aýallaryndan örän sagdyn çaga dogulýar diýlip hasap edilýär.

Şonuň üçin garalaryň aralaryndaky meşhur adamlaryň hemmesi özlerine şonuň ýaly gyzlary alýarlar. Olary bazardan, edil öý haýwany, edil goýun alan ýaly, satyn alyp bolýar. Ýöne olar örän gymmat. Şonuň üçin käbir esgerler satmak üçin gyzlary tutmaklygy gurnadylar, beýleki has gurplurak garalar, olary alyp gelmek üçin özleriniň hyzmatkärlerini iberýärler. Olaryň başga adamlary näme edýändiklerini özüňiz bilýärsiňiz. Biziň taýpamyz şeýle güne düşdi.

— Dogrudanam, biziň aýallarymyzdan şeýle sagdyn çagalar dogulýarmy?

— Hawa. Olar diňe bir sagdyn hem güýçli bolman, eýsem, akylly hem döredijilikli hem bolýarlar. Iň zalym hem güýçli garalar — gara erkeklerden we biziň taýpalarymyzyň aýallaryndan bolan çagalardyr.

— An, sen nähili pikir edýärsiň? — diýip, Wa sorady. — Näme üçin garalar oglanlary-da ýesir edip alyp gidýärler?

— Olaryň güýçli, batyr hem... garalar bolmaklary üçin.

— Bu adamlary awlama haçan gutararka? — diýip, Or bu tema çuň aralaşmazlyk kararyna geldi.

— Hiç haçan diýip pikir edýärin. Diňe tebigat hem Ebedi bilen parahatçylykda ýaşaýan taýpalar galman ýagdaýynda. Ýa-da taýpalar ýaraglanyp, garalar ýaly, adam awlaýanlary öldürip başlaýançalar — diýip, An jogap berdi.

— Ýöne bu biziň häzirki bolşumyzy bes etmegimizi aňladardy — diýip, Wa gussaly aýtdy. — Men siziň Eli ýesir alan

tutuş toparyňyzy gyrmak islänimde, muňa düşündim. Men öz ýüregime gara bir zadyň aralaşyp başlanyna düşündim.

— Menem şony duýýaryn — diýip, Or aýdanda, An bilen Wada haýran galyjy garaýyş döredi. — Ýörüň meniň bilen, men size bir zat görkezmek isleýärin.

Or ýerinden turdy-da, gowagyň aňry başyna ugrady, ol ýerde girelge, has takygy, ätiýaçlyklar goýulýan ýere girilýän deşik bardy.

— Wa, ody tutup, ýagtylyk berip dur — diýip, Ol gowagyň ammarynda gaýyp bolup gitdi.

Oglanlar onuň yzyndan ammara girenlerinde, Oruň ýabany öküziň ullakan derisini serpip duranyny gördüler. Olar şonuň ýaly dolangy derileriň birnäçe sanydygyny gördüler. Olary özleriniň gören zatlary gaty haýran galdyrdy. Oruň üstüni açan derisiniň üstünde gundagly ýaýyň ýatandygyny gördüler. Bu ýaýlar uly däldi, örän berk kirişlidi hem gysgady, ýöne gaty güýçli ýaýlardy. Olaryň ýanynda şonça-da, ulusy ýatyrdy, ok gaby olaryň ýaýlaryndan dykylyp doldurylandy.

— Şonuň üçin bu ýere her kime girmäge rugsat edilmeýär — diýip, Or ýuwaşjadan aýtdy. — Bu gundagly ýaýlary uzak gijeli wagtlarda Hel ýasady. Ol muny öňki durmuşynda öwrenipdir.

Wa bilen Anyň ýürekleri jigledi.

— Menem oňa muny gadagan etmedim. Ol bulary ýasady oturdy, ýasady oturdy, men gadagan etmedim. Men näme etjegimi bilmedim. Häzirem näme etjegimi bilmeýärin. Ýöne olary bu ýerde galdyrmalydygymyzy ýüregim syzýar — diýip, Or berk aýtdy. — Olary yzyna dolamaga kömek ediň. Bu ýerde galjak ýaşulular

bular hakda bilýärler. Şonuň üçin olar garalardan gorkmaýarlar. Eger garalar hüjüm etseler, onda olar olary öldürmäge taýýar. Ýörüň, bu ýerden gideliň.

Olar ýaraglary gizlänlerinden soň, ammardan çykdylar-da, ýene ýanyp gutaryp barýan oduň başynda oturdylar.

— Men gitmäge garşy boldum, sebäbi taýpanyň bölünmegini islemedim. Men diňe birnäçe maşgalanyň aýry bolup çykmagyny, ýöne olaryň biz bilen gatnaşyklary saklamaklaryny, olar bilen biz käwagt awa gitmegi, baýramçylyklary bile geçirmegi isleýärdim... Islemedik zadym indi boldy — biz pikirlerimizde bölündik.

Oglanlar ýene oduň başynda aýynyň derisiniň üstünde oturanlarynda, An:

— Or, adamlaryň ýüreklerinde garaňky nireden peýda bolýar? — diýip sorady.

— Biz şonuň bilen dogulýarys. Ata-enäniň, taýpanyň, uzak ýaşaýanlaryň berýän terbiýeleriniň hemmesi ýürekdäki şol garaňkyny ýagtylyk bilen ýeňmeklige gönükdirilendir. Biz şonuň ýaly bolup dogulýarys, sebäbi ilkinji adamlar Ebedi bilen deň derejede bolmak we Onuň islegi boýunça däl-de, özleriniň islegi boýunça ýaşamak islediler.

Olar şunuň ýaly netijä gelenlerinde, olaryň ýüreklerine garaňky girdi. Mysal üçin, Eliň ejesiniň saçynyň hem gözleriniň reňkini miras alşy ýaly, biz garaňkyny şolardan miras alýarys.

— Adamlary Bagda galdyrmak mümkin bolmadymy? — diýip, Wa sorady, sebäbi bu sorag ony köpden bäri gynap gelýärdi.

— Ebedi bilen baglaşan wadasyny bozýançalar, adamlar Onuň bilen, edil biziň şu wagt gürleşişimiz ýaly, gürleşip bilýärdiler, ondan soň bolsa... Adamlar Ebediniň barlygyna asla döz gelip bilmändirler. Olar Ondan gizlenipdirler. Adamlar Bagda ölümi bilmändirler. Olar ebedi ýaşardylar. Munuň ýaly ýagdaýda kim ebedi ýaşamak islär? Şonuň üçin Hudaý rehimdarlyk edip, adam bilen Bagyň arasyna böwet — ot gylyçly perişdäni goýdy.

— Beýle bolsa, biz nädip ölümden soň Baga baryp biljekdigimizi aýdyp bilýäris? — diýip, An sorady.

— Biz muňa ynanýarys. Biz Ebediden rehim soraýarys, ýüregimizde ýagtylyk bolar ýaly, Onuň islegi boýunça ýaşamaga çalyşýarys — diýip, Or jogap berdi. — Nämäni ýitireniňi bilseň, näme gözleýäniňi bilýärsiň. Bize dynç almaga çen boldy, biz şeýle-de, öz gürrüňlerimiz bilen hemmelere päsgel berýäris.

Or gowagyň potologyna başyny galdyryp hem gözlerini ýumup:

— Ebedi, goý, biziň hemmämiziň üstümizde Seniň goragyň we ýüreklerimizde Seniň ýagtylygyň bolsun! — diýdi.

— Sen nähili pikir edýärsiň, Wa, biz ölenimizden soň, Baga bararysmy? — diýip, An özleriniň burçunda ýatanlarynda sorady.

— Bilemok. Men muňa ynanýaryn. Men Ebediniň rehimdardygyny bilýärin. Ol maňa seni... we Eli gaýtaryp berdi.

# Duşman ýürekde

Indiki günler göçüşe taýýarlanmalar bilen başagaý boldy. Taýpa ýene bir uly awa gitmäni gurnama kararyna geldi. Gidýänler galýanlara mümkin boldugyça köp iýmit ätiýaçlygyny galdyrmak islediler, ýöne azyksyz gitmek hem islemediler. Awçylaryň erkeklerden hem aýallardan ybarat bir topary gowagyň demirgazygyndaky tokaýa ýola düşdüler. Olar iki günläp awda boldular-da, gaty köp aw bilen gaýdyp geldiler. Olar bir sugun, iki sany uly keýik we birgiden towşan alyp geldiler. Aýallaryň bir topary miweleri ýygdylar-da, olary kak etdiler, sarymsak hem sogan ýygnadylar.

Dan öz ejesine, Li we başga-da birnäçe aýala deri haltalara gowuja gowrulan etleri salyp, olaryň üstüne eredilen ýagy guýmagy öwretdi. An, Wa hem Arun ýetginjek oglan gyzlary kömege çagyryp, gaýyk ýasadylar.

— Ýöne gamyşlary akymyň ýokary tarapyndan alyň we taýpanyň olary bir zat üçin taýýarlaýandygy bilinmez ýaly, olary köki bilen goparyň — diýip, Dan buýurdy.

Gamyşdan on gaýyk, gaýyň agajynyň gabygyndan dört gaýyk ýasama kararyna gelindi. Agaç gaýyklarda goşlary we azyklary alyp gitmek karar edildi. Hemmeler gol gowşuryp oturman işlediler. Agşama çenli olar adaty bolmadyk iş we içki dartgynlylyk sebäpli ýadadylar-da, ir ýatdylar.

Wa soňky günlerde gaýyk ýasamak bilen şeýle başagaý bolany sebäpli, Eli seýrek görýärdi. Käwagt onuň göwnüne bolmasa, hatda El ondan gaçýan ýalydy. Käwagt ol Eli Anyň ýanynda görýärdi, ýöne muňa üýtgeşik ähmiýet hem berip durmaýardy.

— Seniň diýýäniň näme? — diýip, El onuň göni soraglaryna haýran galyp jogap berýärdi. — Biziň hemmämiz taýýarlyk işleri bilen başagaý bolup, başga zada wagtymyz hem galmaýar.

Bir gün agşam Wa Anyň oduň başynda El bilen oturyp, nämedir bir zat hakda gürrüň edýänini gördi. An ondan bir zat sorady, El hem, diňe başyny atdy we ony köşeşdirip, egnine elini goýdy. Şu pursatda An oňa örän mähirli seretdi.

Bu waka Wany ukudan mahrum etdi. Ol ukynyň arasynda asudalyk bilen hyrryldaýan itiň ýanynda ýatyp, kellesinde pikir aýlaýardy we öz ýüregini paralaýardy. Ol indi göçüp gitjekdiklerine, täze gowagyň bardygyna, ajaýyp jülgä begenmeýändigine üns berdi. Ol ýüreginde garalygyň peýda bolandygyny duýdy.

Bir gün gije bu pikir onuň kellesine gelende, ol gaty erbet gorkdy. Şonuň üçin derrew, edil gijäniň ýarynda, özüniň kyýamatlyk atasynyň ýanyna gitdi.

— Or, Or, mende saňa wajyp sorag bar — diýip, ol öz halypasynyň egnini silkeledi.

— Sen näme bize ýatmaga päsgel berýärsiň? — diýip, Nua äriniň bykynyna tirsegi bilen dürtüp hüňürdedi, ýöne ýuwaşlyk bilen gürledi. — Oýan, Or!

— Näme boldy? — diýip, Or ýarym ýagtyda Wany tanap sorady.

Otdan diňe töwerege çalaja ýagty berip duran birnäçe köz galypdy. Wa çal saçy bulaşyp duran Oruň ýanynda deriniň üstünde oturdy-de, ýuwaşjadan:

— Men näme etjegimi bilemok. Meniň ýüregime garaňkylyk girdi. Ýagty asla ýok, hiç hili. Diňe garaňkylyk bar.

— Hany gürrüň ber, sen ony nädip duýduň we şonda näme pikir etdiň we näme etdiň?

Wa hemme zady Ora tertip boýunça gürrüň berdi. Ol hemme zady Ora ynanmaga we hemme zat hakda oňa gürrüň bermäge endik edipdi.

— Hemme zat düşnükli, Wa. Biz entek seniň bilen bu barada gürrüň ederis. Häzir iň esasy zat — muny hiç kime aýtma, bildirme, asuda hem sabyrly bol, hiç hili karara gelme. Munuň ýaly ýagdaýda dogry karara gelmek mümkin bolmaýar. Hemme zadyň ugruna boljakdygyna men ynanýaryn.

Gije Wa üçin tükeniksiz ýaly bolup uzaga çekdi. Gündiz olar ýene gaýyk ýasamak bilen meşgullandylar. An oňa öňküsi ýaly mylakatlydy, hatda birhili aýratyn şadyýandy.

Şol gije Wanyň ýüregi uly synaga duçar boldy. An oduň başynda Oruň, Wanyň we Eliň ýanynda oturdy. An ýiti pyçak bilen saply naýzanyň bir gyrasyny kesip, itiň kellesini ýasady, beýleki tarapynda bolsa, gabyk goýdy. Soň ol gabygy durşuna aýyrdy-da, şahada kiçiräk kesik edip, gabygy ýene şahanyň üstüne çekdi.

— Bu saňa — diýip, An ýasan zadyny Ele uzatdy.

— Bu näme?

— Bu itler üçin jürlewük.

— Eger şu ýerinden üfleseň, onda ol adamyň eşitmeýän, ýöne itiň eşidýän sesini berýär — diýip, An Eliň elinden jürlewügi alyp, ony nädip çalmalydygyny görkezdi.

Ol jürlewügi dodagyna degrip üflände, itler gulaklaryny üýşerdişip, ol tarapa seretdiler.

— Görýärsiňmi! Men aýtdym-a! Eger kesigi çuňrak etseň, onda sesi adam hem eşidýär, ýöne onda ol munuňky ýaly, uzakdan eşidilmeýär.

Wa An bilen Eliň elleriniň biri-birine degenine, ýöne çalaja degenine üns berdi, emma bu onuň ýüreginde agyry döretdi.

— Wa, sen meniň bilen birazajyk gezim etmezmiň? — diýip, El sorady-da, ony gynaýjy pikirlerden alyp çykdy.

— Elbetde! — diýip, Wa şeýle howlukmaçlyk bilen ýerinden böküp turdy welin, tas oduň ýanynda ýuwaşjadan ýylgyryp ýatan Oruň aýagyna basypdy.

Olar gowakdan birazajyk gyra çykyp, harsaň daşyň üstünde oturanlarynda, El Wanyň elinden tutup, onuň egnine gysyldy:

— Sen Enany bilýärsiň-ä?

— Urukyň gyzymy? Elbetde, bilýärin. Olar bu ýerde galýarlar.

— Mesele-de şonda-da. Ol bu ýerde galýar, seniň doganyň bolsa, asudalygyny ýitirdi.

— Enanyň bu ýerde näme dahyly bar, Anyň ýanynda mydama sen bar ahyry.

El onuň dodagyna çalaja elini goýdy-da, sözüni dowam etdirdi:

— An Enanyň biziň bilen täze gowaga gitmegini isleýär, ýöne nädip beýle edip boljagyny bilmeýär. Ol haýsydyr bir düzgünleri we däpleri bozmakdan gorkýar, Enanyň özi bilen gitmegi islemezliginden, onuň ene-atasynyň we uzak ýaşaýanlaryň razy bolmazlyklaryndan gorkýar. Garaz, oňa meniň kömegim gerek boldy. Men Ena bilen gürleşdim. An oňa ýaraýar. An ýere ýazylgy duran gowak aýysynyň derisiniň ýanynda durup, ony ýeke özüniň öldürmändigini düşündireninde, Ena ýüreginiň oňa tarap ymtylanyny duýupdyr. Ena onuň elinden tutmak, ol gujaklar ýaly, baryp, oňa gysylmak isläpdir. Umuman, gyz barada hemme zat gowy. Or Enanyň An üçin gowy jübütdigini, Anyň basymrak belli karara gelmelidigini, ýogsam, gyzlarymyzyň hemmesiniň dälirejekdiklerini aýtdy.

— Diýmek, siz…

El ýene onuň dodagyna ýuwaşlyk bilen elini goýdy-da:

— Ebedi aýal bilen erkegi bile bolup, bir bitewilikde bolmaklary üçin ýaratdy. Ol Wa bilen Eli bir bitewi bolmaklary üçin ýaratdy.

Ýöne şu wagt beýle meseleler bilen meşgullanmagyň wagty däl. Biz täze gowaga göçüp baranymyzdan soň, Ordan bize özüniň ak patasyny bermegini haýyş edip bileris — diýdi.

Wa onuň entegem öz agzynda saklap duran elini eline alyp ogşady-da:

— Öz ýüregimde garaňkylyga orun berenim üçin meni bagyşla — diýdi.

El başyny galdyryp, onuň gözlerine seredip, ýuwaşjadan:

— Bagyşlaýaryn. Sende hiç haçan bagyşlamaz ýaly sebäp bolmaz — diýdi-de, Wanyň uzyn buýra saçyny sypalady, soň böküp ýerinden turup: — Bize gitmäge çen boldy. Bize ikiçäk, ýekelikde beýle uzak wagt bolmak bolmaýar — diýdi.

Olar el tutuşyp, özlerine ýylgyryp seredip oturan Heliň ýanyndan geçip, gowaga girdiler. Bu ýerde hemme zat hemişekisi ýalydy — guradylan otlaryň, gowrulan etiň ysy, itler, köp sanly adamlar, çagalaryň gülküleri, tutularyň aňyrsyndaky we kiçiräjik otlaryň başyndaky pyşyrdy sesleri, gowagyň mähriban asuda dünýäsi bardy. Hemme zat, hemişekisi ýalydy, ýöne hemme zat başgaçady, hemme zat täzeçedi, muny Wa örän ýiti duýýardy. Ol Eliň elinden tutup durdy, El bolsa, özüniň gögümtil ýaşyl, oduň ýagtysy düşüp duran gözleri bilen seredýärdi. Şonda Wanyň ýüregi şeýle nurdan hem bagtdan doldy-da, gözlerine ýaş aýlandy.

# Bagt näme?

Hoşlaşma pursaty uzaga çekmedi. Aslynda, eýýäm soňky günleriň dowamynda, taýýarlyk görülýän wagtda, hemmeler biri-biri bilen hoşlaşypdylar.

Tutuş taýpa derýanyň kenaryna, Wa bilen dostlarynyň her gün irden ýüzýän ýerine, ýagny aýlaga ýygnandy. Kenaryň gyrasynda suwuň ýüzünde birnäçe gamyş gaýyk durdy, olaryň käbirlerine deriler we azyk ätiýaçlygy ýüklenen gaýyň agajynyň gabygyndan ýasalan gaýyklar berkidilendi. Awçy erkekler hem aýallar özleriniň ýaraglaryny ellerinde saklap durdular. Okly ýaýly ok gaplary eginlerinden asylgy durdy.

Or gaty ses bilen gürlände, hemmeler ümsüm boldular, doly asudalyk boldy. Hatda itlerem, adamlaryň aýaklarynyň aşaklarynda iki baka ylgap ýörmediler-de, kenarda oturdylar.

— Biz ýene duşuşarys, biziň iki taýpamyzyň oglanlary we gyzlary oduň başynda oturyp, toý aýdymlaryny aýdarlar diýip umyt edýärin. Dört günlük ýol bu beýle bir uzak aralyk däl. Bu ýerde galýanlaryň hemmesine Ebedi bilen parahatçylykda bolmaklygy gözlemegi we tebigat bilen paraharçylykda ýaşamagy arzuw edýärin.

Ýene bir zat aýtmak isleýärin, Ena biziň bilen gitme kararyna geldi. Onuň ene-atasy muňa razy boldular. Biz täze gowakda ýerleşenimizden soň, Ena bilen Ana bile ýaşamaklaryna ak pata bereris.

Bu sözler aýdylanda, Ena ejesine gysyldy, ejesi hem, onuň kellesinden sypalady-da, gulagyna bir zat pyşyrdady. Or sözüni tamamlanyndan soň, ellerini galdyryp, galýanlara we ýola düşýänlere ak pata berdi. Hemmeler gaýyklara mündüler, soň hem, gaýyklar biri-biriniň yzyndan kenardan daşlaşyp başladylar.

Ilki bolup, Danyň, Liniň, Eliň we Arunyň münen gaýygy ýöredi. Gaýykda olardan başga-da, üç sany it bardy. Ikinji gaýykda Or, Nua, Hel we ýene iki sany uzak ýaşan är-aýal bardy. Iň soňky bolup, Anyň, Wanyň we Enanyň münen gaýygy ýöredi. Bu gaýykda olardan başga-da, batyrlygy hem çalasynlygy bilen aýratyn tapawutlanýan üç sany ýaş awçy bardy. Syýahat wagtynda iň jogapkärçilikli hem howply ýeriniň hataryň başy hem ahyry bolýandygyny taýpanyň tejribesi aýdýardy.

Böwede çenli derýanyň sag, kert kenaryndan ýüzmeklik hakda gürleşildi. Gowşajyk gaýyklaryň hatary uzak aralyga ýüzüp gitdi.

Itleriň käbirleri, gaýygyň kürekçisiniň her bir edýän hereketine baglylykda yraň atýan gaýygyň içinde durandyklary sebäpli biynjalyk bolýardylar.

Böwetleriň sesleri gitdigiçe güýçlendi. Tizara ilkinji gaýyklar sag kenara baryp ýetdiler. Ol ýerden kert ýerdäki harsaň daşlaryň we ullakan çagyllaryň üstünden ýöräp, böwetlerden aşaklygyna düşüp bolýardy. Awçylar dagyň günortasynda asmana galyp duran gaýalarda keýik awlamaga gidenlerinde, bu ýerden ýygy-ýygydan geçýärdiler.

Goşlary ýene düşürdiler-de, eginlerine atdylar. Hatda çagalaram ýüksüz galmadylar. Erkekler bilen aýallar gaýyklary eginlerine alyp, ilki bolup ýörediler. Böwetleriň deňinden ýöremeklik köp wagty aldy, sebäbi käbir zatlary goýup gidip, esli ýerden yzyňa gaýdyp, olary alyp gitmeli boldy.

Böwetler yzda galyp, gaýyklar ýene suwa goýberilende we ýükler olara ýüklenilende, Gün eýýäm batyp başlapdy. Dan, Wa we An bu ýoly ýene bir gezek geçip, nirededir bir ýerde yz galdyran bolaýmaly diýip barladylar. Olar bu ýerde uly mähelläniň geçendigi görünýän ýerlerdäki daşlarda ýalaňaç aýaklaryň galdyran çägelerini ýuwup ýa-da harsaň daşlaryň aralaryndaky çägeleriň üstlerindäki aýak yzlaryny şahalar bilen süpürip çykdylar.

— Indi hiç kim biziň yzymyzy görmez — diýip, Dan suwuň sesinden gatyrak gürläp, Ory ynandyrdy. — Ýöne biz gijäni gaýyklarda geçirmeli bolarys. Ýöne bu başda görnüşi ýaly oňaýsyz hem däl. Garaňky düşmezinden öň biz gaýyklarda, deryanyň äpet

dagyň daşyndan aýlanyp, saga öwrülýän ýerine bararys diýip pikir edýärin. Ol ýerde kenarda söwüt kän. Olaryň aşagynda biz çygdan gizlenip bileris, gaýyklary bolsa, gije agaçlara daňyp goýarys.

Ýene gaýyklaryň hatary ýerinden süýşdi-de, derýadan aşaklygyna ýöredi. Kürekleýjileriň düýbünden tejribesizdikleri sebäpli, gaýyklar diýseň birahat ýüzdüler, ýöne olar wagtyň geçmegi bilen olar deňleşdiler-de, garşydaş tarapdan asla görünmeýän beýik sag kenaryň kölegesine düşdüler. Dan gaýyklary kenaryň kölegesinden ýörär ýaly edip, bilgeşleýin ugrukdyrdy.

Ahyrsoňy, derýanyň saga öwrülýän ýerine baryp ýetdiler. Awçylaryň taýpasy bu ýerden aňry hiç haçan geçip görmändiler. Bu ýerde aw köpdi, ýöne olary awlaýanlaram köpdi, şol awçylar bilen iş salyşmak welin islemeýärdiler.

— Uzyndişliler bilen gowak ýolbarslary bu ýerden suw içmäge geler diýip pikir etmeýärin, bu ýer olar üçin juda oňaýsyz. Ýöne men ilki bilen tutuş kenary aýlanyp geljek, nähilidir bir yz barmyka? — diýip, Dan aýtdy.

Birazrajyk wagtdan soň ol gaýdyp geldi-de, iri ýyrtyjylaryň hiç hili aýak yzlaryny görmändigini aýtdy.

— Ot ýakmaýarys, gaýyklary söwütleriň şahalarynyň aşaklaryna daňarys — diýip, Dan kenaryň ýokarsynda ýokary galyp duran ýerden we asmanyň ýarymyny örtüp duran äpet agaçlaryň deňinden geçende we her bir gaýygyň ýanyna baranda buýurdy. — Çyg ýagyp gutaran badyna, ir ertir bilen ýöräris.

Buýruklar berleninden soň hemmeler köşeşdiler-de, biri-birleriniň yzyndan ukladylar. Diňe üç adam — hataryň başynda biri, ortasynda we soňunda biri — uklaman oturdylar.

Dan bilen Oruň gaýyklarynyň pesejik bortlary biri-birine degip, suwuň ýüzünde çalaja yrandy we gamşyň baldaklaryna degip jygyldady.

— Or, sen ýataňokmy? — diýip, El ýuwaşja sorady.

— Ýok, balam, ýatamok.

— Saňa sorag bersem bolýarmy?

— Ber. Eger başarsam, jogap bererin. Soňky döwürlerde siz örän kyn soraglary berip başladyňyz…

— Öz wagtymyň gelenini we taýpada meniň ýasymy tutup aglanlarynda, özümiň Baga düşjekdigimi nädip bilip bilerin? Sen Bag hakda şeýle gowy gürrüň berýärsiň we aýdym aýdýarsyň welin, ölenimden soň ol ýere düşjekdigime ynamly bolmak isledim.

— Meniň pikirimçe — diýip, Or şeýle uzak dymyp oturanyndan soň jogap berdi, El bu wagtda ol uka gidendir diýip pikir etdi — bu soragyň takyk jogabyny hiç kimem bilmeýär. Baga mynasyp bolmagyň mümkin däldigini biz bilýäris. Geçmişi üýtgedip bolmaýar. Ýaradan, Ebedi hem Beýik bizi Bagdan kowdy. Men özümden bilýärin, bize etmelisem şoldy.

— Ýeri, näme etmeli?

— Beýigiň ýeri, tebigaty goramagy tabşyranyna, haýwanlaryň hemmesini we guşlaryň hemmesini biziň elimize berenine ynanýaryn. Biz olar üçin jogapkärçilik çekýäris. Eger Beýigiň

özümizden garaşýan zadyny etsek, onda ýüregimizde ýagtylyk bolýar. Ol bizi şeýle ýaratdy. Biz oňa «ynsap» diýýäris. Ýüregimizde ýagtylyk bolar ýaly edip ýaşasak we şonuň ýaly gitsek, onda Baga düşjekdigimize men ynanýaryn. Bu Beýige tabynlyk hem ynanma meselesidir. Ýöne muny bilmek… Men bilemok. Men ynanýaryn. Men seniň bilen şunuň ýaly gürleşenimde, ýüregimdäki ýagtylyk güýçlenýär, şonuň üçin men munuň şeýledigine ynanýaryn. Ebedi bizi garaňkylyk üçin däl-de, Özi üçin ýaratdy.

— Sen bize ýylanyň ilkinji aýaly azdyranyny, onuň hem, öz ärini azdyranyny gürrüň beripdiň. Biz şonuň üçin ýylany gowy görmeýärismi?

— Belki, şonuň üçindir. Belki-de, olaryň zäherlidikleri üçindir. Ol bir gezek çaksa, adamyň ölýän wagty-da bolýar, olar howpludyrlar. Edil günäler ýaly. Göräýmäge haýsydyr bir kiçijik iş, emma onuň netijesi welin — ýürekdäki garaňkylyk we ölümden gorkmaklyk — örän gorkunç zatdyr.

— Or, sen ölümden gorkmaýarsyňmy? — diýip, El indi has-da batyrlanyp sorady.

— Ukla, ukla, balam — diýýän Nuanyň sesi eşidildi — Or ölümden gorkmaýar. Ol Ebediden gorkýar.

— Sendenem, aýal — diýip, Or degişdi.

— Siz biri-biriňiz bilen bagtlymy? — diýip, El Nuanyň sesi gelen tarapa öwrülip sorady.

— Biz eýýäm şeýle köp wagtdan bäri bile, şonuň üçin durmuşy biri-birimizsiz göz öňüne-de getirip bilmeýäris — diýip, Nua berk jogap berdi. — Wa ikiňizem bagtly bolarsyňyz, men bilýärin.

Siziň ikiňizem dogry soraglary berýärsiňiz we dogry ýaşamakçy bolýarsyňyz.

— Biziň Bagdan alyp çykan ýeke-täk zadymyz — bu bagt, maşgala bagtydyr. Bagt är bilen aýalyň hemişelik bir bitewilik bolup galandygyndadyr. Biz, El, örän bagtly. Men Nua bilen ylalaşýaryn, sizem bagtly bolarsyňyz — diýip, Or sözüniň üstüni ýetirdi.

# Jülgä baryp ýetmek

Gün dogan wagtynda gaýyklardaky taýpa eýýäm sag kenaryň gyrasy bilen akymdan aşaklygyna düşüp gelýärdi.

— Seret, bu ýerde şeýle balyk köp! — diýip, Arun edil özleriniň ýanlarynda ýüzüşip ýören balyklary görkezip, haýran galma bilen joşup aýtdy. — Anha, hol ýerdäki, kenaryň gyrasyndaky — gyzyl balyk. Özlerem şeýle ullakan!

— Hawa, böwetlerden ýokarda balyk onçakly köp däl — diýip, Or ylalaşdy. — Bu ýerde diňe balyk tutup hem ýaşap bolýar, sugun bilen keýik awlamagyň geregem ýok.

— Adadaky derýada-da balyk, aýratynam, forel kän — diýip, Arun jogap berdi. — Siz jülgäni öz gözüňiz bilen göreniňizde, biziň näme üçin bütin taýpamyz bilen ol ýere göçüp gitmek isländigimize düşünersiňiz.

Böwetlerden soň derýa gaty uly, ýarym öwrüm diýen ýaly, aýlaw etdi, indi gaýyklar şonuň ugruna hem gidip barýardy. Sag tarapda özünden aňyrky zatlaryň hemmesini gizläp duran kert kenar asmana galyp durdy, çep tarapda bolsa, derýanyň beýleki kenarynda, giň suw guşaklygynyň aňyrsynda, tokaý zolagy görünýärdi.

— Eger naýza inçe ýüpi daňsaň, onda gyzyl balygy gaýygyň içindenem tutup bolýar — diýip, Arun asla köşeşmedi.

— Ýa-da peýkama. Ýöne onda balyklar bular ýaly, ullakan düşmeýär.

— Ýöne naýzanyň ujy, balygy saklar ýaly, büdür-südür bolmaly. Onuň ýaly uçlary berk süňkden ýasamak bolar. Mysal üçin, mamontyň süňkünden, ýogsam, biderek ýere balygy ýaralarsyň — diýip, Or jogap berdi.

— Ownuk balyk üçin islendik süňkden uçlary ýasap bolar diýip pikir edýärin — diýip, gürrüňe El goşuldy. — Men şu gün şonuň ýaly uç ýasamaga synanyşaryn. Men, ine şu, süňkjagazy alaryn.

El egnine dakýan haltasyndan ortasy deşikli uzyn süňki çykardy. Ol üstündäki örtügini geýende onuň bilen berkidipdi.

— Biziň wagtymyz bar, synanyşyp bilersiň — diýip, Or jogap berdi.

Dan gözlerini derýanyň kenaryndan aýyrman, ýoldaşlarynyň gürrüňlerini gyzyklanma bilen diňledi. Ahyrsoňy derýa çepe tarap akgynly öwrüm edip başlady. Sag tarapky daglar yzda galdylarda, giň düzlüklere ornuny berdi, çep tarapda bolsa, entegem tokaý zolagy gidip durdy. Agşama golaý taýpa derýa saga tarap öwrüm edip başlady, çep tarapda bolsa, tokaý zolagynyň aňyrsynda,

beýik gaýaly, kä ýerlerinde uzyn sosnalar ösüp oturan dag görnüp başlady.

— Eliň itiniň üýrýän sesini eşidenimizde, biz hol ýerde, şol depäniň üstünde gije ýatypdyk — diýip, Dan aýtdy. — Diýmek, biz derýanyň ikä bölünýän ýerinden uzak däl. Derýanyň çepe gidýän golunyň deňinden geçip gitmez ýaly, bize çep kenara golaýrak gitmek gerek. Şol ýerde biziň adamyz başlanýar.

Dan öz gaýygyny keseligine, çep kenar tarapa ugrukdyrdy. Birazrajyk wagtdan soň sag kenar olardan daşlaşdy-da, çep tarapda bolsa, uzyn agaçly we gür gamyşly beýik kenar peýda boldy. Gaýyklar kenaryň gyrasy bilen haýaljakdan öňe süýşdi. Dan çepe gidýän akymyň ýa-da derýanyň golunyň başyny gözden sypdyrmakdan gorkýardy. Ol biderek ýere gaýgy etmeýärdi. Olar çep kenaryň gyrasy bilen eýýäm ýarym günden bäri barýardylar, akym bolsa, entegem görnenokdy. Çep tarapda beýik kert gaýalardan soň peýda bolan gamyşlyklar ýokary galyp durdy.

Derýa ýene bir akgynly öwrüm edip, öz suwuny güýçli akym bilen göni günorta gönükdirende Dan:

— Biz derýanyň bölünýän ýerinden geçipdiris diýip pikir edýärin. Bize yza gaýtmak gerek — diýdi.

Gaýyklaryň hemmesine yza gaýtmagy buýruk berip, Dan ýene hataryň başyndaky ýerini eýeledi. Akymdan ýokarlygyna olar kürekli ýüzdüler, şonuň üçin beýle bir basym süýşmediler.

— Siz şu ýerde garaşarsyňyz, biz bolsa, aýlanyp göreli — diýip aýtdy-da, Dan kenaryň gür gamyşlyk bilen örtülen ýerine

we togalak harsaň daşlaryň suwdan çykyp duran ýerine baryp ýetenlerinde aýtdy.

Dan daş harsaňlarynyň aralaryndan geçip, öz gaýygyny göni gamyşlygyň diwary tarapa gönükdirip, köpräk ýaş gamyşlar bar bolan ýerden orun saýlady. Ol eýýäm yzyna gaýtmakçy bolan wagtynda, gamyşlyk yza çekildi-de, haýaljak akýan suwly giň derýa golunyň görnüşini açdy. Derýanyň golunyň çep tarapynda tokaý bardy, sagda bolsa, uçut gaýaly diýen ýaly, gaýasy bolan kenar ýokary galyp durdy.

— Bu biziň adamyz — diýip, Dan sag tarapky gaýalary görkezip, tolgunmaly sesi bilen aýtdy. — Biz derýanyň adanyň demirgazygyndan aýlanyp geçýän goluny tapdyk.

Danyň gaýygy, ahyrsoňy, gür gamyşlykdan çykanda, garaňky düşdi diýen ýalydy. Gaýyklarda garaşyp oturanlaryň hemmesi ýeňillik bilen dem aldylar.

— Biz derýanyň goluna öz gaýygymyzyň geçen ýerinden geçeris. Geçileni bilinmän galar ýaly, biri-biriňiziň yzyňyzdan ýüzmäge çalşyň. Şu ösgün otlaryň gutaran ýerinden biz saga sowularys, şol ýerde hem, derýanyň goly başlanýar. Derýanyň goluna çykanymyzdan soň, sag kenardan gideris. Bu biziň adamyz. Şol ýerde biz gijämizi geçireris. Ertir biz derýanyň goly bilen gideris-de, onuň başga derýa guýýan ýerine baryp, şol ýerde kenara çykarys. Şol ýerde adanyň ýokarsyna çykar ýaly, oňaýly eňňit bar — diýip, Dan soňky görkezmesini berdi-de, öz gaýygyny yza, uzyn otlugyň içine öwürdi.

Wa bilen Any alyp gelýän soňky gaýyk gözden ýitenden soň, ýaşajyk gamyşlyk ýokary galdy, şonuň üçin hem, bu ýerde ýaňyja bütin bir taýpanyň gizlenendigini görkezýän hiç zadam galmady.

— Biz garawul goýarys, ýöne ot ýakmarys. Bu biziň gaýykda geçiren soňky gijämiz bolar diýip umyt edýärin — diýip, Dan gaýyklaryň hemmesi derýanyň golunyň sag tarapynda üýşende aýtdy.

Gaýyklary kenardaky agaçlara daňyp, hemmeler dynç almak üçin ýerleşdiler. Hawa, wagt eýýäm gaty giç bolupdy, gaty garaňky düşüpdi. Gün eýýäm günbatarda gizlenipdi, Aý bolsa, entek dogmandy.

Itler gaty ses bilen üýrüp başlanlarynda, hemmeler eýýäm ýatan bolsalar gerek. Derýanyň gowy tarapdan, akymyň ugrundan azajyk aşagrakda, nähilidir bir ses eşidildi. Köpürjikleýän suwuň sesi, pyşşyldy we nätanyş haýwanyň gaty ses bilen hyrlamasy bütin taýpany galagopluga saldy. Soň hemme zat ümsüm boldy, ýöne itler şondan soň hem uzak wagtlap köşeşip bilmediler-de, derýanyň goly tarapa kellelerini öwrüp hyrlaşyp durdular. Eger bu gije kimdir biri uklan bolsa, onda juda biynjalyk bolup uklandyr: nätanyş derýa, nätanyş sesler, nähilidir bir düşnüksiz täze yslar köşeşmäge maý bermedi.

Gün dogandan we gorkular gaýyp bolup gideninden soň, ertir bilen hemmeler ätiýaçlyk azyklardan ertirlik edindiler we ugramaga taýýarlandylar. Barlag geçirilende bolsa, ýükli gaýyklaryň biriniň ýelimi açylyp gark bolandygy bilindi. Bu işi hem gutaranlaryndan soň, hemmeler ýola düşdüler. Akymyň

azajyk aşak ýanynda, kenarda daşlaryň arasynda gyzyl balygyň äpet kellesi bilen guýrugynyň bölekleri görnüp durdy. Gyzyl balygyň ýarymyny iýip giden aždarhanyň nähilidigini göz öňüne getirmeklik hemmelerde titreme döretdi.

Tizara hemmeler onuň nämedigini gördüler. Derýanyň golunyň ortasyndan gaty ýokary tizlikde suwuň ýüzünden nähilidir bir çendenaşa äpet haýwanyň ýa-da balygyň arkasyndaky diş ýaly zatlar geçip gitdi. Soň ol ýok bolup gitdi, soň suw hem ýuwaşady, ondan diňe arkasynyň gutaran ýerinden başlanýan kuwwatly guýrugynyň suwy urup giden ýerindäki köpürjik galdy. Gaýyklar mümkin boldugyça biri-birine golaý bolup ýüzüp başladylar-da, akymdan aşaklygyna ýoly dowam etdirdiler. Akym güýçli däldi. Kenaryň ýanyndaky suwuň içinde ak hem gyzyl bolup duran suw liliýalary göründi. Olaryň töwerek bolup duran ullakan ýapraklarynyň üstlerinde gurbagalar otyrdy, olar gaýyklar golaýlaşanlarynda, jülpüldeşip suwa bökdüler. Howa guşlaryň saýraşýan seslerinden, suwuň üstünde mör-nöjekleri kowalap ýören uly teneçirleriň ganatlarynyň seslerinden, suwuň içinde ýüzüşip ýören sansyz-sajaksyz balyklaryň şylpyldaşýan seslerinden doludy. Derýanyň golundaky suw arassady hem çuňdy.

Gaýyklar ýoluň ýarymyny geçende, Gün eýýäm özüniň ortasyna golaýlaşypdy. Asuda ýuwaşja sesler rahatlyk getirdi. Adamlar pyşyrdy bilen gürleşýärdiler, sebäbi gijeki howsala zerarly uklap bilmedik adamlar indi suwuň ýüzünde derýanyň sag kenaryny gyralap barýan gaýyklarda arkaýyn irkilipdiler.

Birden içinde Wa, An, Ena we başga-da üç sany awçy bolan gaýygyň çep borty ýokary galdy-da, gaýyk düňderildi. Bu şeýle bir çalt hem duýdansyz boldy welin, hiç kim sesini çykarmaga-da ýetişmedi. Ýöne beýleki gaýkdakylar bolan zady gördülerde, galmagal turuzdylar. Akym gaýygy alyp gitmegini dowam etdirdi, suwa ýykylan awçylar bolsa, ellerini birnäçe gezek güýçli aýlanlarynda, kenara ýüzüp çykdylar. Diňe bir ýaş awçynyň we Wanyň ellerinde naýzalary galypdy, gaýyk agan wagty olar naýzalaryny ellerinde saklap durdular. Beýlekilerde diňe içi peýkamly ok gaplary bilen arkalaryndaky ýaýlary bardy.

Birden gaýygyň ýanyndaky suw köpürjikledi-de, äpet guýruk onuň üstünden indi. Gaýyk çym-pytrak boldy. Suwuň içinde gaty äpet dişli agzy we kiçijik gözleri bolan gorkunç kelle göründi. Onuň yzyndan gapdallarynda ýüzgüçleri we arkasynyň ortasyndaky örküç göründi. Aždarha suwy çaýkandyrdy-da, yzyna öwrülip, suwuň çuň ýerinde ýitip gitdi.

Oglanlar endik boýunça ýokary galdyran naýzalaryny aşak goýberdiler, indi munuň ýaly äpet duşmanyň ýanynda bujagaz naýzalar olara gülkünç bolup görünýärdi. Gaýyklaryň hemmesi akymdan azajyk aşak duran kenara, düşmek oňaýly bolan ýere geldiler. Wa bilen onuň topary kenaryň gyrasy bilen gaýyklaryň saklanan ýerine tarap ýörediler. Şol ýerde akym gaýygyň galan böleklerini alyp geldi.

— An, Wa, ine siziň haltalaryňyz, — diýip, Dan aýtdy, — olar çümmändir. Bu ýerde gaýygyň burnuna daňlan ýene bir halta bilen örtükler bar. Biziň ýarym günden köp bolmadyk ýolumyz

galdy, şonuň üçin gaýyk ýasamarys. Şonuň üçin, eger siz galan gaýyklara bir adamdan münseňiz, has gowy bolar. Wa, sen indi soňky bolup ýüzjek gaýyga münüp bilersiň.

Bu ynam sebäpli Wanyň ýüregine ýylylyk aralaşdy. Ol Dana minnetdarlyk bilen seretdi-de, öz ýerini eýeledi. Ol öz haltasyny ýanyna aldy. Hemmeler münenlerinden soň, gaýyklar ýerlerinden gozgandylar we Danyň görkezmesi boýunça, kenara juda golaý ýörediler, sebäbi ol ýerde aždarha olary gürpbasdy edip bilmeýärdi. Dan kenara çykmagy buýruk berende, olaryň yzyndaky Gün gözýetime ýetmändi.

— Bu ýerde biz, adadan gaýdan wagtymyzda, derýanyň goluna gelip giripdik — diýip, ol düşündirdi — Biz gaýyklaryň hemmesini öz ýanymyz bilen alarys-da, derýanyň jülgede suwuny guýýan ýerindäki kölüň ýanynda goýarys. Ol bu ýerden uzakda däl.

Taýpanyň iň güýçli aýallary hem erkekleri gaýyklary kert kenara göterip çykardylar-da, ýene kenara aşak düşüp, goşlaryny alyp gitdiler. Agaçlaryň arasy bilen gaýykly ýöremek onçakly oňaýly däldi, şonuň üçin haýal ýörediler. Şeýle-de bolsa, tizara tokaýyň we gaýalaryň arasynda ýaýylyp ýatan köle baryp ýetdiler. Olaryň öňündäki köl şeýle ajaýypdy welin, onuň kenaryna ýygnananlaryň hemmesi ümsüm bolup galdylar.

Kölüň asuda, dury suwunyň ýüzünde sosnalar bilen gaýalar görünýärdi, käwagt olaryň arasyndaky çägiň nireden geçýändigini anyklamak kyn bolýardy. Kölüň asuda suwunyň üstünde beýikdäki bulutlary bolan asman görünýärdi. Guşlaryň

saýraşýan sesleri garşy alyjy konsert ýaly bolup ýaňlandy. Bu gözellikden gözüňi aýyrmak kyndy, ýöne gaýyklary ullakan sosnalaryň kölegesinde goýup, bütin taýpa, suwuny köle guýýan kiçijik derýanyň kenary bilen akymdan ýokarlygyna ýöräp ugrady. Soň olar azajyk çepe öwrüldiler, sebäbi derýa şu ýerde öwrüm edýärdi we onuň kenary bilen gitmeklik ýoly uzaltmagy aňladýardy.

Tiz wagtdan tokaý seýrekleşip başlady, agaçlar beýik we has ýaýraň bolup ugrady. Birden olaryň öňlerinde jülge peýda boldy. Käbir ýerlerde agaçlaryň toparlary ýaýraşyp durdy, olaryň kölegelerinde haýwanlaryň sürüleri ýatyrdy, otlar terjedi, ýaşyldy we uzyndy. Uzaklarda tutuş günorta tarapky jülgäniň daşyna aýlanyp duran dag göründi. Birneme gündogarrakda we günbatarrakda, hatda, bu wagt Gün ýaşypdy.

— Şu dagda, derýanyň başlanýan ýerinde, gowak bar — diýip, Dan ümsümligi bozmaga het etdi.

Or oňa tarap ýüzüni öwreninde, Dan onuň gözlerinde ýaşyň bardygyny gördi.

— Sen dogry aýdýan ekeniň. Bu jülge biziň arzuwymyz bolan Baga meňzeýär, biz ony Ebediniň sowgady hökmünde kabul edip bileris.

# Täze watan

Olar demirgazyk tarapky tokaýyň gyrasynda, çygdan goranmak üçin ullakan ýaprakly agajyň aşagynda oduň başynda gije ýatmak üçin düşlediler. Sag tarapda nirededir bir ýerde derýa akýardy, arka tarapda tokaý şahalaryny ygşyldadýardy, olaryň öňlerinde bolsa, gijeki sesleri hem ysy bilen giň jülge ýaýylyp ýatyrdy.

— Ertir biz barmaly ýerimize baryp ýeteris — diýip, Or uzak ýaşaýanyň golaýynda ýerleşen Wa bilen Ana aýtdy. — Ol ýerde hemmeler, aýratynam, ikiňiz üçin, täze durmuş başlanýar. Täze gowakda siz öz aýallaryňyz bilen ýer alarsyňyz.

— Men muňa örän begenýärin — diýip, An jogap berdi. — Şol pursat gelip ýetende, men, ahyrsoňy, özümi öýde ýaly duýaryn.

— Bilemok, An — diýip, Or oýlanşykly jogap berdi. — Men eýýäm örän köp ýyllardan bäri ýaşap gelýärin, näçedigini

sanap hem bilemok. Nua ikimiz örän bagtly. Ýöne şol ýyllaryň dowamynda men hiç haçanam özümi dolulygyna öýde ýaly duýmadym. Ýüregimiň jümmüşinde men birhili boşluk, ýitirilen ýurdumy küýsemäni duýýaryn.

— Ýüreginde ýagtylyk bolan her bir adamda Bagy şeýle küýseme bardyr diýip pikir edýärin. Şeýle bolmadyk bolsa, olar ol hakda gürrüň etmezdiler, ol ýere düşmegi arzuw etmezdiler, ol barada aýdym aýtmazdylar we ölümden soň ol ýere düşmäge ymtylmazdylar — diýip, Nua jogap berdi.

Gijeki sesler jürküldilere we guşlaryň seslerine ornuny berdi, uzaklarda ýolbarsyň arryldysy eşidildi.

— Birwagtlar haýwanlar adamlar bilen parahatçylykda ýaşapdyrlar — diýip, Or söze başlady, soň ol dymdy-da, birden aýdym aýdyp başlady. Ol ýuwaşdan aýdym aýtdy.

Ýöne oduň başyndakylaryň hemmesi ümsüm boldular-da, aýdyma diň saldylar. El Oruň ýanyna baryp, oňa depini berdi. Or ony alyp, öz sözlerine goşup, silkeläp başlady, soň barmaklarynyň ujy bilen depiň ýüzüne çekilen derä kakyp başlady.

Ony haýran galma bilen diňläp oturan adamlaryň gözleriniň öňüne Bagyň keşbi geldi. Bagyň agaçlary olaryň içki görüşleriniň öňünde durşuna güle bürelip dur, açylan bägülleriň ysy gelip dur, edil hakyky ýaly bolup, gyz bilen oglan Bagyň içinde ýöräp barýarlar we ýol ugruna özleriniň ýanlaryna gelen haýwanlary sypalaýarlar. Olar haýwanlara bir zatlar diýýärler, haýwanlar hem, olara käbirleri böküp, käbiri üýrme, käsi-de molama bilen şadyýan jogap berýär. Adamlar hem olara düşünip, oňa jogap hökmünde

gülýärler. Birden Bagyň ortasynda Ebedi peýda bolýar. Ol gyz bilen oglana goşulýar, soň olar ajaýyp agaçlaryň kölegesi bilen öz aralarynda şadyýan gürleşip, Bagdaky ýoda bilen ýöräp gidýärler.

Soň keşp üýtgeýär. Uly günä etme barada gürrüň berende, birden Oruň sesi sandyrady we haşşyldady, birdenem ol dymdy. Dep ýene titräp, Oruň sesi eşdilýänçä, düşelgäniň üstünde eziji ümsümlik höküm sürdi. Tükeniksiz köp wagt geçene döndi. Soň Or özleriniň ýoldadyklaryny, täze ýurda barýan ýoldadyklary, ýöne hemmeleriň barýan hakykat ýolunyň ýitirilen Baga barýan ýoldugyny ýuwaşjadan ynamly, arkaýyn aýtdy. Or ol ýere diňe arassa, ýagty ynsaply bolup baryp bolýandygy barada aýdym aýtdy.

El, An we başga-da köp adamlar Oruň sözlerinde özleriniň soraglaryna jogap berlendigini we onuň bilen eden söhbetleriniň ýaňynyň ýaňlanýandygyny aňdylar.

Ertir bilen hemmeler ir turdular. Hemmeler aýak üstüne galanlarynda, entek çyg hem ýagyp gutaranokdy. Hemmeler ýola düşmäge sabyrsyzlyk bilen garaşýardylar, olar özleriniň täze gowagyny, ahyrsoňy, görmek isleýärdiler.

Umumy keýpe goşulyp, Dan ýöremäge buýruk berdi. Taýpa uzyn hatara düzüldi.

Öňde Dan bilen Li, Or bilen Nua ýöräp gitdi, iň soňky bolup hem, Wa bilen An ýöredi, ýöne olar diňe şu gezek, özleriniň iň ejiz bölegi goramaly bolan hormatly wezipesini başga birine höwes bilen berjekdiler. Edil olaryň pikirini eşiden ýaly, Dandan olara öňe geçmek baradaky buýruk geldi, hataryň ahyrynda bolsa, Wa hem An bilen gaýykda bile gelen üç ýaş oglan galdy.

— Siz öz tapan gowagyňyzy taýpa görkezmek islärsiňiz diýip pikir etdim — diýip, Dan aýtdy we olaryň utananlaryny ýüzünden aňyp, ol güldi, soň hem, sözüni dowam etdirip: — Siziň islegiňizi bilmek üçin uzak ýaşaýjy bolmak gerek däl.

Soň Dan gaty ses bilen güldi. Täze gowagy taýpanyň nähili kabul etjegine we onuň dagyň açyk eňňidiniň üstünde ýerleşişine uzak ýaşaýanlaryň nähili garajakdyklaryna onuň dartgynlylyk bilen garaşýandygy görnüp durdy. Bu wagt olar uzyn otlaryň deňinden geçip barýardylar. Şol wagt Or gyra sowuldy-da, otlaryň birnäçesiniň başyny ýoldy-da, olary beýlekileriň ýanyna alyp geldi.

— Bu mais. Ol häzir ýaşajyk, ony şeýle-de iýip bolýar, ol örän tagamly hem iýmitlendiriji, ol gowuja bişende bolsa, onuň unundan tagamlyja çörek bişirip ýa-da ony üwäp we suwa ezip, şeýle-de içip bolýar — diýip, Or ösümlik başyny çeýnäp durşuna aýtdy. — Onuň biziň soňky ýyllarda ýaşan ýerimizde bitmeýänine men mydama gynanýardym.

Şondan soň syýahatçylar daga has golaý bardylar — taýpa kölüň golaýyndaky derýanyň kenaryna çykdy, bu derýa gözbaşyny şol kölden alýardy. Şarlawugyň sesi aýratyn ýakymly fon berýärdi.

— Şu şarlawugyň aňyrsynda, ikinji girelge gowagyňky — diýip, Wa Ora aýtdy. — Eger sen meniň teklibimi pähimli hasap edýän bolsaň, onda men ol hakda taýpadakylaryň hijisine aýtmazdym. Goý, ol syr bolup galsyn. Belki, onuň özi haçan hem bolsa bir wagt bize gowy gulluk eder.

— Razy. Beýle bolsa, bizi girelgä alyp bar.

— Girelge, anha, şol uly gaýalaryň aňyrsynda — diýip, indi Wa hemmeler eşider ýaly, gaty ses bilen aýtdy. — Or, ilkinji bolup girmegiňi haýyş edýärin.

— Goşlary häzirlikçe şu ýerde goýuberiň — diýip, Dan görkezme berdi.

Hemmeler Oruň yzyna düşüp, dagyň eňňidinden ýokary, gaýalaryň arasynda kiçiräk meýdança bar ýere galdylar. Ol ýere hemmeler zordan ýerleşdiler. Or ilki bolup gowaga girdi, onuň yzyndan uzak ýaşaýanlar, soň hem, hemmeler girdi.

— Men hiç haçan munuň ýaly oňaýly gowagy görmändim. Öz ýaşan uzak asyrymyň dowamynda munuň ýaly ajaýyp ýerde ýaşap görmändim! — diýip, Hel aýtdy.

Hemmeler gowaga aýlanyp seredip ýörkäler, uzak ýaşaýanlar bilen Dan gowagyň öňüne ýygnandylar. Olaryň öňünde Günüň ýumşak ýagtysy düşüp duran jülge ýaýylyp ýatyrdy, uzakda tokaý görünýärdi, derýa inçejik lenta ýaly bolup, agaçlaryň we gyrymsy agaçlaryň arasynda ýalpyldaýardy, haýwanlaryň uly sürüleri terje otuň üstünde ýatyrdy we otdan ertirki paýyny iýýärdi.

— Men gowagyň sag tarapynda uzak ýaşaýanlaryň, çep tarapda bolsa, ýaş maşgalalaryň ýerleşmeklerini teklip edýärin. Uly gowakda, goý, entek maşgalasy bolmadyk ýaş awçylar ýaşasynlar — diýip, Or birazrak pikir alşanlaryndan soň aýtdy.

— Bu ýerde ýel öwüsýär, meniň pikirimçe, hemişe bolşy ýaly, demirgazykdan öwüsýär, şonuň üçin hol deşigi zibil atylýan ýer ederis.

Ol dar hem çuň — diýip, Dan dowam etdi. — Ol ýerde zibil hiç kime päsgel bermez. Ol gowakdan daşda däl, şol bir wagtyň özünde-de, beýle bir açyk däl.

Agşam düşdi. Hemmeler özleriniň gowakdaky ýerlerine ýerleşdiler we bir-birleri bilen tolgunma bilen gürleşýärdiler. Soň hemmeler uly gowaga oduň başyna ýygnandylar. Şol wagt eýýäm Gün batypdy.

— Bu gün şanly gün — diýip, Or dabaraly gürläp başlady. — Biz täze ajaýyp watan edindik. Men biziň bu ýerdäki durmuşymyzy özümize şu ajaýyp gowagy we gudratly jülgäni sowgat beren Ebedä tagzym etmekden başlamak isleýärin.

Or ellerini ýokary galdyryp, dabara bilen minnetdarlyk, öwgi we tagzym etme sözüne başlady. Hemmeler başlaryny egip, ylalaşýan äheňde başlaryny atdylar.

— Mende ýene bir iş bar — diýip, Or aýtdy. — Wa bilen El, An bilen Ena, şu ýere, oduň ýanyna geçiň. Ine, şu ýerde duruň.

Ady tutulanlar özlerine aýdylyşy ýaly edenlerinde, Or sözüni dowam etdi:

— Erkegi hem aýaly ýaradan we entek Bagdakalar olara bir bitewi bolmagy buýruk beren Ebedi, Sen mübäreksiň. Sen Wa bilen Eliň, An bilen Enanyň Seniň şol islegiňi ýerine ýetirmeklerini we är-aýal bolmaklaryny öňünden bellediň. Şonuň üçin olara Özüň ak pata ber, goý, olaryň odunyň başynda aýdym aýdylsyn we çaga gülküleri ýaňlansyn, odunyň üstünde mydama iýmit bolsun, goý, Seniň islegiňi ýerine ýetirmeklik olar üçin şatlyk bolsun. Olaryň ýüreklerini ýagtylygyna sakla, pikirleri arassa bolsun.

Soň Or ýaşlara seredip:

— Şu pursatdan başlap, siz ýaş maşgalasyňyz. Siz gowakda öz islän ýeriňizden ýer saýlap alyp bilersiňiz. Ýa eýýäm saýladyňyzmy? — diýdi.

Olaryň dördüsem birneme utanyp, başlaryny atdylar. Hemmeler ýerli-ýerlerine darganlarynda, baş oduň başynda diňe Or galanda, Wa onuň ýanyna baryp:

— Or, El ikimiz birazajyk birwagtky gowak aýysyny öldüren gowagymyzda ýaşamak isleýäris. Eger çyg düşüp başlamazdan öň biz ol ýere gitsek, sen garşy bolmazmyň? — diýdi.

— Garaňkyda ol ýere barýan ýoly taparsyňyzmy?

— Tapýarys. Seret, eýýäm Aý dogdy. Biz täsirlerden şeýle doly bolanymyz üçin, ýekelikde bolmak isleýäris.

— Eger Dan garşy bolmasa, onda menem garşy däl.

Siz näçe wagtlyk gitjek bolýarsyňyz?

— Entek bilemzok. Göresimiz gelip başlan badyna…

— Beýle bolsa, köp aý geçer — diýip, uzak ýaşaýan Wanyň sözüni böldi-de, ýaşlyk gülküsi bilen güldi.

# Epilog

Wa bilen Eliň gaýalaryň arasyndaky kiçijik gowaga baranlaryna ep-esli wagt geçdi. Gündizine olar tokaýa aýlandylar, aw awladylar ýa-da miwe ýygdylar, gijelerine bolsa, oduň başynda oturyp aýdym aýtdylar. Bu wagtyň dowamynda El oňa Oruň aýdymlaryny aýtmagy öwretdi.

— Or biziň ýanymyzdan Baga gidende, kimdir biri biziň çagalarymyza ilkibaşdan näme bolandygyny gürrüň bermeli bolar — diýip, El oňa gysylyp, gözlerini uçganakladyp aýtdy: — Muny bolsa, erkek kişi, hemmeleriň sylaýan adamy etmeli.

Bir gün agşam olar ýaňy oduň başyna geçenlerinde, şahalaryň arasynda nämedir bir zat şygyrdady, ýöne Wa bilen El howsala düşmediler, sebäbi it oduň ýanynda arkaýyn ýatmagyny dowam etdirdi. Soň tiz wagtdan olar An bilen Enany gördüler.

— Ýeke bolmak siziň ýüregiňize düşmedimi? Siz eýýäm bir aý bäri bu ýerde — diýip, An salamlaşmagyň ýerine aýtdy.

— Şeýle köp wagtmy? — diýip, Wa bilen El deňine aýtdylar-da, Aýa seretdiler.

— Hiç kim siziň howpsuzlygyňyzy beýle bir alada edenok, ýöne siz bu ýerde hemişelik galmakçy dalsiňiz-ä? — diýip, Ena sorady.

— Elbetde, ýok — diýip, El jogap berdi. — Biz tizara barýarys. Biziň ýanymyzda birnäçe gün boluň. Biz ertir derýanyň kenaryna gideris. Biz eýýäm köpden bäri ol ýere baramzok.

— Biz ertir öýe gidýäris, siz bolsa, iki günden soň bararsyňyz — diýip, An anyk aýtdy.

— Sen meniň uly doganym. Sen näme diýseň şony hem ederis — diýip, Wa ýylgyryp aýtdy-da, bykynyna dostlukly ýumruk urgusyny aldy.

— Edil çagalykdaky ýaly, — diýip, An mähirli sesi bilen aýtdy.

— Wiý, tas ýatdan çykaran ekenim — diýip, Ena aýtdy. — Ýene bir täzelik bar. Taýpanyň maslahatynda Or söweşjeň ýaragyny öňki ýaşan ýerimizde goýup gaýdandygyny gürrüň berdi. Munuň dogrudygy bilen hemmeler ylalaşdylar. Ol ýaragyň bolmagynyň öz ýüregine agram salandygyny aýtdy. Maslahat ýene bir karar çykardy. Indi biz Awçylar taýpasy däl-de, Oruň çagalary taýpasy.

— Näme üçin? — diýip, El sorady.

— Sebäbi taýpanyň adamlarynyň ýarysy Or bilen Nuanyň nesilleri. Ýöne bu esasy zat däl. Iň esasy zat, hemmeler mydama ýagtylyk ýolundan ýöreme, mydama tebigat hem Ebedi bilen parahatçylykda ýaşama kararyna geldiler.

— Maňa şunuň ýaly at ýaraýar — diýip, An aýtdy.

— Maňa-da — diýip, Wa doganyna goşuldy.

Ertir bilen çeşmä suwa düşenlerinden we agşamky awy ertirlik edinenlerinden soň, An bilen Ena yzlaryna gaýtdylar, El bilen Wa bolsa, tokaýa gitdiler.

— Seret, nähili süňkler! — diýip, El özüniň ýaralanan we gowak aýysynyň öldürilen ýeriniň ýanyndan geçenlerinde aýtdy.

— Adamyň aýyny ýeňip bilýänini göz öňüne getirmek kyn zat — diýip, Wa aýtdy. Birden ol başyny galdyryp, diň salyp durdy: — Ýuwaş! Sen eşidýärsiňmi?

— Hawa, indi eşidýärin. Bu nämäniň sesi? — diýip, El sorady.

— Ýör çaltrak — diýip, Wa jogap berdi-de, derýa tarapa ylgady.

Ses gitdigiçe gataldy. Edil uly depe ritm bilen kakylýan ýaly: bum, bum, bum. Olar kenara çykyp, uly agaçlaryň kölegesinde gizlenip duranlarynda, derýanyň ortasyndan iki sany ullakan gaýygyň ýüzüp barýanyny gördüler. Depiň sesi şolardan gelýärdi. Her gaýygyň iki tarapynda hem, birgiden kürekçi bardy, gaýygyň ortasynda ullakan üçburç ýelken bardy, ony ýel çişirip alyp barýardy. Bortlarda uçlary Günüň şöhlesine ýalpyldap duran birgiden naýzalar görnüp durdy.

— Bu garalaryň söweşjeň gämileri. Dep bilen olar kürekçilere ritm berýärler — diýip, Wa aýtdy.

— Biz öňki gowagymyzdan wagtynda gaýdypdyrys — diýip, El aýtdy we ümsüm boldy. Olaryň ikisem ol ýerde galan dostlary hakynda pikir etdiler.

— Hatda gije-günsiz ylgasaňam, garalardan öňürti baryp bilmeýärsiň — diýende, El Wanyň pikirini okaýan ýaly boldy. — Gel, garalar barada diňe Ora gürrüň bereli.

— Bolýar — diýip, Wa onuň bilen ylalaşdy.

Ses derýanyň günbatara tarap akgynly öwrüm edýän ýerine ýetýänçä, kem-kemden ýuwaşap gitdi-de, soň doly ümsüm boldy.

— Ýör öýe gideli — diýip, Wa aýalyny gujaklady. — Ebedi biziň janymyzy aman saklama kararyna gelipdir! Men hiç haçan hem, gara bolmaryn! — diýip, ol yzyna öwrülip, dag tarapa ylgady.

Aýaly ony ozup geçdi-de, öňde ylgady. Onuň ýeňsesinde boglup goýlan atyň guýrugyna meňzeş gyzyl saçy çalt ädimleri bilen takta goşulyp owsun atdy. Ol adamsyna seredip, gögümtil ýaşyl gözlerini güldürdi:

— Meniň yzymdan ýetmäge synanyş!

Wa bagtlydy.

# Mazmuny

Sözbaşy: Igor Sawiç . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 3
1-nji bap: Wajyp çözgüt . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 9
2-nji bap: Wanyň taryhy . . . . . . . . . . . . . . . . . . 18
3-nji bap: Ýola . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 26
4-nji bap: Meýilnamalaryň duýdansyz üýtgemegi. . . . . . . 32
5-nji bap: Dost . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 41
6-njy bap: Azat ediş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 46
7-nji bap: Gaçyş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 54
8-nji bap: Mamont awçylary . . . . . . . . . . . . . . . . . 59
9-njy bap: Çarwalarda myhmançylykda . . . . . . . . . . . . 65
10-njy bap: Mamont awlamak . . . . . . . . . . . . . . . . . 72
11-nji bap: Gaýyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 79

12-nji bap: Kowgy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 87
13-nji bap: Gamyş deňzi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 95
14-nji bap: Syýahatyň maksady . . . . . . . . . . . . . . . . 103
15-nji bap: Gowagy özleşdiriş . . . . . . . . . . . . . . . . 111
16-njy bap: Ölüm howply tutluşyk . . . . . . . . . . . . . . 121
17-nji bap: Ada . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 132
18-nji bap: Gaýdyp geliş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 140
19-njy bap: Ýene duşmanlar . . . . . . . . . . . . . . . . . 148
20-nji bap: Taýpanyň uly maslahaty . . . . . . . . . . . . . 157
21-nji bap: Biz Baga düşerismi? . . . . . . . . . . . . . . . 165
22-nji bap: Duşman ýürekde . . . . . . . . . . . . . . . . . . 173
23-nji bap: Bagt näme? . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 179
24-nji bap: Jülgä baryp ýetmek . . . . . . . . . . . . . . . 186
25-nji bap: Täze watan . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 195
Epilog . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 202

# Nuruň çagalarynyň taýpasy

Waldemar Zornyň “Nuruň çagalarynyň taýpasy” atly kitaby çagalar we ýetginjekler üçin çeper edebiýatda ajaýyp hadysadyr. Hudaýyň ýaradan kämil adamy baradaky awtoryň esasy pikiri çeper keşplerde aýdyň we täsirli beýan edilýär. Sýužetiň ýitiligi we gahrymanlaryň, ýagny Nuruň çagalarynyň ahlak taýdan arassalygy ýaş okyjylary özüne çekýär we olary dünýäniň ýaradylyşy baradaky Mukaddes Kitap hakykatlaryna aň ýetirmeklerine alyp barýar.

Beýan edilen wakalar suw basmasyndan öňki döwürde bolup geçýär. Sugun Awçylary taýpasynyň ýaşulular geňeşi Dany we onuň dostlaryny ýörite tabşyryk bilen howply, ýöne örän möhüm syýahata iberýär. Ýaş ýigitler bu jogapkärli tabşyrygy ýerine ýetirmegi başararlarmyka?

TM